**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

**Dosent B.A.Marjykow**

# Türkmenistanyň döwletiniň we hukugynyň taryhy okuw gollanama

**Ylmy redaktor: dosent A.Hezretow**

Aşgabat 2010ý.

**Türkmenistanyň döwletiniň we hukugynyň taryhynyň predmeti we usuly.**

Türkmen döwlet uniwersitetiniň hukuk fakultetinde köp ýyllar bäri özbaşdak “Türkmenistanyň döwletiniň we hukugynyň taryhy” diýen özbaşdak kurs okalýar. Emma häzirki döwre çenli şu kurs boýunça özbaşdak okuw esbaby ýok. Diňe aýry –aýry sowet döwrüne degişli oçerkler bolmasa türkmeniň gadymy geçmişinden materiallar ýok. Has hem türkmen jemgyýeti, döwlet gurluşy hukuk ulgamlary barada iki ýeke bolmasa monumental işler ýok. Dosent Haýytlyýew. A “türkmeniň adat hukugy” 1975-nji ýyl, B. Durdyýewiň “Türkmenistanda sowet sudynyň döremegi we ösmegi” baradaky materiallar bolmasa, başga çeşmeler barada kemçilik edýär.

Türkmenistan döwletiniň we hukugynyň taryhynyň öwreniş usuly filasofiýa ylmynyň dialektiki metody usuly bolup durýar.

Hödürlenýän okuw esbabynda esasy şu aşakdaky meseleler öz beýanyny tapmalydyrlar:

1. Türkmenistanyň teritoryýasynda bolup geçen gadymy döwletleriň döwlet we hukuk ugurlary öz beýanyny tapmalydyrlar.( gadymy Hun döwletleri, Parfiýa, Gaznaly, Seljuk, Köneürgenç, osmanly, Garagoýunly, Akgoýunly ýaly döwletler) gadymy türkmen döwletleriň döwlet we hukuk gurluşyklary, aýratynlyklary öz beýanyny tapmalydyrlar.

2. Magtymguly eýýamynda türkmenleriň syýasy we jemgyýetçilik gurluşy, Gökdepe söweşi döwürlerinde türkmenleriň döwlet syýasaty, türkmenleriň Rusýa birikdirilenden soňky jemgyýetçilik syýasy gurluşy.

3. Orta Aziýa respublikasynyň milli döwlet bölünişigi we Türkmenistan SSR-iniň döremegi.

4. Türkmenistanyň özbaşdak we Garaşsyz döwletiň döremegi we bitaraplyk ösüş ýoly baradaky meseleleriň beýanyny tapmalydyrlar.

Türkmenistanyň döwleti we hukugy barada özbaşdak ýazylan eserler ýok. Diňe aýry – aýry ýazylan umumy işlerde bellenip geçilýär. Mysal üçin professor Durdyýewiň ylmy işleri, “türkmenistanda sowet sudunyň döemegi we ösmegi (1960ý), “Türkmenistan SSR-inde jenaýat

kanunçylygy”(1969ý), “Türkmenistan SSR-inde maşgala hukugy” (1977ý), dosent Haýtlyýew A. “Türkmenistanyň syýasy jemgyýetçilik gurluşy we türkmenleriň adat hukugy” (XIX, XX asyr) (1963ý), “Türkmenleriň jenaýat adat hukugy (1969ý) we başgalar.

Gadymy döwürler barada.

Türkmenistan döwleti we hukuk gurluşy barada edebiýatlar asla ýok. Şonuň üçin hem gadymy döwürler barada gysgaça durulyp geçiler. Şeýle bolsada hödürlenilýän okuw esbaby belli derejede, türkmenleriň döwleti we hukugy baradaky maglumatlaryň üstini ýetirer diýip pikir edýäris.

Ders okalanda esasn şu meselelere üns berilmelidir.:

1: talyplaryň döwlet we hukuk düşünjelerini has düýpli öwrenmeklerini gazanmak.

2. türkmenleriň ata-babalarynyň döwletr gurmak baradaky pikirlerini, garaýyşlaryny, synanşyklaryny giňişleýin öwretmek.

3. döwlket we hukuk meselelesinde taryhy wakalaar salgylanmak bilen talyplary bu ugura giňişleýin taýýarlamak.

4. döwlet we hukuk baradaky nazerýetleri taryhda bolup geçen wakalar bilen baglanyşdyrmagy öwretmek.

5 talybyň döwlet, hukuk meselelerine taryhy wakalaryň üsti bilen giňişleýin göz ýetirmegi, özbaşdak pikirlenmegi , pikirini beýan etmegi.

6. türkmneistanyň döwletiniň we hukugynyň taryhyny öwrenilen mahalynda Mukades Ruhnama kitabyndan hem ugur alynmalydyr. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Mukaddes Ruhnama kitabynda türkmen döwletiniň hem-de millletiniň kemala geliş eýýamyny beýleki döwletleriň ýüze çykyşy bilen deňeşdirip açyk görkezýär, taryha aýratyn üns berilýär. Umuman ' türkmenistanyň döwletiniň we hukugynyň taryhy „ dersini okatmak bilen talyplaryň jemgyýetçilik –syýasy dünýagaraýyşlary giňeldilip taryha materialistik garaýyşlary işläp düzmäge ýardam etmeklik, döwlet we hukuk meselesinde giňişleýin taýýýarlamaklyk, kazyýetde işlerer garalanda döwletler bilen arabaglanşykda

dürli garaýyşlara we akymlara esaslanyp çözmäge ýardam etmeklik we öz bilimleriniň üstini yzygiderli dolduryp durmmaklaryny hem-de hukuçy kärini almaklarynda ylmy taglymaty we tejribäni baglaşdyryp düýpli bilim bermekligi üpjin etmelidir.

Her halkyň taryhy onuň müňýyllyklara uzalyp gitjek ykbalyny kesgitleýän ajaýyp wakalar bilen dolydyr. Şol wakalaryň mazmunyny milletiň şol döwürdäki aňyýeti , medeniýeti, bilimi, däp-dessury, durmuş pelsepesi, döwletiň alyp baran syýasaty kesgitleýär.

Türkmen halky Beýik Britaniýa, Hindistan, Beýik Hytaý halklary dünýäniň taryhynda ajaýyp yzlary galdyryp, döwlet gurmakda, döwleti dolandyrmagyň ajaýyp ýollaryny saýlap alyp, ony kämilleşdirmekde, döwlet işlerini kada-kanunlara laýyk alyp barmakda, jemgyýetiň içinde sosial adalatlylygy üpjin etmekde, şeýle hem dünýäniň ylmyna, edbiýatyna, medeniýetine, umuman dünýä ösüşlerine ummasyz goşantlary goşan halkdyr.

Türkmenb halky Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen öz gözbaşyny gadymdan alyp gaýdýan

ata-baba ýolumyz bolan Oguz han türkmeniň, Görogly begiň, Magtymguly atamyzyň arzuwlap giden ýoluna düşdi. Indi ýurdumyzyň şöhratly taryhyny hemmetaraplaýyn çuňňur öwrenmäge we ony halka ýetirmägehem-de ony halka ýetirmäge doly mümkinçilikler açyldy.

Türkmenistanyň döwletiniň we hukugynyň taryhy dersini okatmaklygyň esasy maksady türkmenleriň taryhda guran döwletleriniň we bhukugynyň taryhyny öwrenmekligi üpjin etmekden, olaryň özboluşly aýratynlygyny öwrenmekden, döwletiň we hukugyň döreýşi taryhyndan başlap häzirki güne çenli döwletiň gurluşynyň görnüşlerini, ýokary edaraloarynyň guralayşyny, görnüşlerini we işini, mdöwletiň we hukugyň özboluşlyklaryny öwretmekligi seljermekden ybaratdyr. Beýleki bir tarapdan Türkmenistanyň döwletiniň we hukugynyň taryhy dersi öňkim asyrlarda ata-babalarymyzyň döwlet gurmak baradaky pikirlerini, garaýyşlaryny, synanşyklaryny öwretmekligi, taryhy wakalaryň üsti bilen döwlet, hukuk meselelerinde olaryň türkmene mahsusu aýratynlyklaryny, üstünlikli tarplaryny

öwrenmeklige mümkinçilik döreder we döwlet hukuk meselelerinde taryhdan şu günümize çenli bolan wakalary jikme-jik öwrenmepk, talyplaryň taryhy wakalara özbaşdak, baha gbermelerini, pikirlerini, beýan etmelerini ýwrenmekligini üpjin eder.

**Döwletiň we hukugyň döreýşi barada nazarýetler.**

Ilki durmuş häkiminiň aýratynlyklary:

1. tie-taýpa umumy jemgyýetine käkimlik mahsus bolupdyr.
2. ýokary häkimlik tire-taýpa umumy ýygnaklaryna degişli bolupdyr.
3. häkimlik adtlara daýanyp, gerek bolsa gazaply mejburylyk ulanylypdyr.

Ilk durmuş jemgyýetiniň durmuş kadalarynyň döremeginiň sebäpleri:

1) ykdysady,
2) bialogiki,
3) tebigy,
4) dini,

5) demografiki,

6) sanitar gigiýeniki,

7) psihologiki, we başgalar.

Ilki durmuş jemgyýeti durmuş sosial kadalary bilen dolandyrylypdyr.

Durmuş kadalarynyň görnüşleri:

1. adat taryhy dowamlylykda, elmydama ulanmaklygyň netijesinde jemgyýetiň endik kadlaryna öwrälen durmuş kadalary.

2. ýönekeý ahlaky kadalary- ilkidurmuş jemgyýetiniň düşünjesi boýunça tertip-düzgüni kadalaşdyrýan kadalar.

3. dini kadalar dini düşünjeler boýunça terip düzgünleri dolandyrüan kadalar.

4. mifler ertekilerd arwah jynlarda görkezilýän gahrymanlar.

5. tabu dine gadaganlyk – ýerine ýetirilmeýän ýagdaýda hökmany betbagtçylyga getirýän hadysalar.

Şeýle kadalaryň köpüsi, döwlet döründe hukuk kadalarynyň çeşmesi bolup hyzmat eder.

Dünýäde jemgyýetçilik ösüşinde müdümilik ýok. Jemgyýet ösüş elmydama gapma garşylyklara getiýär. Şonuň netijesinde, şeýle gapma – garşylyk agalyk edýän ykdysady formasiýanyň täze ösen formasiýa bilen çalyşmagyna getiýär.

Döwletiň we hukugyň döremeginiň sebäbleri:

1. ykdysady sebäpler:

1) ýygnamak.

2) Çöplemek düzgünden önümçilik ykdysadyýetine geçmeklik.

2. Jemgyýetçilik zühmetine bölünmegi.

1) ýer eýeçiliginden maldarçylygyň bölünmegi.

2) Äjirleriň döremegi.

3. önümçilik güýçleriniň ösmegi, artyk önümleriň döremegi. Hususy eýeçiligiň döremegi.

Durmuş sosial sebüpleri:

1. tire-taýpaň dargamagy, maşgalaň döremegi.

2. jemgyýetde gapmagarşylygyň döremegi.

3. jemgyýetiň gapma garşy synplara bölünmegi.

Jemgyýetiň taryhy hökmany ösmegi, döwletiň döremegine hökmany şertler döredýär. Sebäbi jemgyýetdäki boluup geçýän gapma garşylyklar hökmany, ony togtadylyp bolmaýar.

Döwletiň we hukugyň döremegi barada aýry-aýry döwürlerde her-hili taglymatlar öňe sürülýär.

Patriarhal taglymat – döwlet we hukuk maşgalabnyň taryhy ösmeginiň, köpelmeginiň netijesind dörňpdir diýip düşünditilýär.

Fiologiki taglymat- döwlet we hukuk beýik taryh emri bilen döräpdir diýip düşündirilýär.

Zorluk taglymaty – bir tiräniň beýleki tiräni basyp almagy netijesinde döräpdir. Entek taýpa agalyk etmek üçin döwlet döredilipdir.

Şertnama taglymaty – döwlet we hukuk tire taýpanyň jemgyýetçilik şertnama baglaşmagy netijesinde döräpdir.

Psihologiki taglymat – adamzadyň aň düşünje, psihologiýasynyň ösmegine diýip düşündirilýär. Şonuň

ýaly başgada birnäçe taglymatlar öňe sürülýär. Häzirki döwürde öňe sürülýän taglymatlaryň içinde şertnama taglymatlarynyň tarapdarlary köpelýär. Döwletiň döreýşi barada häzirlikçe şeýle ylmy taglymatlar öňe sürilýär.

Türkmen milletiniň döwletiniň döreýşi hem şeýlemikä. Beýik Türkmenbaşynyň Ruhnama eserinde, türkmeniň taryhy 5 müň ýyl döwri öz içine alýar diýip belleýär. Türkmen gadymy döwletdigini taryh tassyklaýar. Türkmen öz taryhyny gözbaşyny iki derýa aralygyndan (şumer we efrat) şumer siwilizasiýasyndan alyp gaýdýar. Emma döwlet, hukuk gurluşlary barada anyk materiallar ýok.

## Gökdepe söweşi dowürlerde türkmenleriň döwlet syýasayty.

Türkmenistany Rusiýa birleşdirilmeginiň aň ýanynda hem türkmenistanda galan patriarhal jemgyýet bolup galýardy. Jemgyýetde öňki boluşy ýaly synpy jemgyýet aglayk edýärdi.

Onuň esasy sebäpleri syýasy, ykdysady çökgünlik bilen düşindirilýärdi. Üstesine hem goňşy döwletler tarapyndan talaňçylyk harby çözüşler bolup durýardy. Goňşy döwletler Hywa Buhara Hanlygy, Eýran goşunlary türkmen topragyny böleşip çapawulçylyk edýärdiler. Türkmen taýpa tireleri agzalan döwletlere salgyt töläp gelenlerini gelýärdim.

Agzalýan döwürlerde, türkmenler bitewi özbaşdak döwlet gurmaga mümkinçilikleri ýokdy bolmandyr.

Aýdylanlardan başgada tire-taýpalaryň arasyndaky hossarlyklar tire-taýpa hanlaryň, begleriň özbaşdak syýasat alyp barmaklary, türkmen döwletini döretmekligiň öňünde uly böwet bolupdyr. Türkmen jemgyýetiniň jemgyýet ykdysady, medeni ösüşine böwet bolupdyr.

Şeýlelikde türkmenler jemgyýetçilik gurluşy gadymy görnüşinde galypdyr.

Türkmen durmuşynda jemgyýetiň ykdysady esasy ekerançylyk we maldarçylyk bolupdyr. Şonuň üçin hem

jemgyýet – “çomur” –ekerançylyk, “çarwa” maldarçylyga bölünipdir.

Türkmenistan rus Imperiýasyna güýç bilen birleşdirilmeginiň öň ýanynda jülge, suwly ýerlerde ýaşapdyrlar. Ekerançylyk ýerleri “sanaşyk”, “nika suwy” esaynda paýlanypdyr. Ýer suw paýlaşygynda jemgyýetiň belli toparlary artykmaçlyk bilen sylaglanypdyr. Olar hanlar, serdarlar miraplar, aksakallar, begler we başgalar. Aýdylýan döwürde bütin dünýä ýurtlarynda fiodalizm jemgyýetine geçip, kä ýerlerde, hatda syýasy hojalyk meseleleri çözmekde, türkmeniň syýasy ykdysady häkimligini berkitmekde uly bolupdyr. Kabukl edilen kararlary ýerine ýetirmeklik, amala aşyrmaklyk , maslahata saýlanan han, beglere tabşyrylypdyr. Hanlar öz işlerini amala aşyrmakda däp-dessur adat hukugy, şerigat ýaly kada kanunlar ulanylypdyr. Han harby hereketlere hem ýolbaşçylyk edipdir.

Tire-taýpa hanlary öz gezeginde sud häkmligini hem amala aşyrypdyr. Tire-taýpa aksakalllar arasyndaky jedelleri çözüpdir, tertip düzgün bozýanlara jenaýat

edýänlere temmi, jeza berip gelipdirler. Şeýlelikde hanlaryň tire-taýpany dolandyrmakda, sud hňkimligini amala aşyrmakda uly bolupdyr. Häkimlik hukugy çäklendirilmedik. Hukuklary çäklendirmek, ony öz wezipesinden boşatmak, diňe hany saýlan halk maslahatyna degişli bolupdyr. Tire taýpa hanlyk wezipesiniň möhleti kanun boýunça bellenilmändir. Şeýlelikde hanlar onlarça ýyllap öz häkimligini alyp barypdyrlar. Gowşut han, Nurberdi han ,Kyýat han we başgalar.

Ýerli guramalara urug tire-taýpalar hem, has wajyp meseleler boýunça oba maslahaty geçirilipdir. Olara aba aksakallary, miraplar ýolbaşçylyk edipdirler. Her gezek bolup geçýän oba maslahatlarynda, oba aksakallarry, mirablary saýlapdyrlar. Oba ýolbaşçylary öz işlerini, ýörüte düzgünnama esasynda amala aşyrydylar. Bellenen düzgün çykmazlyk şerti bilen.

Türkmenistany rusiýa birleşdirmegiň öň ýanynda türkmen jemgyýetinde aksakal we kazylar sudy bolupdyr. Aksakallar sudy mydamalyk hereket etmän käwagtlar, ejir çeken tarapyň haýyşty boýunça çagyrylypdyr. Aksakallar

sudynyň çözgütleri, hökümleri taraplar üçin hökmany bolmandyr. Sebäbi jemgyýetde sud häkimlerini ýrine ýetiriji mejburylygy amala aşyrýan gurama bolmandyr. Oba sudy öz çözgztlerini, kazyýetlerini- däp-dessur, adat, şerigat kadalary esasynda çykarypdyr. Gürrüň gdýän döwürde ýazylan döwlet jemgyýet tarapyndan tassyklanan kada-kanun bolmandyr şeýle ýagdaý bolsa kazylaryň işlän çözgütleri, hökümleri çykarmaga mümkinüiligiň bolandygyny tassyklaýar.

Türkmen jemgyýetinde kazylar sudy hem belli bir rol oýnapdyr.

Jemgyýet köplenç kazylar suduna öz arzalarynyň çözgütlerini haýyşt edipdirler. Kazylar sudy esasan Hywa hanlygynyň Buhara emirliginde ýerleşýän obalarynda bolupdyr. Kazylar sudunyň düzümi tire-taýpa hanlary tarapynda Hywa Buhara medreselererini gutaran dine ulamalar bellenipdir.

Kazy sudlary ýerlerde uly hukuk bileb bellenipdir. Kazy sudlary raýat jenaýat iş;lerine seredilende esasn

şerigat we hukuk adaty kadalary easasynda çözgüt, höküm çykarylypdyr.

Kazy sudlary esasn maşgala, nika , miras ýaly işlere degişli işlere seedilipdir.

Şeýlelikde türkmnenistan Rusýa imperiýasyna birleşmezinden öň jemgyýet hukuk dolandyryş sistemasyny esasn öňki ýaly däp-dessur, adat hukugy, şerigat kadalay esasynda çözülipdir.

Gökdepe urşy türkmen taryhynda iň pajygaly döwür bolup türkmen taryhyna ýazyldy.

Uruş mahaly Rus goşunlarynyň komandowanýasynynyň görkezmesi boýunça rus eesgerlri erkek adamlary ýesir almandyrlar. Olar gabat gelen ýerlerinde atypdyrlar. Ýaraly bolup gaçmaga ýetişmän gara öýüniň dulunda ýa-da dölelериniň içinde ýatan adamlary hem rehimsizlik bilen gyrypdyrlar. Diňe aýal ebtatlar we çaga çugallar ýesir alnypdyr. Olaryň sany 5 müňe ýetipdir. 18881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda galany goraýanlar üçin hakykatdanam ahyr zaman bolupdyr. 12 -13 müň oraça,

çatma dikilen 45 müňe golaý ilatly galanyň içinde 23 güniň içinde 872 müň tüpeň oky, 120 müňden gowrak top oky atylypdyr. Diňe 12-nji ýanwarda gala zabt edilen güni onuň depesinde 6 müňe golaý top oky 2000 müňden gowrak raketa 286 müň tüpeň oky inderlipdir. Galany goraýjylaryň depesinden hemde ýazy maňlaýyndan gurşun bilen çoýun bölekleri ýagyş ýagan ýaly ýagdyrylypdyr.

Gala synanyndan söň guma gaçyp barýan ilatyň yzyndan pyýada goşun 10 wýorsa çenli atly göşun bolsa 15 wýorsda çenli kowalap gidipdir. Bosgunlaryň giden ýoly çaga, aýal erkek jesedlerinden dolupdyr. Gökdepe galasyndaky söweşde türkmenler 1880-nji ýylyň 23-nji dekabyrynda 81-nji ýylyň 12-nji ýanwary aralygynda 700 müňe golaý, gala alnan güni bolsa 6000 müňe golaý adam ýitirilipdir.

Şu wakalrdan soň Mary, Daşaguz, Lebap welaýatlarynda ýaşaýan türkmenler hem Rusýa döwletniň düzümine bakna edilip birikdirilipdir.

**Türkmenleriň adat hukugy.**

Türkmenler gadymy döwürlerden başlap täze döwüre çenli adat kadalary bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny dolandyryp gelipdirler.

Türkmenlerde jedelli meseleleri çözýän kadalar “kowagat” ýa-da “däp” diýipdirler. Adat diňe sud işleri üçin ulanylman, özara hususy gatnaşyklarda ulanylman jemgyýetçilik gatnaşyklarynda hem ulanylypdyr. Hatda ýer-suw gatnaşyklarda, öri-meýdan işlerinde hem ulanylýar.

**Türkmen adaty ikä bölünýär.**

1. “ibadet” (hususy hukuk)
2. “memaliket” (dünýewi hukuk).

Türkmen gadymy adat kanunlary ulanylanda Ibadet ýagny ruhy hukuk kadalary ulanylýar.

Yslam dini yslam hukugy jemgyýetçilik gatnaşyklarynda köp ugurlarynda çözmeli meseleleri şerigatyň “memaliket” ýagny dünýewi hukugy boýunça

çözýär. Emma  türkmen medenýetinde gadymdan gelýän däp dessurlary bozmajak bolup “ibadet” ýagny “ruhy” hukugy saklap gelipdirler.

Şeýle jemgyýetçilik  gatnaşyklary türkmenistany rus Imperiýasy koloniýa edip, basyp alýança saklanyp gelipdir.

Umuman aýdanda adat hukugy şerigat bilen sepleşip gelipdir. Mysal üçin maşgala, nika, miras ýaly meseleleri çözenlerinde, köplenç şerigat kadalaryna ýüz tutupdyrlar.

Adat türkmençilikde ylym hasaplanman, okuw jaýlarynda hiç wagt okadylmandyr. Onuň ýerine şerigat, musulman hukuk kadalary öwredilipdir.

Durmuşda kazyýet işleri çözülende, hojalyk işleri elmydama adat hukugy boýunça seredilipdir.

Gadymdan gelýän adat boýunça, adat hukugy türkmen halk döredijiligi esasynda döredilen halk adatlary diýilip düşündirýärler. Hanlaryň begleriň ähli görkezmeleri, eger-de şol adatyä talabyna laýyk gelse ýerine ýetirilipdir.

Türkmeniň taryhynda şeýle patriarhal, halk häsiýetli adat hukugy tä türkmenistany rus imperiýasynyň basyp almagyna çenli saklanyp galypdyr.

Adat hukuk kadalary hemmeler üçin hökmany kanunlar ýygyndysy bolup, hemmeler üçin hökmany diýlip yglan edilipdir.

Şeýlelikde adam patriarhal, halk hukugy bolup feodal jemgyýetiň talabyny üpjin edeýän hukuk kadasydyr.

Türkmen hukuk adaty jemgyýetiň nadstroýkasy bolup ykdysady bazisiň talabyna laýyk gelýän hukukdyr. Adat ýuridiki adatlaryň birleşmesi bolup feodal jemgyýetiň talabyna laýyk gelýän düzgünleşdirilendir, hem-de feodal jemgyýetiň talaby bilen kepillendirilendir.

Türkmen jemgyýetinde tire – taýpa gozganaklygy, türkmen halkynyň pes ykdysady, medeni yza galaklygy, jemgyýetde patriarhal tire-taýpa geçmişden yza galaklygy adat hukuk kadalary köp wagtlap öz ähmiýetini ýitirmänligindedir. Şonuň üçin hem jemgyýetçilik gatnaşyklarynda köne patriarhal düzgünler saklanyp

gelipdir. Olar: ýer, suw, öri meýdanlar umumy eýeçilikde bolmagy ; dawa jedelleri tire- taýpa, oba, tire aksakallarnyň gatrnaşmagynda çözülmegi.

Maşgala ýolbaşçysynyň çäklendirilmedik hukugy, galyň almak, köp aýallylyk, gan alamak, ar almak, hun bermek, kollektiw jogapkärçiligi, kollektiw goranmak ýaly düzgünler adat boýunça çözülip, adat hukugynyň saklanmagyna, jemgyýetde saklanyp gelmegine getiripdir.

Şeýle diýlende adat hykygy hemmeler üçin deň hukuk diýip bolmaz . Ol belli bir derejede synpy hukuk bolupdyr.

Türkmenistanda adat hukugynyň easy çeşmeleri nämeler bolupdyr. Patriarhal, feodal türkmenistanda adat hukuk çeşmesi diýip, ykdysady jemgyýetçilik gatnaşyklaryň netijesi emele gelen kadalara aýdylýar. Ýuridiki çeşmeleri diýip bolsa türkmen adatlaryna we türkmen jemgyýetini dolandyrýan birleşen we özbaşdak kabul edilýän çözgütler bolýar.

Ilki durmuş jemgyýetinden öz gözbaşyny alyp gaýdýan adat hukygy wagtyň geçmegi bilen belli bir üýtgeşiklige sezewar boldy. Mysal üçin gan almak hun bermek bilen çalşylmagy.

Türkmen adat hukugyna belli bir derejede , musulman hukuk kadalaryň täsiri uludyr. Soňky döwürlerde bolsa patyşa rus kanunynyň täsiri has hem güýçlendi. Maşgala, nika, raýat hukuk, ýer suw meselelerinde has hem belli görünýärdi. Emma şeýle täsir hemme ugurlarda öz beýanyny tapypdyr diýip bolmaz. Mysal üçin adam öldürilende jogapkärçilige çekilişi diňe adat hukugy esasynda alynyp barylypdyr.

Türkmen adat hukugy aýal bilen erkekleriň hukugynyň deň däldigini kanuny berkidipdir. Mysal üçin miras bölünişikde , erkeklere bir paý düşýän bolsa aýallara ýarym paý bellenipdir.

Türkman adaty hukugy diýenimizde hökmany , ony şerigat kadalary diýip düşünmeli . Sebäbi şerigat kadalary öz gözbaşyny gadymdan alyp gaýdýar.

Adat, şerigat kadalarynyň täsiri her ugurlarda dürli-dürlidir. Has hem onuň täsiri maşgala nika gatnaşyklarynda, raýat hukuk, ýer suw hukuk gatnaşyklarynda has hem ulydyr.

Jemgyýetçilik hukuk gatnaşyklarynda ulanylýan adat kanunlary, elmydama bir boluşda durupdyr diýip bolmaz elmydama täzelikler üýtgeşikler girizilip durupdyr.

Onuň esasy sebäbleri easasan nämelerden başlanýar.

1. Türkmen jemgyýetiň ösüş döwürlerinde syýasy we ykdysady şertler üýtgäp durmagy. Sebäbi her bir ösüş täzeleklere uýgunlaşmagy talap edýärdi.

2. Adat kadalarynyň elmydama tebigat bilen sepleşip gitmegi sebäp bolupdyr.

3. Türkmenistan zorluk bilen patyşa rusýasyna birikdirlenden soň adat, şerigat kadalaryna rusýanyň kanunçylygynyň täsiriniň uly bolmagy netijesinde.

Patyşa kanunçylygynyň täsiri esasynda adat, şerigat kadalary bilen çözülýän işler belli bir derejede çäklendirildi. Patyşa kollonial hukuk gatnaşyklary esasynda rus administrasiýasyna gönükdirilen hemme hereketler rus

administrasiýasy, rus kanunlary, sudlary tarapyndan çözülýärdi. Gadymdan gelýän adat şerigat kadalary belli bir derejede togtadyldy. Şeýle ýagdaýlar tä oktýabyr rewolýusiýasyna çenli dowam edip geldi. Şeýle ýagdaýlar türkmen jemgeýetiniň ösmegine, hiç hili ýardam etmän, tersine yzagalaklyk gadymdan gelýän köne kadalar saklanyp gelýärdi.

Agzalýan döwürlerde adat hukugyna feodal döwrüniň hukugy diýilsede az ýarym gatnaşyk döwürleriň talabyna doly derejede laýyk gelýärdi.

Sebäbi başdan gadymdan türkmen jemgyýeti, şol adat türkmen däp- dessurlaryň esasynda terbiýelenipdi, ikinji tarapdan ol hukuga belli bir synpyň bähbidini goramak, synpy deňsizligi ret edýärdi. Şonuň üçinem şeýle adat däp – dessur hukuklary, tä kapitalizm gatnaşyklary çykýança saklanyp gelipdi .

Türkmen jemgyýetini dolandyryp gelen adat hukugy diňe ýekelikde, özbaşyna hereket edip kämilleşip gelipdir diýip bolmaz. Oňa belli bir derejede beýleki goňşy döwletleriň hukuk sistemalarynyň täsiri hem ýetip durupdyr diýip belläp geçmelidir. Bu ýerede has hem

musulman hukugynyň , patyşa rusýasynyň kanunçylygynyň täsirini belläp geçmelidir. Şonuň üçin hem musulman hukugy patyşa rusýasynyň kanunçylygynyň adat hukugyna hukuk çeşmesi diýip belläp geçmelidir.

Aslynda hemme ýerlerde adat - hukuk çeşmesiniň ilkinji çeşmesi diýlip hasap edilýär. Häzirki döwürde döwletleriň hemmesiniň hukuklary adatdan başlaýar. Hereket edýän hukuk kadalary döwrüň geçmegi bilen kämilleşen adat hukugy. Sebäbi jemgyýetiň kanuny ösmegi, kämilleşmegi netijesinde hukuk adatlaryny ilkinji görnüşdäki ýaly ulanyp bolmaýar. Hukuk adaty gadymy döwürlerden gelip, her sebitlerde, milletlerde aýry hili ulanylypdyr. Mysal üçin jenaýat hukugynda "ar almak" Aziýa döwlretlerinde has hem gazaply bolupdyr. Türkmen oguz taryhynda "gan almak" has hem gazaply bolupdyr. " ten almak" nesilden-nesile geçip köp wagtlap dowam edipdir. "Gan almak" adaty belli bir derejede çäklendirilen wagtlary hem bolupdyr. "Gan almak" "hun bermek" bermek bilen çalşylýan döwürleri hem bolupdyr. "gan almak" "hun" bilen çalşyrylmagyň belli bir öz sebäbleri bolupdyr. Olar jemgyýetiň tire taýpa hojalyk gatnaşyklaryň

kämilleşmegi gan almagyň nesilden nesile geçmegi tire taýpa gatnaşyklaryň kämilleşmegi , tire-taýpa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaklyk we başgalar. “gan almak” ýaly dessurlar “hun” bilen çalşyrylmagynyň beýleki sebäblerini hem belläp geçmek bolar. Olar önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi, hususy eýeçilige zyýan ýetirilmegi biderek esassyz gan dökülişiginiň soňuna çykmak ýaly sebäbleri bolupdyr. Türkmende erkek adam öldürilende onuň “huny” bahasy ýüze golaý düýe bolupdyr. Şeýle bolandan soň jedelleşýän taraplar ýaraşyk baglanyşypdyrlar.

“Ar almaklygy” hun bilen çalyşmak beýleki agyr jenaýat diýilip hasap edilýän jenaýatlar üçin hem ulanylypdyr. Olar adam öldürmek, agyr tenine zyýan ýetirmek, maşgalaň namysyna dil ýetirmek ýalydyr. “Ar almaga” degişli däl diýilip bellenipdir aýallar ýetginjek ýaşyna ýetmedikler, däliller we başgalar.

Türkmen taryhynda hemme döwürlerde, adat hukugy belli bir derejede kämilleşip gelipdir, diýsek hem gadymdan gelýän jenaýat jogapkärçiligi belli bir derejede saklanyp gelipdir. Olardan sanap geçmelileri, jenaýat üçin tire - taýpanyň bilelikdäki jogapkärçiligi, tire- taýpa

agzalarynyň öz garyndaşlaryny bilelikde goramagy. Şeýle düzgünler jenaýat hukuk, raýat hukuk ýaly gatnaşyklarda doly saklanyp gelipdir.

Adat hukugynyň kämilleşmekligine kazyýet tejribesi hem uly täsir edipdir. Kazyýet tejribesi türkmen taryhynda orta asyrlarda, soňky döwürlerde hem jemgyýetde hukuk adatynynyň uly çeşmeleriniň biridir diýip hasap etse bolar. Tire-taýpa dawalary tire –taýpa kazyýetlerinde, aksakal sudlarynda çözüpdirler. Emma şeýle dawa jenjel çözülende öňki adatlar ýaly “mehaniki” çözülmän, döwrüň sosial-ykdysady şertlerine seredip meseläni çözüpdirler.

Türkmenlerde, adat boýunça jenýat ýaly işleri, dawa—jenjelleri çözmekde, soňuna çenli saklamaklygyň sebäblerini diňe ýeke zat bilen düşündirip bolýar. Ol hem türkmenistanda, taryhyň soňky döwürlere çenli türkmenlerde bitewi jemgyýeti dolandyrýan döwletiniň bolmazlygy, hemde döwlet guramalary tarapyndan kabul edilýän ýazylan kada-kanunlaryň ýoklygyndan düşündirilýär.

Türkmenistan rus imperiiýasyna birleşdirilenden soň türkmen adat hukugyny, köneden gelýän kazyýet

sistemasyny kanunylaşdyrdy. Emma köneden genýän kazyýet sistemasyny kanunylaşdyran hem bolsa täze patyşa rus çinownikleriniň, zorluk bilen öz tarapyndan çykarylýan çözgütler bilen gabat gelmeýärdi.

Türkmenistanda rus imperiýasy döwründe ýokary sud hökmünde adatdan daşary  halk sudy döredilipdi.  Adatdan daşary halk sudy, adat boýunça adaty bilýän belli adamlar tarpyndan seredilýärdi.

Şeýle bolsada adatdan daşary sudyň başlygy gubernatoruň goýan öz rus çinownigidi, ýa-da sud prosesini hut özi alyp barýardy. Adatdan daşary halk suduna uly üns berilýärdi  hemde onuň çözgütlerini, aşaky sudlar sud presedenti hukuk çeşmesi hökmünde ullanýardylar.

Agzalyp geçilýän "ýokary sud"  aşakdaky hereket edýän sud sistemalaryna  görkezmeler hem berip durýardy şeýle berilýän görkezmeler  ýer, suw maşgala nika, jenaýat hukuk gatnaşyklary baradaky meselelere  degişlidi.

Şeýle sud, kazyýet görkezmelkeriň ähmiýeti jemgyýet üçin gaty ähmiýetlidi. Mysal üçin 1894-nji ýylda çykaran düzgünnamasynda, birnäçe jenaýat işlerinde berilmeli jezalaryň has gazaply bermekligi  kanuny diýip belledi.

Olaryň hemmesi adat hukugynyň belli bir derejede has hem kämilleşmegine getirdi. Olar : ýalan ant içmek, ýalan şaýatlyk myjabatlylyk, myjabatlylyk, aýal-gyzlary zorlamak, we başgalar. Şeýle jenaýat etýänleri – adam öldürenler bilen deňemek, hem-de iň ýokary jezany bermekligiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Kazyýet bu ýagdaýlarda, aýyplanýan adamlary gaýybana sud etmekligi hem rugsat berýär. Adatdan daşary kazylar gurultaýynyň çözgütleriniň esaslarynyň biri, agyr jenaýat işlerinde jenaýatçy bilen ejir çekijiniň arasynda hiç hili ýaraşyk bolup bilmez diýip belleýär.

Adat hukugynyň esasy çeşmeleri diýip diňe ýokardakylar bilen çäklenip bolmaz. Tire-taýpa maslahatlaryň çözgütlerini hem adat hukuk çeşmesidir diýip belläp geçmelidir. Sebäbi şeýle maslahatlarda has wajyp syýasy, hojalyk we ýuridiki meseleler boýunça hem has wajyp kararlar çykarypdyrlar. Jedeller dawalar halk maslahatlarynda çözülmegi ol täze düzgün dälde ol öz gözbaşyny gadymlardan alyp gaýdýar. Gadymlarda oguz hanlary, begleri has wajyp meselelerde halk maslahatynda gutarnykly netijä gelýän wagtlary köp bolupdyr.

Türkmenistanda kazyýet işlerini, esasan şerigat kadalary bilen çözüpdirler. Sebäbi şerigat – ýuridiki irdi. dini adat , maşgala nika we ahlaky kadalarydyr. Şerigat kadalary gadymdan, musulman dini, hukugy döremänkä gadymdan gelýän kada kanunlardyr. Şerigat kadalary esasan musulman kadalarynyň talaplaryna ters gelmeýär. Şonuň üçin hem ol kadalar, musulman hukugy bilen birleşip gitdi. Şeýlelikde adat bilen şerigat bir umumy kada kanun bolup gelipdir.

Dogry jenaýat işleri seredilende olaryň kadalaryny ulanmakda gapma-garşylyklaryň çykýan wagtlary hem bolupdyr. Mysal üçin şerigat kadalary boýunça ogurlukda we beýleki jenaýat işleri edilende, bir elini, barmaklarytny çapýan ekenler. Emma adat hukugynda, şeýle wagşy jeza berilmek barasynda aýdylmaýar.

Köplenç ýagdaýlarda şeýle düşüniksiz işler seredilende adatdan daşary sud –kazyýet, köplenç ýagdaýlarda adat hukugy boýunça karar, çözgüt çykarar ekenler. Adat kadalaryny köplenç ulanypdyrlar, adat kadalary boýunça hem netijeleri çykarypdyrlar.

Umuman adat hukugynda şerigata garanda agyr, gazaply jezalar bolmandyr. Şeýle agyr jezalar: Daşlap öldürmek, diriligine ýere gömmek, uýat ýerlerine zyýan ýetirmek, paltalap dörde bölmek, deňizde derýada gark etmek we başgalar. Şeýlelikde, adat hukugy türkmen jemgyýetinde jemgyýetçilik – ykdysady gatnaşyklarynda has ýakyn we düşnükli bolupdyr.

Türkmeniň taryhynda adat hukugy elmydama belli bir görnüşde galmandyr. Kollonial düzgün umumy imperiýa kanunçylygy belli bir derejede täsir edipdir. Sebäbi ýurduny ýitiren bakna bolan döwletiň başga alajy bolmaz. Türkmenlerde asyrlar boýy hereket edip gelen adat hukugy ýatyrylmasada, ony imperiýa kanunçylygyna ýykgynlaşdyrdy. Ony doly tabyn etdi türkmen döwletini çig mal ýurdy çeşmesine öwürdi. Türkmende hereket edip gelýän adat hukugynyň täsirini çäklendirdi, jezanyň görnüşlerini çäklendirdi, jezanyň görnüşlerini täzeledi, hereket edýän kazyýetleri rus administrasiýasyna tabyn etdi. 1874-nji ýylda kabul edilen “zakaspi dolandyryş welaýat düzgünnama esasynda sud kazyýet hukuklaryny

çäklendirdi. Rus iumperiýasyna gönükdirilip edilýän hemme jenaýatlar – harby sudlara degişli diýilip bellendi.

Şeýle imperiýa bähbitli kararlar 1894-nji ýylda kabul edilen “ zakaspi oblastyny wagtlaýyn dolandyrmakdaky düzgünnama” we 1899-njy ýylda kabul edilen “türkmenleriň Halk kazyýetine degişli wagtlaýyn düzgünnamada” has hem kepillendirildi. Şeýle düzgünnamalar esasynda, ýerli halkyň başga milletler bilen eden bikanun işleriň hemmesi patyşa rus imperiýasynyň sudlaryna degişli diýip kanunlaşdyrdy.

Agzalýan döwürlerde şerigat adat kadalarynyň ulanmaklygyň öz kynçylygy bardy. Birinjiden şerigat we adat kadalarynyň arasynda belli bir serhet goýmak kyndy, ikinjiden çözgütler hökümler çykarylanda gönümel maddalara salgylanar ýaly bitewi ýygyndy toplumlary ýokdy. Ol işlere adatdan daşary sud, diňe XX – asyryň aýaklarynda başladylar. Taýýarlananan toplumlar hem bütewi dälde toplumlaýyn, bölek bölek düzülýärdi. Şondan soň halk kazyýetleri öz çykarýan çözgütlerini, hökümlerini düzülen kadalary maddalaryna salgylanyp çykaryp

başladylar. Kanunlar doly dereje-de 1834-nji ýyldan soň yzygider çykaryp başladylar.

Adatdan daşary sudyň ýygyndysy toplumlary birinji gezek 1998 – nji, ikinji bolsa 1903-nji ýylda çykaryldy. Täze ýygyndylar esasynda jezalaryň täze görnüşleri çykyp başlady. Olar toplumlar esasynda kanunlaşdyryldy. Olar: jerime, tussag, türmä salmak,. Olar mejbury amala aşyrylýardy. Öňki döwürlerde adat diýilip hasaplanýan hereketleri jenaýat diýip yglan etdiler. Olar: alamançylyk, gulçylyk, zamun jezalar, jenaýatça özüni sud etmek, zorluk bilen iliň emlägini almak ýaly hereketler bikanun diýilip yglan edildi.

Umuman kanuna garşy hereketleriň çözülişi, türkmen jemgyýetinde, döwrüň kämilleşmegi bilen üýtgäp durýardy. Onuň esasy sebäbleri, türkmen jemgyýetiniň ykdysady durmuşynyň üýtgäp durmagy, beýleki hukuk sistemalarynyň täsiri, patyşa kolonial syýasaty, we rus kanunçylygynyň täsiri esasynda diýip düşündirmek bolar.

**Beýik Saparmyrat Türkmnenbaşynyň döwlet öwlet ýörelgesi.**

Bakna Türkmenistan 1991-nji ýylyň 26-njy oktýabyrynda, döwlet özbaşdaklyk jarnamasyny kabul etdi. Şol jarnama döwlet easynda, şu aşakdaky ugurlary kanuny belläp geçdi we kanuny kepillendirdi. Olar şu aşakdakylar:

1. Türkmentan respublikasy özbaşdak, garaşsyz, halkara hukugynyň doly ygtyýarly subýekti diýip diýip yglan etdi.
2. Türkmenistan döwlet gurluşy respublikadyr.
3. Türkmenistanyň bütin teritoryasynda Türkmenistanyň konstitusýasy we kanunlary agalyk edýär.
4. Türkmenistanyň teritoryasy emele gelen serhetlerde eldegrilmezdir we bölünmezdir.
5. Türkmenistanda döwlet häkimýeti ony kanun çykaryjy häkimýete, ýerine ýetiriji häkimýete we sud häkimýetine bölmek pirinsipi boýunça amala aşyrylýar.
6. Türkmenistanyň konstitusýasyna laýyklykda, mejlis ýokary kanun çykaryjy häkimlikdir.

7. Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamy Prezident bolup, ol döwletiň baştutanydyr.

8. Türkmenistanyň sudlary garaşsyz sudlardyr. Olar diňe kanuna tabyn bolýarlar.

9. Türkmenistanyň teritorýasynda türkmenistanyň raýatlygy ýola goýulýar.

10. Türkmenistanyň teritorýasyndaky ýer, ýer asty baýlyklar, howa giňişligi, suw hem beýleki tebigy baýlyklar, deňiz ykdysady zonasy, halkyň milli baýlygy we eýeçiligi bolup, Türkmniaenyň garaşsyzlygynyň maddy esasy bolup hyzmat edýär.

11. Türkmenistan ykdysadyýetinde bazar gatnaşyklaryna geçmegi amala aşyrýar.

12. Türkmenistan özüniň harby syýasatyny özbaşdak kesgitleýär.

13. Türkmenistanyň öz döwlet simbollary - baýdagy, gerbi we gimini bolýar we başgalar.

Şeýle maksatlar esasynda Türkmenistan täze öňde barýan jemgyýete öwrüldi. Türkmenistanyň Ruhnamasynda – türkmen syýasy, ykdysady we ruhy ösüşine çenli doly düşündiriş berýär.

Esasan türkmeniň taryhy ruhy ösüşini bäş döwre, eýýama bölýär:

1. Biziň eýýamyzdan bäş müňýyllykdan öň tä biziň eýýamyzyň 65-nji ýyllaryna çenli. Ýagny birinji eýýam milletiň ruhy gözbaşy Oguz handan başlanýar.

2. Biziň eýýamymyzyň 650-nji ýyllaryndan başlap türkmeniň jahankeşdä öwrülen döwri bilen başlýar. Ikinji eýýamda millitiň ruhy ýolbaşçysy gorkut Atadyr.

3. Üçinji eýýam X-XI- asyrlary öz içine alýar. Bu eýýam türkmeniň dünýä ýaň salan eýýamydyr.

4. Dördünji eýýam XVII –XX asyrlary öz içine alýar. Du döwür türkmen milletiniň iň gowşan dagynyk döwrüdir.

5. Türkmen ruhynyň bäşinji “Altyn Asyr” eýýami. Ýagny 1991-nji ýyl häzirki döwre çenli.

Şeýlelikde başdan konstitusýon kepillendirmeler esasynda türkmenistanyň häzirki we gelejekde saýlap alan ýoly doly kanuny derejede anyklandy .

Konstritusýanyň kabul edilmegi onuň maddalarynda türkmen döwletiniň alyp barýan ýoly kepillendi we

dünýäde ýene bir döwletiň  Türkmenistan garaşsyz döwletiň döräň senesi hökmünde altyn harplar bilen ýazyldy. Türkmenistanda dünýewi demokratik, hukuk döwletini gurmaklygyň ýollary doly kesgitlendi.

Döwletiň syýasy, ykdysady we we beýleki ösüşler Kabul edilen “10 ýyl abadançylyk” şygry esasynda başlandy.

**Beýik Parfiýa döwleti.**

1. Parfiýa döwleti.
2. Günbatara ýöriş.
3. Arşakidleriň ýörişi.

**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy:**

“Türkmen taryhynda Beýik Parfiýa döwletini gurup, rimliler bilen darkaş guran Ärsak şa öz döwründe ulahy Ärsak şa adyny göteripdir... Türkmeniň taryhynda pygamber kibi yz goýan, ylahy adyny göteren şahslar Ärsak şadan başga-da gaty köp, biz olary keseki halklaryň boýnuna dakmakdan daşda, emma özümiz olaryň

keramatly adamlardygyna ynanýarys, ynamymyza hem daş atdyrmarys”.

**Strabon şeýle belleýär:**

“Häzirki wagtda olar (parfiýanlar-awtorlaryň belligi)şeýle bir giň ýurdy, şeýle bir köp taraplary eýeleýärler, ýagny, beýik hökümdarlygy boýunça olar käbir derejede rimleriň bäsdeşi”.

Şulardan görnüşi ýaly Parfiýa uly döwlet bolupdyr. Öz döwründe dünýäniň iň güýçli döwletleriniň biri hökmünde tanalypdyr.

## Parfiýa döwleti.

Parfiýa döwleti 471 ýyl ýaşapdyr. Döwletiň ady ony esaslandyran çarwa-parn taýpalry bilen baglanyşykly bolupdyr. Olar Oh derýasynyň boýunda ýaşapdyrlar. Selewkitleriň elinden döwlet basyp alypdyr. Taýpa serdary bolan Arşak “patyşa” diýilip yglan edilipdir. Parfiýa ýyl

ýazgylarynda “arşakitler asyry” b.e.öň 247-nji ýyldan başlapdyr.

Oh derýasynyň häzirki haýsy derýadygy hakyndaky mesele jedelli. Alymlaryň bir topary ony Tejen derýasy, başgalary bolsa Etrek derýasy diýip hasaplaýarlar.

B.e.öň 231-231-nji ýyllarda Selewk II (siriýaly) Parfiýa garşy urşa synanypdyr. Arşak goňşy grek Baktriýa patyşalygy bilen soýuz baglaşyp, selewkitlere berk zarba urýar. Söweş ýeňişli tamamlanmaka, Siriýadan köşk oňşuksyzlygy hakyndaky howsalaly habar gelýär we Selewk öz ýurduna gidýär.

Mümkin bolan demalşy Arşak netijeli peýdalanypdyr. Şol döwürde ol galalar salypdyr, obalar gurupdyr, goşunyny artdyrypdyr.

Arşak aradan çykandan soň Artaban I (b.e.öň 211-196ý) patyşa bolýar. Onuň edara eden döwründe Parfiýa döwleti güýçlenmegini dowam edipdir, Eýranyň gadymy etraplaryndan biri Midiýany eýeläpdir, emma Selewkitleriň garşylygy sebäpli ol ýerde berk ornaşyp bilmändir. Şondan

takmynan 50 ýyl geçenden soňra Parfiýa patyşasy Mitridat I (b.e.öň 171-138ý) Midiýa berk ornaşýar, hem-de günbatara tarap ýöriş edýär. B.e.öň 141-nji ýylda Wawilon patyşalygy Parfiýany ykrar edýär.

Şol wagtlar Parfiýanyň gündogar serhetlerinde çarwa taýpalardan howp abanyp başlaýar. Şoňa görä-de, Mitridat Parfiýa tarap yzyna gaýdýar.

B.e.öň 130-129 ý Mitridatyň ogly Fraat II (138-128/9 ý) Selewkitlere garşy göreşde saklary kömege çagyrypdyr. Eger-de ýeňiş gazansa, harby oljadan kömek berjekdigini aýdypdyr.

Saklar bir bada parfiýanlaryň çakylygyna seslenmändirler. Haçan-da Selewkit goşunlary ýeňlip başlanda gelip, saklar parfiýanlardan wada eden oljalaryny talap edipdirler. Emma Parfiýa patyşasy olja bermekden boýun towlapdyr. Saklar aldananyna gahar edip parfiýanlylaryň eýelän Eýran şäherlerini talapdyrlar. Pitneçi saklara garşy göreşde Fraat II, has soňrak bolsa Parfiýanyň demirgazyk-gündogar welaýatlarynda toharlylaryň

garşysyna bolan söweşde patyşa Artaban II (128/9-124-nji ýyllar) ölýär.

## Günbatara ýöriş.

Parfiýa günbatarda Eýrany tutuşlugyna, Wawilony, Mesopotamiýany, gündogarda bolsa Päkistanyň häzirki ýerlerine çenli bolan territoriýany özlerine birikdiripdirler. Emma şeýle giň territoriýanyň öz içki kynçylyklary bar eken. Ol şäherleriň ilaty Selewkitler döwründäki artykmaç hukuklaryny we ýeňilliklerini ýitirmek islemändirler. Hut şoňa görä-de olar: selewkitler we rimliler pargiýalylara garşy ýaragly göreş alyp barypdyrlar. Ençeme ýyla çeken ýçaragly çaknyşykdan soňra, diňe b.e I asyrynyň ortalarynda ellinistik döwletiň syýasy täsiri ýok edilýär. Grek şäherleri gutarnykly suratda awtonomiýalykdan mahrum bolýar. Emma Parfiýa döwletiniň içindäki welaýatlarda-satraplarda närazylyklar döräp, bu döwletiň ýaşamagyna howp salypdyr. Antik awtorlary Parfiýa barada ýazanlarynda, ony ýeke-täk tutuş imperiýa diýmän, ol on sekiz sany patyşalykdan-konferensiýadan ybarat diýip görkezipdirler. Biziň eramyzyň başlarynda Margiana,

Persiýa, Girkaniýa, Sakastan we beýleki ýerlerde aýry-aýry dinastiýalar özbaşdak ýaşapdyrlar.

“Beýik şalar şasy” adyny alan Parfiýa patyşalygynyň göniden-göni gol astynda Parfiýa öz ýurdy Midiýa hem-de onuň günbataryndaky paýtagty Ktesifonyň töweregindäki uly bolmadyk wawilon ýerleri giripdir. Şeýle ýagdaýda Arşakitleriň esasy daýanjy öz ata watany – Parfiýa bolupdyr. Parfiýanyň hut öz terrotoriýasynda selewkitler bilen  uruş hereketleri b.e.öň 237-ni ýylyň töwereklerinde başlanypdyr. Birbada parfiýanlylar ýeňlen hem bolsa Arşakitler Grek-Baktriýa patyşalygy bilen soýuz baglaşyp, özleriniň gündogar serhetlerini berkidipdirler.

Selewkitleriň garşysyna göreş täzeden başlanypdyr we parfiýanlar ýeňiş gazanypdyrlar. Şol günüň haýsy gündügi hakynda taryhda abyk maglumat ýok. Emma parfiýanlar şol ýeňşi azatlyga çykylan gün hökmünde bellär ekenler.

B.e.öň II asyryň ortalarynda Parfiýa patyşalyygynda Grek-Baktriýa satraplarynda ikisi birleşdirilýär.

Parfiýa gündogara ýöriş etmek bilen Midiýa ýerlerini basyp alýar. Köp harby olja almak bilen öz gaznasynyň üstüni ýetiren patyşa Mitridat I has aňryk süýşýär. Tigr derýasynyň boýundaky Selewkiýa şäherini eýeleýärler hem-de özüniň Wawilon patyşasy diýilip jar edilmegini gazanýar. Şeýlelikde, Parfiýa antik döwrüniň beýik döwletleriniň birine öwrülýär.

Parfiýa öz döwründe dünýäniň iki güýçli döwletleriniň, ýagny günbatarda Rim imperiýasynyň, gündogarda bolsa Kuşan döwletiniň gazaply bäsdeşi bolupdyr.

Biziň eramyzyň I-II asyrlarynda Parfiýa döwletinde birnäçe netijeli diplomatik çäreler işläp düzüpdirler. Döwletiň gündogar çetlerinde Orta Aziýa çarwalarynyň tolgunşyklarynyň hem-de Parfiýa bilen serhetdeş we bäsdeş bolan Kuşan imperiýasynyň howpuna hötde gelmek maksady bilen rimliler bilen ýakynlaşylypdyr. Arşakitler Rim bilen kyrk ýyllyk (122-162) “hoşniýetli goňşuçylyk” ýaraşygy baglaşypdyr. Parfiýa-Hytaý diplomatik gatnaşyklary ýola goýulypdyr. Şeýle gatnaşyga Hytaý

Parfiýadan pes mätäç däldi. Sebäbi Kuşan imperiýasy Hytaýyň Orta Aziýa we Gazagystan serhetlerine howp salýardy.

B.e.öň 32-nji ýylda hytaý syýahatçylarynyň biri Parfiýa ýurduna gelipdir. Onuň ýazmagyna görä, parfiýalylaryň kümüş pullary bolup, puluň düzüw ýüzünde patyşanyň, arka tarapynda bolsa onuň aýalynyň şekili bar eken.

Parfiýa döwleti bilen Hytaýyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar b.e.öň II asyrdan başlanypdyr. 107-nji ýylda Hytaý ilçisi ilkinji gezek Parfiýa gelipdir. Ony belent mertebeli myhman hökmünde adaty bolmadyk hezzet-hormat edipdirler. Ilçiniň Parfiýa döwletiniň serhedinde 20 müň goşun bilen garşylapdyrlar we ony Parfiýanyň paýtagty bolan Gekatompil şäherine çenli ugradypdyrlar. Hytaý ilçisi öz ýurduna gaýdanda, ony Parfiýanyň ilçisi ugradypdyr hem-de ondan Hytaý patyşasyna sowgat iberipdirler. Sowgatlaryň arasynda düýeguş ýumurtgasy-da bolupdyr.

Parfiýa-Hytaý gatnaşyklarynda birnäçe peýdaly netijeleri bolupdyr. Hytaý Parfiýa ýurdunda üzüm we ýorunja tohumlaryny äkidipdir. Hytaýdan Parfiýa ýurduna ýüpek, polat ýaly birnäçe zatlar getirilipdir.

## Parfiýa ýurtlary.

Parfiýa ýurdy hakynda gürrüň edilende, ony iki nukdaý nazardan göz öňüne getirmeli. Birinjiden, sözüň giň manysynda, ikinjiden sözüň dar manysynda. Sözüň giň manysynda Arşakitler urugyndan bolan patyşalaryň döwleti dolandyran döwründäki ähli basyp alan ýerlerini Parfiýa döwletiniň territoriýasy diýip düşünmeli. Şeýle manyda ýurtdaky syýasy ýagdaýa görä, onuň territoriýasy bir durşuna durmandyr. Ikinji- sözüň dar manysynda bolsa Parfiýanyň ata Watany – ene topragy bolan territoriýa demirgazykda Garagum çägeligini, günortada bolsa Köpetdagyň ilersindäki Deştikebir çöllügi aralygyny öz içine alypdyr. Bu ýerler hemişe diýen ýaly Arşakitleriň elinde bolupdyr. Şoňa görä-de onuň paýtagty hem üýtgäp durupdyr. Parfiýa patyşalygynyň ilkinji paýtagty Gekatompil şäheri Kumis harabaçylygynyň ýerinde

ýerleşýär. Mitridat Ektaban şäherine (Eýranyň häzirki Hamedan şäheriniň ýakynda), parfiýa döwletiniň ösüşiniň iň ýokary derejesine ýeten patyşa Orad II (b.e.öň I asyrda) döwründe bolsa has aňryk Tigir derýasynyň çep kenaryndaky Ktesifan şäherine geçirilipdir.

Günbatarda Parfiýanyň dürli döwürde üç sany paýtagt şäherleriniň  (Gekatompil, Ektaban, Ktesifan) bolmagy döwletiň syýasy durmuşynyň günbatara geçendigini aňladýar. Parfiýa patyşalary esasy ünsi günbatarda rimlilerden serhedini berkitmek we ermeni ýerlerini eýelemeklige beripdirler. Arşakitleriň gelip çykan öz ýurtlary bolsa Parfiýa döwletiniň bir çeti bolup galypdyr. Parfiýa patyşalary öz ata Watanyna seýrek gelipdirler. Diňe ýurduň içinde gozgalaň turan wagty ýatyrmaga gelipdirler.

Bu ýagdaý Parfiýanyň ösüşini haýalladypdyr we kem-kemden güýjüniň peselmegine getiripdir.

## Türkmenistanyň Bitraplyk derejesi.

**1.** Bitaraplygyň taryhy**.**

**2.** Türkmenistanda Bitaraplygyň esasy ýörelgeleri.

**3.** Türkmenistan hemişelik Bitarap döwlet.

Hemişeli Bitaraplyk çylşyrymly halkara-hukuk derejesi bolup durýar. Öz ösüşinde ol uzak we çylşyrymly ýol geçip, XIX asyryň başynda gutarnykly kemala geldi. Ine şonoň üçin bitaraplyk baryp gadymyýetden bäri mälim bolan anyk taryhy düşünjedir. Sebäbi ol ýa-da beýleki uruşlara döwletleriň uçdantutma ählisi gatnaşmaýardy ahyryn, çünki geografik, ykdysady we syýasy şertler aýry-aýry ýurtlara harby çaknyşyklardan çetde durmaga, ol ýa-da beýleki söweşýän tarapy goldamazlyga, ýagny bitaraplyga eýermäge mümkinçilik berýärdi. Gadymy grek we rim taryhçylary bitaraplyk hakynda gyzykly maglumatlary miras galdyrdy, olar bitaraplygyň esasy mazmunyny: çetde durmak, söweşýänlere goşulmazlyk, olar bilen dostlukly gatnaşyklary saklamak ýaly sözler bilen beýan edýärdi.

Tebigy hukuk teoriýasyny esaslandyryjjylaryň biri bolan golland hukukçysy Gugo Grosiý “ Uruş we parahatçylyk hukugy hakynda” atly meşhur ylmy işinde gadymyýetdäki halkara hukugyndan bitaraplygyň ençeme mysallaryny getirýär. Olaryň birinde şeýle diýilýär: “Ksenefonta görä, Klearhda gulluk eden grekler parslaryň ýerleri boýunça geçişi olara hiç hili zyýan ýetirmäň amala aşyrmagy wada etdi; eger-de parslar nähilidir bir azygy satyn almagy teklip etse, onda grekler hiç kimden iýmek üçin, içmek üçin hiç bir zady ogurlamazlygy wada etdi. Ksenofontyň habar bermegine görä, Derkillid öz goşunyny parahat ilatly ýerlerden tarapdarlaryň hiç bir zyýan çekmezligini üpjün edip geçirdi. Parahatçylygy gorap saklaýanlaryň hiç bir zady güýç bilen alynmaly däldir, muny diňe iňňän zerurlyk halatynda we bahasynyň öweziniň dolmak bilen edip bolar”.

Şeýle hem Awgus Sezaryň “Bitarap döwletiň taraplaryň ikisi bilen hem harby hereketlerden meýletin saklanmagy we her bir tarapa umumy ynsanperwerlik hyzmatlaryny etmegi hakynda söweşýän şertnama

baglaşmagynyň maksadalaýykdygy” hakynda aýdan parasatly sözleri mälimdir.

Gulçulyk gurluşy döwründe bitaraplyk diýlende söweşmeýän döwletiň adalatsyz urşy alyp barýana ýa-da adalatly urşy alyp barýan döwletiň hereketlerine päsgelçilik berýäne ýardam etmekden saklanmak borjy göz öňünde tutulýardy. Eger basybaljyny anyklamak kyn bolsa, onda söweşmeýän tarap söweşýänleriň ikisi baradaky gatnaşyklar boýunça deňligi berjaý etmäge borçlnýardy: goşunlaryň bitarap döwletiň ýerleriniň üstünden geçmegi, goşunlary üpjün etmek, gabalanlara kömek bermekden ýüz döndürmek.

Feodal jemgyýetde “bitaraplyk” düşünjesi bitarap döwletiň söweşýän taraplaryň ikisine-de deň mümkinçilikleri (olaryň goşunlaryny öz ýerleriiniň üstünden geçirmek) üpjün etmek hukugyny tutýar, ýagny bileleşigiň we bitaraplygyň utgaşmagy ýüze çykýardy.

Buržuaz ösüşiniň döwründe bitaraplyk has täsirli uly döwletleriň arasyndaky gapma-garşylyklaryň netijesi hökkmünde döreýär. Şu döwürde ol azda-kände emele

gelen dereje hökmünde häsiýetlendirilýär, eýýäm söweşýän we urşa gatnaşmaýan döwletleriň özara hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär. “Bitaraplyk” adalgasynyň özi halkara işlerinde ulanylyp başlanýar. Galybersede, bitaraplyk uruş alyp barýan döwlete nähilidir bir ýardam etmekden doly saklanmagy we söweşýän taraplaryň ikisine-de tarapgöçüliksiz garamagy aňladýar diýen pikir döreýär. Mundanda  başga, halkara hukugynda bitaraplyk ol ýa-da beýleki ýurduň dawalara kimdir biriniň tarapynda gatnaşmazlyk hukugyna söweşýän döwletleriň sarpa goýmak borju hökkmünde hem düşündirilip başlandy.

XV-XIX asyrlarda bitarap döwlet öz ýerleriniň eldegirmesizligini söweşýän döwletlerden goramak hukugyna we borjuna  eýe boldy. Beýlekli tarapdan, bitarap döwlet söweşýänleriň haýsydyr birine harby kömek bermezlige, hususan-da, olaryň ýaragly güýçleriniň öz ýerlerinde ýerleşmegine ýol bermezlige borçludyr.

Şeýlelikde, hemişelik bitaraplyk derejesi häzirki wagtda ine şeýle häsiýetlendirilýär. Hemişelik bitaraplyk munuň özi umumylykda ykrar edilen hukuk derejesi bolup,

ol döwletiň özüni ýaragly çozuşdan goramakdan başga halatlarda islendik uruşlardan saklanmak hem-de şol döwleti harby dawa çekip bilýän harby bileleşiklere ýa-da beýleki ylalaşyklara goşulmazlyk borjuny aňladýar. Bitaraplyk syýasaty nähilidir bir ahyrky maksat däldir, ol döwletiň howpsyzlygyny ýurdy harby hereketlere goşulmakdan saklamak arkaly üpjün etmegiň usulydyr.

1955-nji ýylyň bäşinji aýynda SSSR-iň, beýik Britaniýanyň, ABŞ-nyň we Fransiýanyň wekilleri bir tarapdan hem-de Awstriýanyň wekilleri beýleki tarapdan Garaşsyz we demokratik Awstriýany dikeltmek hakyndaky Döwlet şertnamasyna gol çekdiler. Şol şertnamanyň tekstinde Awstriýanyň bitaraplygy hakynda göni salgylanma ýok. Ýöne Awstriýanyň hökümeti öa wadasynda tapykdy: 1955-nji ýylyň onunjy aýynyň 26-sna ýurduň parlamenti Bitaraplyk hakyndaky federal Konstitusion kanuny kabul etdi. 1955-nji ýylyň on birinji aýynyň 5-ne güýje giren şol kanun Awstriýanyň özüniň hemişelik bitaraplygy hakynda meýletini yglan edýändigi bellenilýär.

Şertnama gol çekilenden soň dessine köp döwletler ony ykrar edýändigini beýan etdi. Şeýlelikde, Awstriýanyň hemişelik bitaraplygy Awstriýanyň özüniň döwlet namasy bilen jar edildi we dünýäniň köp döwletleri tarapyndan ykrar edildi.

ABŞ hem öz ösüşiniň belli bir döwürlerinde bitaraplyk syýasatyna eýeripdi. ABŞ-nyň bitaraplyygy ilkinji gezek 1793-nji ýylda iş ýüzünde ýurduň garaşsyzlygnyň iň başlangyç tapgyrynda yglan edildi. Soňra ABŞ-nyň Kongresi 1935-nji we 1937-nji ýyllaryň aralygyndaky döwürde “bitaraplyk hakyndaky kanunlaryň” üçüsini kabul etdi. Olar urşuň sebäplerine garamazdan, söweşýän ýurtlara karz pullaryň we kömegiň berilmegini gadagan edýärdi hem-de dawa gatnaşýan taraplara ýaragyň iberilmegine ýol bermeýärdi. 1939-njy ýyldsa ABŞ-da bitaraplyk hakyndak dördünji kanun kabul edildi.

1964-nji ýylda Malta Britan Bileleşiginiň çäklerinde garaşsyzlyga eýe boldy, 1974-nji ýylda bolsa Respublika diýilip jar edildi. 1981-nji ýylda ýurduň hökümeti Maltanyň bitaraplygy hakyndaky Jarnamany kabul etdi.

Aziýa kontinentinde Kamboja we Laos degişlilikde 1957-nji we 1962-nji ýyldan başlap hemişelik bitaraplyk derejesine eýe boldy.

Şu syndan ugur almak bilen, şeýle netije çykarmak mümkin: bitaraplyk düşünjesi taryhy aňlatma hökmünde däp boýunça anykbir döwletiň urşa garaýşyndan, oňa gatnaşmagyndan ýa-da gatnaşmazlygyndan gelip çykýar. Döwletleriň bitaraplyk derejesini almagynyň dünýäde toplanylan tejribesiniň seljerilmegi döwletleriň bitaraplygyny ykrar etmeginiň iki usulynyň bardygyny görkezýär, olar halkara şertnamasyny baglaşmak we bitaraplyk hakynda beýleki döwletler tarapyndan ykrar edilen kanuny jabul etmekdir.

Döwletiň hemişelik bitaraplygynyň halkara şertnamasyny baglaşmak arkaly berkarar edilmegi ylalaşyga gatnaşyjylaryň özara hukuklarynyň we borçlarynyň bolmagyny göz öňünde tutýar. Öz nobatynda hemişelik bitaraplygyň milli kanun esasynda berkarar edilmegi döwletiň uruşlara gatnaşmazlyk, parahatçylyk

döwründe bolsa olara çekilmegine päsgel berýän syýasaty ýöretmek baradaky diňe bitaraplaýyn erk-islegini aňladýar.

Bitaraplygyny birtaraplaýyn tertipde berkarar eden döwletler ony beýleki döwletler ykrar etmände-de ýa-da kepillendirmände-de amala aşryp biler. Ýöne munuň özi bitaraplyk syýasatynyň amala aşyrylmagyny gürrüňsiz kynlaşdyrýar. BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň on ikinji aýynyň 12-ne "Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy" hakyndaky kararnamasy hemişelik bitaraplygy resmileşdirmegiň düýbünden täze görnüşi we usuly boldy.

Hemişelik Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň hukuk derejsi hem-ä halkara hukuk namalaryna hem-de milli kanunçylyk namalaryna esaslanýar. Hemişelik bitaraplygyň maksatlaryny we ýörelgelerini kemala getirmek işi we ony halkara hukuk namasy arkaly resmileşdirmek Türkmenistanyň bu derejesini berkarar eden şol resmi kagyzlara jebis bitewleşdi diýsek hem bolar. Eger bitaraplyk hakyndaky milli kanunlar belli bir borçnamalary, elbetde diňe Türkmenistanyň özi üçin belli bir borçlary döredýän hem-

de bitaraplyk syýasatyny ýöretmek barada oňyn birtaraplaýyn erk-isleginiň beýany bolup durýan bolsa, onda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 1955-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky kararnamasy we beýleki halkara hukuk resmikagyzlary BMG-nyň ähli agza döwletleri tarapyndan zerur bolan halkara kepillendirmelerini üpjün edýär.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejsine eýe bolmagy netijesinde syýasatçylaryň, hukukçylaryň, taryhçylaryň şu halkara hukuk derejesine bolan gyzyklanmasy üzül-kesil artdy.

Eýsem türkmen bitaraplygynyň aýratynlygy nämeden ybarat?

“Hemişelik bitaraplyk derejesiniň bellenilmeginiň esasy sebäbi uly döwletleriň barlaşyksyz gapma-garşylyklaryndan, olaryň ol ýa-da başga bir ýer-ýurda agalyk etmek hukugy hakyndaky hemişelik jedellerinden ybarat bolupdy. Şol gapma-garşylyklar geografik taýdan beýik döwletleriň arasynda ýerleşen we häli-şindi olaryň çaknaşyklarynyň meýdançasyna öwrülen kiçeňräk döwletleriň ýagdaýyna täsir edýärdi. Jedelde barlaşyga

gelinmegi belli bir döwletleriň hemişelik bitaraplygy hakyndaky şertnama gol çekilmegine eltýärdi, bu bolsa beýik döwletleriň güýçleriniň deňeçerliginiň hukuk taýdan berkidilmegini aňladýardy. Şonuň üçin haýsydyr bir döwletiň bitaraplygy baradaky teklip ozaly bilen onuň özi tarapyndan däl-de, eýsem öz aralarynda harby dawa gatnaşýan ýurtlaryň topary tarapyndan öňe sürülýärdi. Güýçleriň deňeçerligi bozulan mahaly bitaraplyk pikiriniň özi hem puja çykarylýardy".

Bitaraplygyň türkmen ülňüsi bu hukuk derejesi hakyndaşu wagta çenli bolan düşünjäni düýpli üýtgedýär. Şu hukuk derejesini seljermek bilen Türkmenistanyň bitaraplygynyň dünýädäki gatnaşyklary täze hadysa bolup durýandygy barada şübhesiz netije çykaryp bolar, onuň aýratynlyklary bolsa şulardan ybaratdyr:

Birinjiden, döwletleriň bitaraplygynyň taryhynyň dowamynda bolan mysallary uruş üçin hukuk diýilýäne esaslanypdy, bitaraplygy uruş bilen baglanyşdyrmak ýörgünlidi. Haýsydyr bir döwletiň bitaraplygy baradaky teklip ozaly bilen hut onuň özi tarapyndan däl-de, eýsem

özaralarynda uruş ýagdaýynda bolan ýurtlaryň topary tarapyndan öňe sürülýärdi. Türkmenistanyň bitaraplygy nähilidir bir uruşlaryň, beýik döwletleriň ylalaşyklarynyň jemlerine esaslanmaýar, eýsem Türkmenistanyň özbaşdak seçip almagynyň, meýletin erk-ygtyýarbildirmeginiň netijesidir.

Ikinjiden, Türkmenistanyň bitaraplygynyň şu nukdaýnazardan hem deňi-taýy ýokdur, ýagny ol Birleşen Milletler Guramasynyň derejesinde makullandy we ykrar edildi, BMG-nyň Baş Assanbleýasynyň 1992-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky kararnamasy bu barada şaýatlyk edýär. Özi-de, eger ozal şeýle derjäni ol ýa-da beýleki döwlet birnäçe ýurduň ylalaşmagy arkaly alan bolsa, onda Türkmenistanyň bitaraplyk ederjesini iş ýüzünde tutuş dünýä bileleşigi gollady. Türkmenistanyň bitaraplygynyň BMG-nyň ýörite kararnamasy derejesine hukuk taýdan berkidilmeginiň bu derejede aýratyn kepillendirmäniň BMG-nyň ähli agzalarynyň ol baradaky öz borçnamalary pugta berjaý etmegi bilen üpjün edilýändigini nygtamak möhümdir.

Üçünjiden, Türkmenistanyň bitaraplygy öz mazmuny boýunça onuň ýa-da iş bähbitlidir, munuň özi parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmagyň, döwletleriň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň meselelerinde döwletiň işjeň çemeleşmegini aňladýar. Munuň özi üýtgewsiz bir ýagdaý däl, çetleşmek synanyşygy däl, munuň özi dünýä bileleşigine ylalaşmak we hyzmatdaşlyk ýolu bilen girmegiň maksady we serişdesidir.

**Türkmenistanyň daşary bitarap syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň kesgitlenilmegi.**

Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň jar edilmegi we halkara hukugynyň özbaşdak agzasy hökmünde dünýä bileleşigine goşulmak zerurlygy onuň daşary syýasatynyň esasy ýörelgelerini işläp düzmegi talap etdi. Bu örän möhüm meseläniň çözülmeginde ýurduň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň uly hyzmatynyň bardygyny aýtmak gerek. Mälim bolşy ýaly, her bir döwletiň daşary syýasaty onuň içeri syýasatynyň gös-göni dowamydyr. Türkmenistanyň içeri syýasatynyň ýurduň garaşsyzlygyny

pugtalandyrmakdan, halkyň abadançylygyny, parahat we eşretli durmuşy üpjün etmekden ybaratdygyna görä, onuň daşary syýasaty şu asylly maksatlaryň berjaý edilmegi üçin amatly daşary eşretleriň döredilmegine gönükdirilendir.

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Ýokary Soweti tarapyndan "Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakynda" kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusion kanunynda hem täze garaşsyzz döwletiň beýleki döwletler bilen parahatçylyk, deňhukuklylyk, özara peýdaly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýöretjekdigi yglan edildi.

Garaşsyz Türkmenistanyň hoşniýetli goňşyçylyk, parahatçylyk söýüjilik, oňyn bitaraplyk, "Açyk gapylar" syýasatyny ýöredip başlamagy, onuň dünýä bileleşigine goşulyp gitmegine ýardam etdi. 1992-nji ýylyň fewral aýynda Türkmenistan Ýewropada howpsyzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň agzalygyna kabul edildi. Şol ýylyň mart aýynda bolsa Garaşsyz döwletleriň arkalaşygyna (GDA) girýän ýurtlaryň birnäçesi bilen Birleşen Milletler Guramasyna agzalygyna kabul edildi.

BMG-a agzalygyna girenden soň, Türkmenistan halkara gatnaşyklaryna has doly goşulyşmaga, öz daşary syýasatyny has işjeň ýöretmäge girişdi. Goňşy döwletler bilen birek-birege peýdaly hyzmatdaşlygy ýola goýmak, olar bilen hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri boldy. Türkmenistann bilen Özbegistanyň arasynda 1991-nji ýylda, Türkmenistan bilen Gazagystanyň arasynda, Türkkmenistan bilen Eýranyň arasynda 1993-nji ýylda gol çekilen Dostluk we Hyzmatdaşlyk hakyndaky şertnamalar dostlukly ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmegiň hukuk esaslaryny emele getirdi. Goňşy Owganystanyň içerki ýagdaýynyň çylşyrymlydygyna garamazdan, ol ýurt bilen hem kadaly gatnaşyklary ýola goýmakda oňyn netije gazanyldy. Iki döwletiň serhedinde söwda ýükleriniň geçirilmegi üçin menzilleriň ikisini açmak, şonuň ýaly-da serhetýaka söwdasyny giňeltmek bellenildi.

Türkmenistan Russiýa Federasiýasy bilen dostlukly, birek-birege peýdaly gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berýär. 1992-nji ýylyň noýabr aýynda Moskwada

Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk hakyndsa şertnama baglaşyldy. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan Garaşsyz döwletleriň arkalaşygyna girýär. Bu döwletara gurama 1991-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Almaata şäherinde öňki SSSR-iň düzümine giren respublikalaryň 12-siniň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda döredildi. Türkmenistanyň bu gurama garaýşy hakynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şeýle diýdi: “Biz Garaşsyz döwletleriň arkalaşygyna maslahat ediji gurama gurama hökmünde seredýäris. Ol ýerde diňe umumy kanunlary, umumy ylalaşyklary edip bolar diýýäris. Sebäbi bir kararda, bir ylalaşykda hemme kişiniň bähbidini göz öňünde tutmak mümkin däl. On iki döwletiň bähbidini bir karara sygdyryp bolanok. Biz indi ýaňadan haýsam bolsa bir döwlet bilen birigişip, haýsam bolsa bir döwletiň ygtyýaryna garaşsyzlygymyzyň bir bölegini tabşyryp bilmeris”.

**Bitarap Türkmenistan sebitde ylalaşdyryjy merkez hökmünde.**

BMG-nyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygyny ykrar etmegi ýurduň Aziýa sebitinde ylalaşdyryjy merkeze öwrülmegine esas boldy. Munuň özi ozaly bilen goňşy ýurt – Täjigistanda uzaga çeken gandöküşikli urşuň bes edilmeginde Türkmenistanyň araçylyk, ylalaşdyryjylyk tagallalarynyň uly ähmiýetiniň bolandygynda aýdyň ýüze çykdy. 1995-nji ýylyň ahyryndaky 1996-njy ýylyň ortalaryna çenli Aşgabatda Täjigistanyň hökümetiniň we birleşen täjik oppozisiýasynyň wekilleriniň arasynda gepleşikleriň üç tapgyry geçirildi. 1996-njy ýylyň iýul aýynda gepleşikleriň üçünji tapgyrynyň netijesinde, taraplar ok atyşygyny, harby hereketleri ýatyrmak barada bilelikdäki Aşgabat beýannamasyna gol çekdiler. Munuň özi biri-birlerine ýaragly garşy durýan sebitlere uzak garaşylan parahatçylygy, asudalygygetirdi we harby ýesirleri hem-de tussaglary çalyşmak üçin şertler döretdi. Bu gepleşiklere ýardam bermek üçin gelen BMG-niň Baş sekretarynyň ýörite wekili Gerd Merrem täjigara gepleşikleriniň

Aşgabatda geçirilmegi üçin şertler döreden Türkmenistanyň araçylyk , ylalaşdyryjy ornuna ýokary baha berdi.

Beýleki bir goňşy döwlet Owganystranda dürli jemgyýetçilik syýasy we etniki toparlaryň arasynda häkimiýeti ele almak ugrunda uruş hereketleri birnäçe ýyllpa dowam etdi. 1979-njy ýylda ozalky sowet döwletiniň goňşulaynyň Owganmystana girmegi bilen ol dawalar, harby çaknyşyklar has-da güýçlendi.

1997-nji ýylyň başynda Aşgabatda BGM-nyň howandarlygynda Owgabystanyň halkyna ynsanperwerlik kömegini bermek boýunça Halkara maslahaty geçirildi. Oňa BMG-nyň düzümindäki dürli edaralaryň, ençeme halkara guramalarynyň we gaznalarynyň wekilleriniň 250-den gowragy gatnaşdy. Türkmenistanyň Prezidenti S.A.Nyýazow bu maslahata gatnaşyjylara ýüzlenmesinde, Türkmenistanyň Owganystanda parahatçylygy dikeltmäge ähli çäreler arkaly ýardam etmäge gyzyklanýandygyny nygtap belledi.

Bu halkara duşuşygynda Owganystanyň ilatyny, ilkinnji nobatda içerki bosgunlary azyk, derman, agyz suwywe beýleki derwaýys zatlar bilen üpjün etmek, soňra bolsa uruşda weýran bolan halk hojalygyny diketltmek. Biri-birine ýaragly duran toparlanyşyklarynyň arasynda barlyşyga ýardam etjek çäreleri işläp düzmek ýaly möhüm meseleler ara alynyp maslahatlaşyldy.

1998-nji ýylyň ýazynda BMG-nyň howandarlygynda Aşgabatda Owganystanyň içinde parahatçylygy dikeltmek barada iki çäkli pikir alyşmalar geçirildi. Oňa biri-birine ýaragly garşy duran toparlaryň ikisiniň hem wekilleri gatnaşdylar. Şonda olar Türkmenistanyň Prezidentiniň Owganystanyň içerki işlerine gatyşmazlyk, doly deňhukuklylyk, Owganystanda parahatçylygy dikeltmäge ýokary derejede hemaýat etmek ýörelgelerine uly sylag-sarpa goýýandygyny aýtdylar. Bu pikir alyşmalaryň netijesinde “demirgazyk alýans” atly toparlanyşyk bilen talyplar hereketiniň arasynda gepleşiklere başlamak üçin ylalaşdyryjy topary döretmek barada karar edildi.

BMG-niň, ençeme halkara guramalarynyň, bitarap Türkmenistanyň owgan halkynyň parahatçylykda ýaşamagyna gönükdirilen tagallalaryna garamazdan, gandöküşikli owgan meselesini tä 2001-nji ýylyň güýzine çenli çözmek başartmady. 2001-nji ýylyň sentýabr aýynyň 11-nde ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde bütündünýä söwda merkeziniň jaýy we Waşington şäherinde Pentagonyň jaýynyň bir ganaty halkara terrorçylar tarapyndan weýran edildi. Dünýäniň köp döwletleri, şol sanda Türkmenistan hem amerikan halkyna duýgydaşlyk bildirdiler we halkara terrorçylary aýgytly ýazgardylar. Owganystandaky talyplar hereketiniň şol terrorçylaryň ýaranlarydygy halkara jemgyýetçiligine mälim boldy. ABŞ-nyň harby-howa güýçleri Owganystanda talyplar hereketine garşy uruşa başladylar. NATO bileleşigine girýän döwletler Päkistan, Merkezi Aziýanyň käbir döwletleri, Owganystanyň öz içinde “demirgazyk alýansyň” goşunlary ABŞ-a goldaw berdiler. Şu çylşyrymly şertlerde Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesiniň ähmiýeti has-da aýdyň ýüze çykdy. Ol Owganystandaky uruş hereketlerine goşulmady. Owganystanda talyplar hereketi ýeňildi. Ýurtda

parahatçylykly durmuşa geçmek we uruşda ýumrulan halk hojalygyny dikeltmek üçin mümkinçilik döredi. Dünýä bileleşiginiň döwletleri we halkara guramalary tarapyndan Owganystana berilýän ynsanperwer kömek üzül-kesil köpeldi. Bu ynsanperwer kömegiň owgan halkyna gowuşmagyna Türkmenistan hemmetaraplaýyn godaw berdi. Kömek üçin gelýän ýükleriň 40%-e golaýy Türkmenistanyň Türkmenabat we Serhetabat şäheriniň üsti bilen Owganystana geçirildi.

Türkmenistanyň hökümeti owgan halkynyň uzaga çeken uruşdan soňky kynçylyklaryny nazarda tutup, ýurduň ösüşine köptaraplaýyn goldaw berýär. Munuň özi ozaly bilen Owganystana elektrik energiýasynyň, gazyň, nebit önümleriniň ýeňillikli şertlerde satylmagynda aýdyň ýüze çykýar. 2002-nji ýylyň mart aýynda Türkmenistan Owganystana tarap elektrik ulgamlarynyň ikisini gurmak barada ylalaşyk gazanyldy. Olaryň birinjisi 2002-nji ýylyň birinji ýarymynda Türkmenistanyň Ymamnazar diýen ýerinde Owganystanyň Antguýy-Şybyrgan, Mazary-Şerif şäherlerine çenli guruldy. Olaryň ikinjisi bolsa 2004-nji ýylyň ýazynda Türkmenistanyň Serhetabat şäherinden

Owganystanyň demirgazyk welaýatlarynyň merkezi Hyrat şäherine çenli gurulyp ulanylmaga berildi. Şunuň netijesinde Mary DES-inden Owganystana iberilýän elektrik energiýasy ýylda 200 mln.kwt sagada ýetdi. Şu gurluşyk amala aşrylanda türkmen energogurluşykçylarynyň hakyky edermenlik görkezendigini hem aýtmalydyr. Elektrik ulgamynyň käbir bölеklerini köp ýyllyk söweşlerden soň ýarylman galan minerallaryň we snarýadlaryň ýatan meýdanlarynyň içinden çekmeli boldy.

2006-njy ýylyň aprel aýynda Aşgabatda Türkmenistanyň we Owganystanyň resmi tooparlarynyň arasynda bu goňşy dostlukly ýurda satylýan elektrik energiýasyny köpeltmek barada ylalaşyk gazanyldy. Türkmen tarapy Mary DES-dan Owganystanyň serhedine çenli 350 km aralykda kuwwatly elektrik geçirijisini öz güýji bilen gurjakdygyny mälim etdi. Munuň özi Owganystana satylýan elektrik energiýasyny ýylda 800 megawata çenli artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Aşgabatda halkara howpsyzlygynyň pugtalanmagyna gönükdirilen başga-da ençeme çäreler durmuşa geçirildi. 1997-nji ýylyň iýun aýynda bu ýerde pyýada goşunyň garşusyna minalaryň ulanylmagyny gadagan etmek barada halkara maslahat geçirildi. Ýokarda, Owganystanyň mysalynda hem ýatlanylyp geçilişi ýaly, Merkezi Aziýa sebitinde şeýle minalaryň ep-esli mukdary saklanyp galypdyr. Dünýäniň 60 dwletiniň territoriýasynda şeýle minaly meýdanlaryň saklanyp galandygy mälimdir. Aşgabat maslahatynda pyýada goşuna garşy minalary öndürmegi, toplamagy, ulanmagy hem-de ýaýratmagy gadagan etmek hakynda ylalaşyk gazanyldy.

Türkmenistan 1997-nji ýylyň ahrynda Kanadanyň Ottawa şäherinde geçirilen halkara maslahatynda kabul edilen, pyýada goşuna garşy minalary gadagan etmek baradaky şertnama sebitde gol çekilen ilkinji döwletdir.

Häzirki döwürde bütün adamzadyň parahatçylykda ýaşamagyna wehim salýan örän howply meseleleriň biri halkara terrorçylygy we guramaçylykly jenaýatçylykdyr. Şu ýerde Türkmenistanyň bitaraplygynyň many-mazmuny

barada bir pikiri aýratyn belläp geçmek gerek. Türkmenistanyň bitaraplygy dürli döwletleriň biri-birine garşy harby bileleşiklerine goşulmazlygy aňladýar. Emma ol adamzadyň asudalygyna, howpsyzlygyna wehim salýan halkara terrorçylygy ýaly meselelerde bitaraplygy asla aňlatmaýar. 2002-nji ýylyň noýabr aýynda Aşgabatda watan dönükleriniň bir toparynyň daşary ýurtlardan gelen birnäçe jenaýatçylar bilen bilelikde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň janyna kast etmäge synanşygy hem halkara terrorçylygynyň adamzat jemgyýetine nähili howp salýandygyny görkezdi. Bitarap Türkmenistan halkara terrorçylygynyň aýgytly ýazgarýar.tüürkmenistan halkara terrorçylygyna we guramaçylykly jenaýatçylyga garşy göreşmek boýunça BMG tarapyndan kabul edilen esasy resminamalaryň 12-ne goşuldy.

Şeýlelikde, bitarap Türkmenistanyň sebitde ylalaşdyryjy merkez hökmünde durmuşa geçirýän çäreleri onuň halkara abraýynyň barha ýokarlanmagyna alyp barýar.

## Seljuk türkmen döwleti

§ 1.Seljuk-gaznaly gatnaşyklary.

§ 2.Beýik Seljuk türkmen döwletiniň döremegi.

§ 3.Beýik Seljuk türkmen döwletiniň syýasy gurluşy.

§ 4.Nyzam el-mülk. ,, Syýasatnama”

Gaznaly döwleti esaslandyranlar Oguz hanyň iň uly agtygy Gaýa taýpasyndan gaýdan nesillerdir. 962-nji ýylda döwleti easlandyran, döwleti döwlet eden soltan Söbük hökümdaryň ogly Mahmyt Gaznaly musulman taryhynda uly hökümdarlaryň biri hökmünde tanalýar. Ol yslam dinini ýaýratmakda we goramakda çäksiz uly işleri bitiripdir. Mahmyt gaznaly özara uruşlary döreden kiçi inisi Ysmaýyly ýeňýär, samanlylaryň nesilbaşysy ejiz hökümdarlary özüne garaşly edýär. Horasana we Gazna eýelik etmekligiň ygtyýar beriji hatyny Bagdat halyfyndan alýar. Halyf ,,Eýeçiligiň mundan beýläk özüne degişli däldigi” barada ýazmaça görkezme berýär.

Soltan Mahmyt Gaznaly gysga wagtyň özünde gysga wagtyň içinde öz ýygynyny gaty güýçli düzýä, musulman oguzlaryň uly bölegini öz ordasyna çekip, goňşy ýurtlara yslam dinini ýaýmagyň aladasynda bolýar. Öz döwründe güýçlenmegiň zerurlygy hökmünde yslamy ýaýmak, ýurdyňy giňeltmek esasy maksat bolupdyr. Onuň döwletiniň ýeri gysga wagtyň içinde Horasana, Köneürgenje, Yraga, Balha, günorta-gündogar Eýrana , demirgazyk Eýrana çenli giňeýär.

Güýçli goşun toplap, ilek hanlar bilen , Samanlylaryň güýçden gaçan döwleti bilen ylalaşyk baglaşyp, Mahmyt

Hindistana ýörüşlere başlaýar. 1001-1026-njy ýyllar aralygynda ol on ýedi gezek hindi düzlüklerine aralaşýar. Öz ýörüşlerini giňeldip Kaşmiriň, penjabyň çäklerinden çykyp, Kanujy, muttruny (1018ý), 1024( 415 ) –nji ýylda Güjeratyň paýtagty Anhalwary we Somnaty basyp alýar. Bu ýörüşler basybalyjylykly häsiýetde bolup, talaňçylygy we butparazlygy ýok etmeklige niýetlenipdir. ,,Butlary ýumrujy “ diýip at alan Mahmyt öz döreden döwletiniň paýtagty bolan Gazna dolanýar, hindi buthanalaryndaky

gymmat bahaly baýlyklary hem özi bilen alyp gaýdýar. Emma şol bir wagtda bu ýörüşler düýpli yz galdyrýar; Penjap düýpli dyza çökerilýär. Güjerat basybalyjylaryň bellän pajyny kabul edýär. Hindi goşunlaryndan başga-da Mahmyt Ilek hanyň üstüne çozýar, Gury (1010) boýun egdirýär we Murgabyň boýlaryny eýeleýär(1012ý); hatda 1016 (407) –nji ýylda uyl şäherler Samarkandy we Buharany özüne birleşdirýär. Hökümdarlygyň ahyrynda ol özüniň ilkibaşda paýhassyzlyk bilen hemaýat eden seljukly türkmen harby serkerdeleriTogrul beg we Çagry beg tarapyndan howp abanýandygyny duýýar; ýöne olar 1027 (418) –nji ýyla çenli öz wepalylygyny saklaýarlar. Olaryň gutarnykly şöhrat gazanyşlaryna çenli Mahmyt 1030( 421)-njy ýylyň baharynda dünýäden ötýär.

Mahmyt Gaznalynyň ylma, sungata we edebiýata sahylyk bilen eden hemaýaty döwlet adamy we harby serkede hökmünde gazanan şöhratyndan pes däldir. Ol Gaznada ýokary mekdebi esaslandyrýar; onuň sahylygy üçin ajaýyp edebi zehinler ( olaryň hatarynda Ferdöwsi hem bar ) emele gelýär. Gazna şol döwürdäki ähli şäherlerden özüniň owadanlygy, köşkleri we metjitleri,

suwaryş we jemgyýetçilik desgalary babatda tapawutlanýar.

Seljuk türkmenleri hem atarman, çaparman, batyr, merdana halk. Eýse Mahmyt Gaznaly seljuk türkmenlerini näme diýip öz ýurduna --- Horasana çagyrýar? Köp taryhçylar Mahmyt soltan öz türkmenlerine ýagşylyk edip, çagyrandyr öýdüp ýalňyşýarlar. Mahmyt soltanyň asly hem türkmen , onuň goşynynyň aglabasy hem türkmenler.Horasanda türkmenler şäher-şäher. Oba-oba bolup ýaşaýarlar. Merwde, Abiwertde, Nusaýda, Sarahysda, Amulda, Balkanda, Zemde, Mawerrennahrda, Müňgyşlakda, Wasda türkmen ýaýylyp ýaýrap otyr. Mahmyt soltan Hindistana on ýedi ýola ýörüş edýär, onuň gaznalary altyn-kümüşden doly. Onuň öňünde durup biljek güýç ýok, onuň döwletine howp salyp biljek güýç welin bar. Olar öz türkmenleri. Mahmyt soltanyň türkmenleri Jeýhun derýasyndan geçirip , göçürip getirmeginiň aňyrsynda örän ullakan syýasy pirim bar. Ol müňlerçe ýyllap ,, Agzyny alartda hýküm sür " pelsepesiniň oýun çöpi. Seljuk türkmenleri göçüp gelýär. Emma ozaldan oturan türkmenlerden kim oňa ýer-ýurt berjek, öri berjek?

Seljuk türkmenleri ýaşamak üçi n göreşmeli. Seljuklary hut soltanyň özi ilerläp çagyrdy, diýmek , olar ozalky türkmenlerden arzyly. Ýer-ýurdy bolsa olaryň özi tapjak . Diýmek uruş boljak! Türkmenleriň öz aralarynda ! Diýmek, Mahmyt soltan Hindistana arkaýyn ýörüş edip biljek, çünki ol türkmenleriň arasyna uruş közüni oklady. Ýene bir ýola janyny barlamak üçin ol seljuk türkmenleriň serkerdesi Arslan hany görme –görşe çagyryp bendi edýär. Hindistanda Kelejar galasynda taşlanan Arslan han parahat zamanda agöýli hökmünde saklanýar. Soltanyň pikiriçe, Arslan han onuň gol astyndaka seljuklar soltana garşy baş göterip, ýer-ýurt dawasyny edip bilmeli däl. Seljuklar diňe Horasanda ýaşaýan türkmenler bilen urşaýmaly. Olara başga ýol ýok ! Emma zandy asylly seljuk türkmenleri ýer-ýurt üçin öz türkmenleri bilen söweşe girmeýär, olar hut soltandan kanuny ýer almagyň ugruna çykýarlar. Soltan olara ýer-ýurt berýär, emma Mahmyt soltan ölüp ornuna Mesut soltan bolanyndan soň, soltanlygyň syýasaty üýtgeýär. Seljuk türkmenleri bilen Masudyň arasyna uruş-jeň düşýär.

Mahmydyň eýelän çägi Lahordan Samarkanda we Yspyhana çenli uzalypdyr, ýöne ol tiz wagtdan soň, demirgazyk welaýatlarynda jyda düşýär. Soltan Mahmydyň ogly soltan Mesut tagta geçenden soň, onuň esasy işi Horasan üçin seljuk türkmenleri bilen çaknyşmak bolýar. Iki türkmen tiresi Oguz ýurdunyň üstinde ilki Täk (Durun) galanyň töwereginde 1038-nji ýylda söweşýär, ondan kän wagt geçmänkä , Sarahs töwereginde ýene çaknyşýar. Bu iki söweşiň netijesi seljuk türkmenleriniň ýeňşi bilen gutarýar. Ahyry 1040-njy ýylda Daňdanakan söweşinde soltan Mesudyň ýygyny seljuk türkmenleri tarapyndan derbi-dagyn edilýär. Bu söweşden soň Horasan, Eýran, Köneürgenç, Mawerrennahr seljuk türkmenleriniň eline geçýär. Gazna döwleti ondan soň gaty garyşyk ýagdaýda ýaşaýarlar, esli wagt bu döwlet seljuklara tabyn bolup galýar. Seljukly türkmenlerb gadymy Mary şäherinden 70 kilometr uzklykdaky Daşrabadyň golaýynda Daňdanakanda 1040-njy ýylda bolan söweşde Mahmydyň ogly Mesuda ýeňlişe duçar edýärler we gaznalylaryň hökümdarlygyny syndyrýarlar.

XI – XII asyrlarda Daňdanakan söweşinde tutuş Aziýa sebitinde däl, dünýäde iň bir kuwwatly türkmen döwletiniň soltany Mahmyň Gaznalynyň ogly soltan Masudyň goşunyny çym-pytrak eden türkmen hanlarynyň kyrka golaýy bir saçagyň başynda  jem bolup, täze türkmen döwletini yglan edýärler.

Beýik ýeňişden soň Maryda bolan uly türkmen gurultaýynda döwlet yglan edilip, iki doganyň hormatyna basyp alan ýerleriniň metjitlerinde hutba okalýar. ,,Patyşalaryň patyşasy “ diýip at alan Çagry beg Merwde, Togrul beg özüni Nyşapurda patyşa diýip yglan edýär. Gysga wagtyň içinde seljuk türkmenleriniň döwletine Balh, Jürjan, Tabarystan, Köneürgenç, soňra Jybal, Hemedan, Dinawar, Hulwan, Reý we Yspyhan birikdirilýär.

Olaryň bürgüt diýen manyny berýän bu ady götermekleriniň göçme manysy bar. Biziň bäşinji eýýamymyzda türkmen ruhy bedew bolan bolsa, üçünji eýýamymyzda türkmen ruhy bürgütdi. Şonuň üçin hem bu eýýamda türkmen serkerdeleriniň bürgüt ady gýtermekleri tebigy zatdyr. Seljuk beg ýaşy ýüzden geçip, Jentde aradan

çykansoň ogly Arslan han Togryl bilen Çagryny Buharanyň Nur ýaýlasyna getirýär. Emma Seljuk begiň edep-terbiýesini alan iki doganyň bar arzuwy Horasana geçmek, şol ýerini hem özlerine ymykly ýurt tutunmakdy. Şu maksat bilen hem yz çalmak üçin Çagry ýetginjek çykyp, ýanyna ýigitlerini toplap, Horasandan geçip, tä Rum iline çenli ýörüş edip gelýär. Arslan Hanyň soltan Mahmyt tarapyndan zyndana atylmagy netijesinde iki dogan Horasana geçmegi ymykly ýüregine düwýär. Olar 1035-nji ýylda Jeýhun derýasyndan geçýärler. Ilki maksatlary Täk gala töweregine gelmek bolýar. Ony gowulyk bilen soltan Mesuda düşündirip hat ýazýarlar. Hatda şeýle diýilýär :„ Çölüň gyrasynda bolan Nusaý bilen Paraw welaýaty bize berilsin, goşumyz bilen haýwanlarymyzy ol ýerde goýaly, aladasyz bolaly. Balkan dagyndan, Dehistandan, Köneürgenç serhedinden we Jeýhun taraplaryndan hiç bir arabozaryň kellesini galdyrmagyna maý bermeris.” Nama bilen düşünişip bilmänsoňlar , 1038-nji ýylda Täk galanyň töwereginde seljuklar bilen gazna döwletiniň ýygynynyň arasynda ilkinji söweş bolýar. Söweşde seljuklar ýeňiş gazanýarlar. Soň Sarahs töwereginde bolan söweşde hem

ýeňiş ýene seljuklaryň paýyna düşýär. 1040-njy ýyldaky Daňdanakan söweşi bolsa, seljuklara beýik Seljuk döwletini berýär. Bu ýeňiş olara ata ýurdyny ömürlik gaýdyp berýär.

XI – XII asyr Seljuk türkmen döwletiniň pajarlap ösen döwri bolupdyr. Onuň gür ilatly merkezi bölegi häzirki Soltangala köne şäheriniň tutýan meýdanyny tutupdyr, onuň daşyna salnan diňli diwar telim gezek ýykylypdyr we gaýtadan dikeldilipdir. Soltangalanyň günbatar tarapynda giň senetçiklik kwartallary, şol sanda küýzegärler kwartallary ýerleşipdir. IX- X asyrlarda bolşy ýaly bu döwürde hem ykdysadyýetde esasy ösen senetçilik bolupdyr. Bun ýerde  XI – XII asyrlarda ýokary sortly ýüpek matalar, dürli keramiki we metal önümlerhem-de senetçilik önüminiň başga görnüşleri öndürilipdir. Senetçiligiň ösmegi we onuň oba hojalygynd

An bölünip aýrylmagy şäher ilatynyň ösmegine we çig mala we azyk önümlerine bolan isleginiň artmagyny şertlendiripdir. Söwda ykdysady gatnaşyklar ösüpdir, Marynyň hatda käbir kwartallarynda aýratyn bazarelar

bolupdyr. XII asyrda Mary birnäçe owadan jaýlar bilen bezelýär, şol ýaýlaryň arasynda Soltan Sanjaryň ajaýyp mowzeleýi birinji orny tutýar, ol Orta Aziýanyň arta asyr arhitekturasynyň iň gowy ýädigärlikleriniň biri hasap edilýär. Maryda uly-uly kitaphanalar, mekdepler, medreseler, ylmy ojaklar bolupdyr, şol mekdepleriň birinde bolsa döwlet gullykçylary taýýarlanypdyr.

Seljuklaryň döwründe ykta düzgüni hemme ýerde ýaýraýar, ýere eýelik etmegiň tipik feadolçylyk formasy bolan bu düzgün ýer yktanyň şol ýerde ýaşaýan daýhanlar bilen birlikde feadolyň ( muktanyň ýa-da yktydaryň) peýdalanmagyna berlip gelenliginden, şol feadolyň bolsa öz peýdalanmagyna berlip gelenliginden, şol feadolyň bolsa öz peýdalanmagyna berlip gelenliginden, şol feadolyň bolsa öz peýdasy üçin daýhanlardan hyraç ýygnanlaryňndan we şol pula belli bir sanda esger saklananlygyndanybaratdyr. Kanun boýunça eger daýhan salgydyny birkemsiz töläp bilse,onda daýhanyň şahsyýetine degmäge ygtydaryň haky ýok eken. Alp Arslanyň we Mälik şanyň weziri Nyzam el-mülk şeýle ýazypdyr:,, Yktalary bolan muktalar özlerine tabşyrlan işden, kanuny suratda

berilýän algyt-salgydy oňat edip ýygnamakdan başga halk barada hiç zat etmeli däldiklerini goý bilsinler; olar muny ýygnan bolsalar , goý halkyň jany, emlägi, aýaly we çagalary howpsyz bolsun, goý olaryň zatlary we mülkleri howpsyz bolsun, goý mukta halkyň ýanyna hiç zar diýip barmasyn .“ Nyzam el mülk bu meselä şeýle çalt-çaltdan dolanyp gelýär, hatda yktadarlar tarapyndan hukuklaryň ýygy-ýygydan artdyrylyp ulanylandygyşübhesiz bolýar.

Yktadarlar ilki başda miras boýunça eýelik edýän adamlar däl eken. Nyzam el-mülk hatda olary her 2-3 ýyldan çalşyrmagy ham maslahat berýär. Yktydarlar özlerine wagtlaýyn berlen „raýyň ‘’ ( salgyt töleýji sosolowiýanyň ) hasabyna baýlaşmaga çalşyp, daýhanlary bütinleý tozmak we gaçyp gitmek ýagdaýyna salandyklary üçin, olary has-da beter çalşyrmaly eken.

Türkmenistanyň XI-XII asyrlardaky synpy strukturasy çylşyrymlydyr we ýeterlik öwrenilmändir. Feadol synp birnäçe kotegoriýalardan : hökümdar begzadalardan (mülkleriň we welaýatlaryň miras boýunça geçýän hökümdarlaryndan ), köp sanly yktadarlardan ,

çarwa taýpalaryň feodal-urug han-beglerden, emeldarlardan, gadymy dekhan nebereleriniň azrak sanly galyndylaryndan ybarat bolupdyr. Daýhanlar hem birmeňzeş bolmandyr, oturymly daýhanlar-da, çarwa daýhanlarda bolupdyr. Oturymly daýhanlar hyraç almak arkaly feadol şalar ýa-da gös-göni yktadalar tarapyndan eksplutasiýalanypdyr. Daýhanlaryň ep-esli bölegi eýýam pese düşüp ülüçşiler-barzigalar ýagdaýyna ýetipdir. Daýhanlar synpynyň möhüm sostaw bölegi patriarhal-urugçylyk guramasyny saklapsaklap galan sähraly we dagly maldar taýpalaryň garamaýak obşinaçylaryndan ybarat bolupdyr, çarwalaryň köp bölegi eýýam özleriniň feodal-urug han-begleri tarapyndan güýçli eksplotasiýa sezewar edilipdir.

Feodallardan we daýhanlardan feodalçylyk jemgyýetiniň bu esasy synplaryndan başga-da , ol gullary we şäherleriň söwda senetçi ilatyny hem öz içine alypdyr. Söwdagärler uly täjirlere we kiçi dükançylara, ,,bazar adamlaryna” bölünipdir. Kiçi söwdagärlere köp sanly senetçiler, ýagny ussalara we şägirtlere bölünün hem-de sehlere guralan senetçiler degişli bolupdyr.

Seljuklaryň döwlet apparaty özüniň käbir sypatlary boýunça Sasanitleriň we Gaznawitleriň döwlet apparatyna meňzeş bolupdyr ýöne ol rejeliligi we guramaçylygy ep-esli derejede ýitiripdir, bu bolsa döwletiň feodal dagynyklygy bilen baglanşykly bolupdyr.

Seljuklar urugyndan bolan soltan döwletiň baştutany bolup, onuň ýuridiki taýdan çäklendirilmedik häkimiýeti bolupdyr. Nyzam el-mülk tarapyndan ýazylan ,,Syýasatnama “ diýen kitabynda şeýle diýilýär:,, Şanyň zulmundan we jezasyndan hemmeler titreýär. Şa, birine gahary gelen mahalynda, onuň kellesini kesmegi, elini we aýagyny çapmagy, dar agajyndan asmagy, taýak bilen urmagy, zyndana salmagy, çukura taşlamagy buýurýar”. ,, Ýurt we halk soltanyňkydyr” diýip ol başga bir ýerde ýazýar. Soltan peşgeşler we yktalar beripdir, iň möhüm ýörüşlerde goşuna hut özi baştutanlyk edipdir, sud edipdir, kärizler we kanallar gazmak, galalar we rabatlar gurmak hakynda onuň emirleriniň, uly feodallaryň maslahaty tarapyndan, ony Nyzam el-mülkiň atlandyryşy ýaly ,, ýokary ýygnak “ tarapyndan çäklendiripdir.

Seljuk döwleti soltan Arp-Arslanyň (1063-1072) we onuň ogly Mälik şanyň (1072-1092) höküm süren wagtynda ylaýta-da güýçlenipdir.

Alp Arslan mahalynda Ermenistan basylyp alnypdyr(1064). Gruziýa talaňçylykly ýörüşler edipdir(1065) we Wizantiýa bilen uly çaknyşyk bolup, bu çaknyşyk Ermenistanda Malazgirdiň ýanynda bolan söweşde Wizantiýa goşunynyň çym-pytrak edilmegi bilen gutarypdyr, şonda imperator Roman Diogeniň özi hem ýesir düşüpdir. 1072-nji ýylda Alp Arslan Mawerrennahri basyp almak maksady bilen ýörüşe ugrapdyr.

Sanjar Seljuklar dinastiýasynyň guýçli patyşalarynyň iň soňkusy bolupdyr.Ol 1157-nji ýyla çenli Horasany dolandyrypdyr.

Soltan Sanjaryň dolandyran wagty Horasanyň ep-esli güýçlenen mahaly bolupdyr.1102-nji ýylda Sanjar Termizi basyp alandan soň,Seljukitleriň ýerlerini aralaşmak barada bellenen ýörüşiowam etdirmage synanyşan Garahanitleri derbi-dagan edipdir.1117-1118-nji ýyllarda ol Gaznawit Arslan şany derbi-dagan edipdirwebasym Gaznawitler

Sanjaryň wassallary bolupdyr.1130-nji ýyldaol Mawerennahyra ýörüş edipdirweony dolandyryjylary ýene-de boýun egdiripdir.

Şeýlelik bilen XXI asyryň 30-nji ýyllarynda Sanjaryň döwleti Horasandan başgada,Balhy,Hyrady weJürjany öz içine alypdyr,şunda Samarkandy,Horezmiň,Seýistanyň weGaznanyň sahypalary wassal hökümdarlar hökmünde Sanjarar tabyn bolupdyr.

Bu uly döwlet berk bolmandyr.XI asyryň ahyrlaryndaky şowsuzlyklar çylşyrymly döwlet guramasyny gutarnykly weýran edilipdir.Iri döwlet emeldarlary welaýatlaryň miras geçýan hökümdarlaryna-hökümdar feodallara -kemden öwrülipdirler.Horezmiň,Guryň we Seýistanyň hökumdarlary bütünleý diýen ýaly garassyzlygy gazanypdyrlar; bularyň ilkinji ikisi hemişe Sanjara garşy göreşipdirler,Sanjar bolsa şolara garşy uruşlarda ençeme ýyllarynna geçiripdirler.Ilkinji derejeli emirler hem garaşsyz bolup galypdyr.Kä wagtlarda olar hem özleriniň

pikirini Sanjaryň boýnuna dakmagy bilipdirler.Şeýlelik bilen,merkezi häkimýet ep-esli gowşapdyr.

Synpy garşylyklaryň ýitileşmegi we feodalçylyk anarhiýasynyň ösmegi Horasanda Seljuk döwletiniň gowşamagyna getiripdir.1141-nji ýylda Sanjar Mawerennahyrda çarwa garahytaýlylaryň güýçli ýeňşine sezewar bolupdyr,şol garahytaýlylardan bolsa şonuň yzy bilen Buharany eýelapdirler.

Horasanda we Horezmde feodalçylyk pitneleri dowam edipdir.Ahyrda 1153-1157-nji ýyllarda oguzlaryň we türk dilinde gepleýan beýleki taýpalarynyň gozgalaňlary Seljukitleriň döwletiniň synmagyna getiripdir.

## „Syýasatnama”

Seljuk döwleti barada gürrüň edenimizde ,,Syýasatnama’’ eseriniň üstünde durup geçmezlik mümkin dal.Sebabi,Malik şanyň emri bilen döran bu eser gös-göni seljuklar dinastiýasynyň soltanlaryna niýetlenip ýazylypdyr.

,,Syýasatnamanyň,, ýazylmagyna name sebap bolupdyr?

Taryhy maglumatlaryň habar bermegine görä ,Merwiň bagtyýar soltany Mälik şa ýanyna köşk emeldarlaryny we parasatly gojalary çagyryp şeýle diýipdir;

Biziň döwletimiz hakda heriňiz özbaşdak oýlanyp görüň.Synlaň,onda näme ýaramaz hem-de Biziň köşkde,diwanda,döwlet kabul edişliklerde we ýygnaklarda nämeler berjaý edilýär.Bizden gizläp ýatan ähli zatlary ýazyň, nähili borçlar bar, olary bizden öňki hökümdarlar nähili ýerine ýetiripdirler we bizde nämeler berjaý edilmeýär. Şeýle-de ozalky şalaryň däplerinde we düzgünlerinde seljuk döwletine hem şalygyna degişli bolup biljek ähli zatlardan netije çykaryp beriň. Bu bize geljekde nämäniň nämeligine düşünmegimiz hem-de diniň we ýokary gatlagyň adamlarynyň işleri öz düzgüni boýunça amala aşyrmagy, her bir wezipäniň ýerine ýetirilmegi hem-de ýaramaz zatlaryň ortadan aýrylmagy nukdaýnazardan höküm edip bilmegimiz üçin gerek. Duşmanlary tabyn edip bize haýyr işleri bakdyran şöhraty egsilmez Gudraty güýçli Allatagalla bu dünýäni biziň eýelemegimizi makul bildi. Biziň döwletimizde nämedir bir zatda kemçilik

bolmagynyň,wezipeleriniň ýaramaz alnyp barlmagynyň hajaty ýok,,.

Mälik şa bu görkezmäni ilkinji nobatda özüniň baş weziri Nyzam al –mülke, köşgüň tanalýan adamlary Şaraf-al Mülke, Taç al- Mülke, Mejit el Mülke we şular ýaly beýleki wezipeli we sowatly adamlara berilýär.

Şanyň emri bilen yglan edilen şol konkursyň talaplaryna eýerip, Nyzam el-mülkiň ýazan nesihatynyň baplary Mälik şada aýratyn uly täsir galdyrypdyr. Onuň bu barada :

--- Bu baplar meniň ýüregimiň islegine görä ýazylypdyr. Muňa goşara zat ýok. Men bu kitaby özüme gollanma edinýärin, bu barada iş alyp barjak diýen joşgunly sözleri taryhy ýazgylarda saklanyp galypdyr.

Eýsem, ,,Syýasatnamanyň ‘’ awtory Nyzam al-Mülk nähili adam bolupdyr? Bu barada Žukowskiý şele belläpdir,, Alp Arslanyň we onuň yzyny tutan Mälik şanyň şalygynyň taryhy olaryň ikisini-de baş wezir bolup hyzmat eden Nyzam –al mülkiň şahsy bilen berk baglanşyklydyr.

Musulman Gündogarynyň ajap şahsy bolan Nyzam al-mülkiň öýi hemişe adamlardan, alymlardan, kanunçylardan, haýyr shawatçylardan doly bolan. Aň-bilim barada yzgiderli alada etmek bilen ol Yspyhan, Nyşapur, Hyrat, Balh, Bagdat ýaly şäherlerde ummasyz pul serişdelerini harçlap medreseler we hammamlar açdyrypdyr. Bagdatdaky akademiýa onuň adyny göterip, ,,Nyzamyýa “ diýip atlandyrlypdyr. Şeýle işleri öz ýaşap öten ýeri bolan Merwde-de etdirpdir.”

Bu kitap käbir arap çeşmelerinde ,, Syýar-el-mülk’’(,,Patyşanyň gylyklary”) diýip atlandyrypdyrlar. ,, Syýasatnama birnäçe delillere , şol sanda ýewropa halklarynyň hem dillerinde terjime edilipdir. Olaryň iň irkisi Britan muzeýinde saklanylýan galýazmadyr. Onda edilen bellige görä, golýazma 1032-nji ýylda, Urmiýa şäherinde Emir-Hajyp-Alp-Jemal-ed-diniň buýrygy bilen 564- nji ýylda (1168-69) ýylda ýazylan golýazmadan göçürilip alnypdyr.

Syýasatnamanyň dili ýeňil, ol örä gymmatly hem gyzykly okalýar.

Ir wagtlar wezirleriň teklipler görnüşinde ýazan, şa tarapyndan tassuyklanýan işlerini ,,muwadaat" diýip atlandyrar ekenler, ,,Syýasatnamada " mueadaadyr. Onuň her bir babyny döwleti dolandyrmak jähtden, şalara berilýän parasatly nesihatlar, öwüt-ündewler, gyzylyň garyndysy ýaly gyzykly tymsllardyr hekaýalar düzýärler. Özü-de Ajam şasy Dariden başlap mongollar döwrüne çenli, tä 2000 ýyla çenli çekýän dürli döwürlerden didaktiki epizodlary beýan edýär. Olar esasan, Musa, Isa, Süleýman, Muhammet pygamberleriň , Lukman, Omar, Osman, Aly şeýle-de Şalar hem soltanlar bolan Isgender Zülkarneýin, Nowşirwan Adyl, Nuh, Harun ar Reşid, ne Mahmyt Gaznaly, Alp Arslan ýaly birnäçe belli taryhy şahslaryň sözlerine we hereketlerine ýöňkelip getirilýär. Olarda patyşalaryň ýurdy akylly-başly dolandyryp bilmekleri üçin zerur hasaplanan gylyk- häsiýetleriň görnüşleri göz öňünde tutlypdyr. Ine käbir mysallar:

Magşar güni halkyň üstinde häkimlik edenleriň elleri boýnuna daňylgy bolarmyş. Eger-de ol adalatly bolan bolsa adyl sud onuň ellerii çözermiş we ol jennete ugrarmyş;

eger-de adalatsyz bolan bolsa , onuň eli daňylgylygyna dowzaha taşlanarmyş.

*****

Döwleti altyn bilen däl-de adamlar bilen dolandyrmaly. Sebäbi altyny getirýänler hem adamlardyr.

*****

Soltanyň gowusy ylmy adamlar bilen gatnaşykda bolýar. Ylym adamlarynyň ýaramazy soltanlar bilen ýakyndan gatnaşýarlar.

*****

Bujurmihrden ( Nowşirwan Adylyň weziri ) – Sasanidler döwletiniň häkimliginiň ýykylmagyna näme sebäp boldy –diýip soranlar. Ol şeýle jogap beren:

--- Iki zat sebäp boldy. Birinjisi sasanidler dinastiýasy uly işleri maýda işgärlere we nadanlara ynanypdyr. Beýlekisi , Sasanidler öz töweregine bilim adamlaryny toplaman, bar işi aýallaryň we çagalaryň ygtyýaryna berdiler: olaryň ikisinde-de ne akyl bar, ne-de bilim.

Haçanda işler aýallaryň we çagalaryň meline düşse, bilip goý, şol nesilden patyşalyk gidýändir.

*****

Soltan Mahmydyň goşuny türkler, harsanlylar, araplar, hindiler, deýlemler, guridler ýaly dürli tirelerden düzmük däbi bolan. Söweş güni gelende tireleriň ähli si öz atlaryny we şöhratlaryny beýlekilerden gabanyp, ,,pylan tire söweşde ejizlik etdi diýmesinler "diýip, biri-birlerinden ökde çykmaga çalşyp söweşer ekenler.

Goşunyň dürli tirelerden düzülmegi derek.

Kitapda ertekilere, ýagny, agalyk edýän dini taglymatlaryň garşysyna,gidýänlere 15 bölüm bagyşlanypdyr. Olar Mazdak, Sumbad Göwür(kapyr), Mübärek ( Karamatyýe ) , Kyýas Matyny, Muhammet Nahşaby, Bu Tahyr, Bu Seýit Janyby, Bu Seýit Jannyby, Muhammet Alawy Burkan, Mukanna Merwezi, Babak ýaly taryhda yz galdyran şahslaryň ýolbaşçylygynda dürli döwürlerde alnyp barlan gozgalaňlardan epizodlar girizilipdir.

Üstünde 9 asyr geçendigine garamazdan biziň günlerimize gelip ýeten ,, Syýasatnama “ Orta asyr halklarynyň taryhyndan örän gymmatly maglumatlary berýär.

## Osmanly türkmen döwleti.

§ 1.Osmanly döwletiniň döreýşi.

§ 2.Osmanly hukugynyň umumy gurluşy.

Aslynda arap taryhçysy Hadidäniň pikirlerini diňlesek, onda Osman begligi 1299-njy ýylda däl-de 1187-nji ýylda kemala gelen bolmalydyr. Ýöne şol döwri düşündiren arap tyaryhçylarynyň ýazgylary Hadidäni goldamandyklary üçin biz 1299-njy ýylda döredi diýip kabul etmeli bolýarys. Osmanlylaryň guran begligi, Anadolynyň ( Turkiýe ) GB-nda gurlan bir beglikdi. Osmanly döwleti üç materikde berk döwlet bolup, 622 ýyllap dowam edýär. Osmanly döwletiniň ýerinde şu wagtky ýaşaýan döwletler:

**Ýewropada :** Gresiýa, öňki Ýugoslawiýa, Ruminiýa, Ýugoslowiýa, Ukraina we Moldowa.

**Aziýada** : Turkiýa, D.K. we G.O Kawkaz , Irak, Siriýa, Yzraýyl, Leban we Palestina .

**Afrikada :** Müsür, Hebeşistan, Siriýa, D,K. Çad, Libiýa, Tunis we Pars döwletleri

Osmanly döwleti iň uzak dowam eden türk döwleti bolup, Osmanly döwleti dünýäde iň uzyn höküm eden bir hanlykdyr.

Osmanlylar 16-njy asyrdan 18-nji asyryň başyna çenli Ýewropa döwletlerine sözüni ýöreden ýeke-täk döwletdir.

Birinji jahan urşyndan soň Osmanly döwleti ýykylýarka-da dünýäde iň öňde barýa birnäçe döwletleriň biri diýip kabul edilýärdi.

Alty asyrlap höküm süren Osmanly döwletiniň taryhyny şeýle görkezip bileris.:

- Gurulyş döwri (1299-1453)
- Ösüş döwri (1453-1579)

- Duran döwri ( 1579- 1699)
- Yza galan döwri ( 1699-1922)

Osmanly döwletiniň gurlyş döwründe Anadolynyň hemmesi diýen ýaly Musulman- Türk beglikleri öz aralarynda söweşýärler.

**Osmanly döwletiniň gurlyşynyňwe ösüşiniň sebäpleri.**

1. **Geografik ýerleşişi.** Osmanlylaryň ýerleşen üç bölegi , döwletiň gurluşynda we ösüşinde köp peýdaly bolandyr. Anadolyny basyp alan Mongollaryň eline düşmedik osmanlylar bu ýagdaýdan ýeýdalandylar.
2. **Osmanly hanlygynyň aýratynlygy.** Osmanly patyşalarynňy üstünlikli häsiýetleri, döwletiň gurulmagynda we ösmeginde uly rol oýnapdyr. Döwlet şahsy we syýasy adamlaryny ýetişdirmekleri bilen bir täsir bolupdyr.
3. **Goňşy beglikler Osman beglikleri bilen ýakyn gatnaşmaklary.** Beýleki döwletler hristiana garşy söweş

etseler hem Osmanly döwletine garşy dost hökmünde seredipdirler.

**4. Osmanlylarda döwlet häkimiýetiniň hanlyk agzasynyň paýlaşmazlygy.** Öňki yslam-türk döwletlerinde Döwlet hökümdaryň maşgalasynyň bilelikdäki zady hasaplanýardy. Bu bolsa döwlet hökümdarynyň ölüminden soň, döwlet bölünmek soňlanypdyr, ulgam üýtgedilip, Döwlet-hökümdaryň emlägi ulgama girizilipdir. Şeýdip häkimiýet bir elde toplanypdyr.

**5. Wizantiýanyň döwri.** Haçlylar soňunda gurlan latyn patşalygy,Wizantiýa döwletiniň içinde, şonuň ugrynda söweş taýýarlapdyr. Bu bolsa Wizantiýa döwletine uly şikes ýetiripdir.

**6. Osmanlylaryň syýasaty.** Osmanlylar basyp alan ýerlerinde her dürli usullar bilen ýerleşmäge başlapdyrlar. G.D mongol basybalyjylaryndan halas bolan türkmen bu ýerlere gelip ýerleşmekleri , halkyň türkmenleşmegine getiripdir. Bu döwlet Seljuk türkmenleriniň nebereleri tarapyndan Anadolyda 1300-nji ýylda Marydan ikinji ýöräş eden Seljuk türkmen döwleti Ärtogryl Gazynyň ogly

Osman gazy tarapyndan binýar edildi. 1071-nji ýylda Çagry batyryň ogly Alp-Arslan  Rum iliniň derwezesini açmak üçin Wizantiýa hökümdarlygy bilen gazaply söweş edýär. Bu söweşde türkmenler uly ýeňiş gazanýarlar. Gysga wagtyň içinde tutş Anadolyny ele geçiren türkmenler bu ýere yslamy ýaýradyp halkyny türkmenleşdirip başlaýarlar. Malazgrit söweşiniň netijesinde Anadolyda Anadoly türkmen döwleti gurulýar, bu döwlet 1300-nji ýyllara çenli dowam edýär.Eýýam 1300-nji ýyllara çenli Anadoly seljuk türkmenleriniň döwleti dargap başlaýar. Onuň ýerini ýuwaş-ýuwaşdan türkmen beglikleri alýar. Taryhda Osman türkmen döwletini döreden şol türkmen döwletleridir. Olaryň başyny Ärtogryl gazy  çekipdir, özüniň 400 türkmen atlysyna baş bolup gelendigi aýdylýar.

Ärtogryl gazy dogany Dündar bilen Anadolynyň ýollaryny baglaýar. Beýleki iki dogany Gündogdy bilen Sungur hökümdar Horasana dolanýar. Ärtogryl Gazy **„ Bu 400 türkmen öýliden bir döwlet dünýä iner “** diýip, altyn sözleri aýdyrpdyr. Olar Anadolyda birnäçe ýerlerden geçip

1270-nji ýylda Söwüdi Wizantiýalylardan basyp alýar. Seljuklaryň soltany Alaetdin Keýkubat bu ýeňşi üçin Söwüdi oturmaga, Domaniç we Ermeni dagyny bolsa ýaýla üçin Ärtogryl bege berdi. Ärtogryl beg tiresi bilen Söwüde ýerleşdi. Ol 1281-nji ýylda 93ýaşynda wepat bolýar.

Ärtogryl Gazydan soň begligiň başyna ogly Osman Gazy geçýär, 1300-nji ýylda bolsa , Anadolydaky türkmen begleri toplanyp , uly döwlet döretdiler.

Osman Gazy Ärtogryl begiň üç oglyndan biridir. Osman beg beýleki doganlaryndan tapawutlanmaýardy. Ýöne barypýatan bir häkimiýetçilik häsiýeti bardy. Kakasy wepat bolandan soň tiräniň ähli begleri Osman Gazynyň tiräniň başyna geçmegini isleýärdiler. Ol begligiň başyna geçen wagty 23 ýaşynda bolupdyr. Osman beg türkmeniň görmegeý ýigidi bolupdyr, ol uzyn boýly, giň döşli, galyň we çytyk gaşly, ala gözli we goç burunly bolupdyr. Iki gerdeniniň arasy gaty giň bolupdyr, göwresiniň bilden ýokary bölegi aşaky bölegine görä has uzyn bolupdyr.

Kakasy Ärtogryl Gazy ölüm ýassygynda ýatyrka şeýle wesýet edipdir diýip, taryhy çeşmelerde görkezilýär:„ Oglum! Ölümine boýun egmän dünýä gelen hiç bir adam ýokdyr. Maňa-da Hezreti Allanyň emri bilen ölüm ýakynlaşdy. Bu döwleti saşa amanat edýärin. Seni beýik Taňra tabşyrdym. Her işiňde adalaty ýokarda goý”

**Osman hukugynyň adatdaky häsiýeti.**

Osman hukugynyň üstünde işleýän hukukçylaryň hukugyň umumyu gurluşy we adaty hukuk meselesidir. Osmanly türkmen döwleti öz hukuguny yslamyň hukugynyň düzgünlerine görä ýöredipdir.

Şu hakykata göz aýlasak Osman döwleti gurulsa-da täze bir hukuk ulgamy başlamady. Ýöne Osmanlylar muňa garamazdan örän jogapkärli hukuk aldylar. Wagtyň geçmegi bilen Osmanlylaryň bu hukugy gerekli ýagdaýlarda, dürli mätäçlerde,gerekli üýtgetmeler we goşmaça maddalar girizildi. Şu üýtgetmeler bilen Osmanly döwletiniň hukgy öňki Osman döwletiniň hukugy hem yslam hukugyndan ybaratdyr. Bu yslam dininiň diňe bir ynanç we ybadat esaslarynda bolman, eýsem hukugy içine

alyp durmuşyň bütin ýörelgelerini düzeldýän bir ulgam bolup durýar. Bu sebäp bilen yslamyýýeti kabul eden milletler yslam hukugyny hem kabul edipdirler.

Adat hukugy taryhy çeşmelerinde meselesine ilkinji Fatyh wagtlarynda duş gelmekdedir. Bu döwrüň taryhçysy Tursun Beg garşylykly kanunyň ýanynda adat hukugynyň barlygyny hem söz etmekdedir. Aday hukugy diňe Osman döwletine degişli bolman eýsem, başga yslam döwletlerinde-de bar bolanlygy düşündirilýär. Adat hukugy diýlende – göz öňüne adat ýaly adat, däp-dessur hukugy diýip getirmeli däl. Osmanlylar basyp alan ýurtlarynyň göniden-göni adatlaryny üýtgetmän, ýuwaş-ýuwaşdan üýtgedip, öz adatlaryny basyp alan ýurtlaryna ýerleşdirip başlapdyrlar. Adat hukuk esaslary kazylarda mejbury ýagdaýda ulanylmaly bolupdyr, şonuň üçin hem adat hukugy bir kanun hukugy diýip atlandyrrylypdyr.

## Adat hukugy we kanun.

Adat hukugynyň döreýşi ýokarda hem aýdylşy ýaly hukugy dindar hukukçylaryň yslam kada kanunlaryndan ugur alyp dini ylymlaryň esaslarynda düzen kanunlarydyr.

Bu hukugyň dörän döwründe 4 halyfadan başga döwletiň bu hukuga hiç hili goşan goşandy bolmandyr. Bu görnüş birikmegiň yslam hukugynyň dörän döwrüne degişli syýasy we hukuk sebäpleri we ýene bu hukugyň durmuşa geçirilmegin esas we sebäp bolup durýar. Adat hukugy bolsa hukukçylaryň ylmy bilen däl-de patyşalaryň goýan kanunlary bilen döredilipdir.Kaniun goýmak diňe Osmanlylara degişli bolupdyr. Osmanlylardan başga Türk-mongol syýasaty we içeri işlerinde häkim bolan Yrak, Eýran we Hindistandaky Yslam döwletlerinde şuňa meňzeş goýulan kanun gabat gelmekdedir. Çingiz hanyň, Timuryň, Uzyň Hasanyň, Alaudewle hanyň kanunlary bilen Alamgir tarapyndan kabul edilen jeza kanunnamasy muňa mysaldyr. Alamgir tarapyndan kabul edilen jezanamasy soňky asyrlarda kabul edilen formasyna we Hindistan ýaly uzak ýurtda kabul edilmesine garamazdan Osmanly kanunnamalary bilen parallel gelşi ünsüňi özüne çekijidir. Bu bolsa yslam dininde öň Türklerde we Mongollarda bar bolan gadagan işleriň meňzeşdigini düşündirmekdedir.

**Adat hukugynyň döreýişleriniň sebäpleri.**

Osmanly döwletinde yslam hukugynyň ýany bilen adat hukugynyň döreýşiniň yslam hukugynyň döreýiş görnüşine we Osmanly döwletiniň içindäki, syýasy, içeri we hukuk şertlerine baglydyr.

Ähli zatdan öňirti 4 halyfanyň döwründen soň emewirleriň yslam döwletini halyflyk görnüşinden patyşalyk görnüşine öwürmeleri we aýratyn hem hukugyň esaslarynyň içinde hakyky ýagdaýy döretmegi yslam hukukçylarynyň ylmy kanunlaryny ýerine ýetirýän köp bölegini ýok etdi. Olar hem dini işlerini durmuşda oturdyp biljek ýerlerini ulanmaga başladylar. Bu bolsa munuň miwesi. Yslam hukugy has köp aýratyn hukuk bi;len köpçilikleýin hukugyň käbir böleklerinde ornaşypdyr, döwletiň içeri kanunlarynda bolsa gaty gowy ornaşyp bilmändir. Öýlenmek, aýrylyşmak, miras, ähli hukugy işleri pitre ýaly şeriget bergiler dereje we gaýtargy günäleri meselesinde uly bölümi öz içine alan bu meseleler döwletiň syýasy we içeri işlerinde çäkli galmakdadyr. Munda kitap we sünnete bagly buýruk görnüşlerdäki

esaslardan zyýada maslahat görnüşinde buýruklar we umumy prinsipleriň bar bolmagynyň täsiri bolsa gerek.

**Şerigat we adat hukudynhyň biri-biri bilen gatnaşygy.**

Osmanly döwletiň esasy yslam hukugyna baglylygy adat hukugynyň bolsa syýasy, hukugy we içeri işlere gerek hukugyň şerigat hukugy bilen gapma-garşy gelmezligi üns berilendigini labul etmek gerekdir.

Ähli zatdan öňürti adat hukugy şerigat hukugynyň käbir hökümlerini ýok etmek ýa-da üýtgetmek üçin dörän däldir. Tersine şeriget hukugynyň kanun goýmadyk ýerlerinde adat hukugyň kanunlary şerigat hukugyň kanunlaryna goldaw bolmalydyr.

## Beýik Hun döwleti.

Taryhda gurlan ilkinji türk döwleti hökmünde tanalaýan Beýik Hun döwleti b.e.öň 220-nji ýylda Tuman(Teamon) tarapyndan gurlandyr. Bu döwletiň terretoriýasy şu günki Mongoliýadan Çyn –Maçynyň demirgazyk günbataryna çenli uzapdyr. Teamonyň

şlüminden soňra (b.e.öň 209ý) ýerine ogly Mete han( Oguz han hem diýilipdir) geçipdir. Mete hanyň döwründe Hunlar ösüp başlapdyr. Mete han Beýik Ýüpek ýolyny eýelemek üçin Çyn-Maçyn bilen söweşýär we b.e.öň 200 ýyllarda ýeňiş gazanyp Çyn-Maçyny eýeleýär. B.e.öň 187-nji ýylda başynda Ka-o-ti duran on müňlik Çyn-Maçyn goşunyny Pa-i-teng saparynda ýeňlişe sezewar edipdir. Käbir çeşmelere görä Mete hanyň bu söweşde 35 tümen (350000) adam goşuny bolupdyr. Hanlaryň bu akymyna garşy Çyn-Maçyn meşhur beýik Hytaý diwaryny gurupdyr. Beýik Hytaý diwarynyň beýikligi 15m, giňligi 9m, uzynlygy bolsa 3000km -dyr. Aýdan seredilende dünýäde görünýän adam eli bilen ýasalan ýeke-täk eserdir. Häzirki wagtda Beýik Hytaý diwary dünýädäki ýedi täsinlikden biri bolup durýar.

Beýik Hytaý diwary hunlaryň akymyna garşy goranyş sistemasy hökmünde hyzmat edipdir. Ol az wagtlyk Çyn-Maçyny hunlardan goran hem bolsa soňra öz ähmiýetini ýitiripdir. Mete hen döwründe Hunlar günbatara tarap hem saparlar edip günbatar Türküstana çenli topraklaryny giňeldipdirler. Bu ýerde ýaşaýan bütin türk asylly taýpalar

Hun döwletiniň düzümine girizilipdir. Soňra Orta we günorta Sibir, Tibet, Aral göli we Hazar deňziniň demirgazygyndaky topraklary hem territariýalaryn agoşupdyr.

Mete hanyň Çyn-Maçyny öz territoriýalaryna goşman ondan salgyt almak görnüşinde dolandyrmagyn8yň sebäbi Çyn-Maçynyň ýerleşik durmuşyndan we syýasy täsirinden uzak durmak islemegi we Çyn-Maçynyň köp ilatynyň arasynda millilik aýratynlygyny ýitirmezlik işlemegidir.

Mete hanyň ýene bir aýratynlygy hem ol hunlarda tertip-nyzamly goşuny ýetişdirmekde meşhurluk gazanypdyr.

Beýik Hun döwleti bilen araçäkleşýän Çyn-Maçyn, Ýüeçiler, Tunghular döwleti sarsdyrmak, ony içden ýykmak üçin elde baryny edipdirler. Çyn-Maçyn öz girdeýjili başlygy bolan ýüpegi günbatar ýurtlaryna çykarmak isläpdir. Bu bolsa Eýranyň üsti bilen Ortaýer deňziniň gyralaryna ýetýän ýüpek ýoly bilen amala aşyrylmaly bolypdyr. Şonuň üçin Çyn-Maçyn bu ýoly öz häkimiýeti astyna almak isläpdir. Hunlar bilen Çyn-

Maçynyň gatmnaşyklary ençeme ýyllaryň dowamynçda dartgynlylyk häsiýetine eýe bolupdyr. Bu ýerde Çyn-Maçynly şa gyzlarynyň roly gaty uly bolupdyr. Çyn-Maçyn bilen gurlan we dowam etdirlenm haryndaşlyk gatnaşyklary Hun döwleti bilen Çyn-Maçynyň arasyndaky gatnaşyklarda syýasy ähmiýete eýedir.

Ho-Han-Ýeniň ýolbaşçylygyndaky Gündogar Hunlary Talas şäheriniň gündogarynda b.e 48 ýyla çenli dowam edýär. Emma Ho-Han-Ýeniň ölümi netijesinde ýegenleri Pi we Pa-hunyň arasynda tagt dawasy bolýar. Bu tagt dawasynyň netijesinde döwlet ýene ikä bölünýär. Piniň ýolbaşçylygyndaky demirgazyk Hunlara we Pan-hunyň ýolbaşçylygyndaky günorta hunlara.

Demirgazyk Hun döwleti bu günki Mongoliýa, Baýkal gölüniň töwereginde gurlupdyr. Günorta Hun döwleti Çyn-Maçynyň üştüligini kabul edipdir, emma demirgazyk Hun döwleti özbaşdak ýaşamagyň tarapdary bolupdyr. Şonuň üçin hem Çyn-Maçyn pursatdan peýdalanyp Günorta Hun döwletini Demirgazyk Hun döwletiniň üstüne çozduryp döwletiň güýjüniň ýeselmegine getiripdir. Gündogardan

gelen mongol taýpalary tarapyndan hem döwlet doly syndyrlypdyr. (b.e.156ý)

Günorta Hun döwletine Pan-hun ýolbaşçylyk edipdir. Döwlet Talas şäheriniň gündogaryndan Çyn-Maçyna bolan ýerlere çenli bolan topraklary öz içine alypdyr. Çyn-Maçynyň gol astynda dolandyrlan bu döwletiň ömri hem gayty uzaga çekmändir. B.e 216-njy ýylynda resmi bolmasa hem Çyn-Maçynhyň döwlet dolandyrylşyna gelmegi bilen Günorta Hun döwleti taryha garyşypdyr. (b.e 216-njy ýyl)

Çi-Çä bagly Günbatar Hun Çyn-Maçynyň we Gündogar Hunlaryň basgysy esasynda Aral Göli töwereklerine göçýärler. Bu ýerde 200 ýyla golaý hökmürowanlyk süren Günbatar Hunlarynyň ilaty artyp toprak ýetmezçiligi ýüze çykýar. Şeýleleikde beýleki türk taýpalarynyň goşulmagy bilen bu döwlet has hem güýçlenýär we b.e.öň 374-nji ýylda Volga (Itil) derýasynyň boýy bilen Ýewropa tarap ýörüşe başlaýarlar. Bu ýörüşlerde garşylaryna çykan Vizigot , Ostrogot, Wandal, Sakson, Frank, Germen ýaly taýpalary hem öz ugurlaryna

alyp gidýärler. Ýewropanyň etnik görnüşini üýtgeden bu waka taryhda taýpalaryň göçüşi diýilýär.(b. e 375ý)

## Uildiziň Rima garşy syýasaty.

Ol Hunlaryň duşmany bolan Germen taýpalary bilen söweşende Günbatar Rim imperiýasy bilen dostlukly gatnaşyklar açypdyr, Gündogar Rimi bolsa basyp almaga çalşypdyr.

Uildiziň syýasatyny dowam etdiren Atilla hem Ýewropa Hun döwletini güýçli döwletleriň biri emek üçin Wizantiýanyň üstüne ençeme çozuşlar edipdir. Soňunda ony Margus we Anatolyus şertnamalary bilen agyr bergä baglapdyr. Margus şertnamasyna (b.e.434ý) görä:

- Wizantiýa mundan soňra Hunlara bagly taýpalar bilen aragatnaşyk saklamaly däldir.
- Wizantiýaly ýesirlere we Hun gaçgaklarynň sygynma hukugy berilmeli däldir.
- Wizantiýa sygynan Hun gaçgaklary yzyna berilmelidir.

- Söwda gatnaşyklary bellenen şäherlerde ýerine ýetirilmelidir.
- Wizantiýa ýyllyk töleýän tölegini iki esse köp tölemeli.

Hun döwletine ýolbaşçylyk edýän adama ,,tan-hu" ýa-da ,, şen-ýu" ady berlipdir. ,,Tan-hu " sözi ,,soňsyz giňişlik" diýen manyny aňladýar. Hökümdarlaryň Taňrydan geçişine ynanypdyrlar. Döwlet däp-dessurlaryna görä dolandyrypdyrlar, şeýle hem döwlet hökümdar maşgalasynyň umumy baýlygy hasaplanylypdyr. Şen-ýunuň wezipesi ýurtda agzybirligi saklamak, adalaty ýola goýmak, goşuna ýolbaşçylyk etmek, mejlisi dolandyrmak bolupdyr. Hökümdarlyk atadan ogla geçipdir we döwlet ogullarynyň arasynda gündogar, günbatar we merkez görnüşinde miras edip bölünip berlipdir. Hökümdarlaryň aýalyna ,,ka-tun" ( hatun) diýlipdir. Döwlet dolandyrmakda onuň hem tutýan orny uly bolupdyr.

Beýik Hun döwletinde 3 mejlis bolupdyr. Olar:

- 1. Mejlis: Din baradaky meseleler maslahatlaşylýardy we ýylyň başynda ýygnanyypdyrlar.
- 2. Mejlis: Döwlet baradaky meseleler maslahatlaşylýardy we iýun aýynda ýygnanyşypdyrlar.
- 3. Mejlis: Goşun baradaky meseleler maslahatlaşylýardy we güýzde ýygnanayşypdyrlar.

Hemişe ýurdy dolandyrýan ,,saýlanan mejlisi" bolupdyr. Bu mejlise ,,toý" diýipdirler. Hun döwleti blotly topraklarda gurulandygy üçin onyň ykdysadyýeti at ýetişdirmeklige bagly bolupdyr.

Sosial ýagdaýa seredenimizde bolsa o,l Çyn-Maçynyň sosial ýagdaýyndan düýpgöter tapawutly bolupdyr. Çyn-Maçynda iri ýer eýeleri we gullar synpy bolupdyr. Emma blsa Hun döwletinde ne baýlar, ne-de gullar bolupdyr. Garyndşlyk gatnaşyklary berk bolan maşgalalaryň taýpalary emele getirmegi we özlerini goramak üçin ýaragly taýpalar bilen aragatnaşyk saklamagy netijesinde döwlet emele gelipdir.

## Garagoýunly we akgoýunly türkmen döwleti

§1.Garagoýunly ulusynyň Günbatar Aziýa ýurtlarynda ornaşyşy we syýasy taýdan ýokary göterlişi.

§2.Emir Teýmiriň basyp alyjylykly ýörişlerine garşy Garagoýunlylaryň baştutanlygyndaky watançylyk hereketi.

§3.Türkmen emiri Gara Ýusubyň we onuň ogly Isgenderiň teýmirler bilen uruşlary.

Bäş müň ýyllyk taryhy bolan türkmen halky ösüş taryhynda birnäçe kynçylyklary başyndan geçirdi. Garaşsyzlyk ýyllarynda biz Ilkinji Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýolbaşçylygynda taryhymyzy dogruçyl öwrenmäge mümkinçilik aldyk. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamasynda geçmişde türkmen halkynyň 70-den gowrak döwletleri gurandygy barada belläp geçýär. Garagoýunly türkmenleriň döwleti Mukaddes Ruhnamada bellenilip geçilişi ýaly, 1380-nji ýylda Erzurum, Erjiş, Mosul sebitlerinde türkmenler tarapyndan guruldy.

Bu döwleti binýat edenler Oguz hanyň Ýuwa, Ýazar, Düker, Owşar agtyklarynyň nebereleridir. Olar öz aralarynda baranly, dukarly, sadly, garamanly, hajyly, bozdogan ýaly tirelerden düzülipdir[1]. Häzire çenli taryh ylmynda Garagoýynly we Akgoýunly taýpalarynyň atlaryny, olaryň baýdagynyň ýüzünde çekilen garagoýnuň we akgoýnuň şekili bilen baglanyşdyrylýar. Emele gelen döwletler köp sanly dagynyk taýpalary birleşdirip, olara daşarky duşmanlaryň howpundan gorap saklamagy ukyply, güýçli taýpalaryň we tireleriň adyny göteripdir.

Garagoýunly döwleti giçki orta asyrda ýaşap geçen soňky türkmen döwletleriň biridir. Bu döwletiň adynyň taryhy wakalarynyň içinde häli-şindi gabat gelýändigine garamazdan onuň öz döwrüniň syýasy wakalaryndaky orny durmuş- ykdysady tertibi we aýratyn hem köne watanlary bolan Orta Aziýa bilen arabaglanşyklary hakynda bilýän maglumatlarymyz örän çäklidir we birtaraplydyr.

## I. Garagoýunly ulusynyň Günbatar Aziýa ýurtlarynda ornaşyşy we syýasy taýdan ýokary göterlişi

Garagoýunly we Akgoýunly türkmen uluslary Günbatar Aziýanyň topragyna haçan we haýsy ýol bilen gelipdirler diýen soraga orta asyr taryhy çeşmeleriniň berýän jogaby bir-birine çapraz gelýän birnäçe toparlara bölünýär.

Bu mesele bilen gyzyklanýan ýazary başga toparynyň pikirine görä Akgoýunlylaryň ata- babalary heniz yslam dinini kabul etmezden hem öň Oguz hanyň Eýran ýerlerini basyp almagy bilen baglanşykly Diýarbekirde watan tutupdyrlar.

XVI asyryň hindi taryhçysy Ibrahim Harir özüniň “Taryh-I humaýun” diýen eserinde Akgoýunlylar Häzirbegjan we Yrak ülkelerinde seljuklar döwründe ýaşapdyrlar we seljuk soltanlary olara Diýarbekiri we onuň töweregini ikta görnüşinde sowgat beripdir diýip tassyklaýar. Emma bu maglumatlara tankydy nazar bilen çemeleşmek zerurdyr, çünki mongol basybalyşlaryndan

öňki döwürde Günbatar Aziýanyň taryhy bilen baglanşykly wakalaryň içinde bu türkmen taýpalarynyň ady agzalmaýar. Bu barada “Tarihi-i türkmeniýa” atly kitabyň berýän anyk maglumatlary hakykata ýakyndyr. Şol kitabyň ýazarynyň ýazmagyna görä Garagoýunlylaryň 30 müň öýliden ybarat uly bir topary öz serdarlary Töre begiň baştutanlygynda Çingiz goşunlarynyň zoruna hötde gelip bilmän ilki Mawerennahrdan Horasana, soňra bolsa ondanam Günbatara çekilmäge mejbur bolupdyrlar we Erzurym, Diýarbekir etraplarynda mekan tutupdyrlar.

Şeýlelikde garagoýunly we akgoýunly ili gadymy oguzlaryň-türkmenleriniň gös-göni nesilleri bolup çykyş edýärler.

Özara jet bolan garagoýunly we akgoýunly toparlary Ilhanlar döwletiniň gowşamagy netijesinde emele gelen täze türk- mongol begliklerine-garagoýunlylar Bagdatda höküm süren Jelairlere, akgoýunlylar bolsa Mosulda we Diýarbekirde agalyk eden Sotaý-Çopan emirliginde gulluk edipdirler. Sotaý ogullarynyň özara uruşlarda asgynlyk edip

Anadola çekilmegi bilen akgoýunlylar Mardinde edara edýän artyklar bilen birleşip, Diýarbekire ornaşypdyrlar.

Mongol agalygynyň höküm süren ýyllarynda akgoýunlylaryň ýaşan ýeri Hulagu döwletiniň düzümine giripdir. Bu döwlet harby-aýerli edara ediji häkimlik taýdan ýarym özbaşdak deňliklere çalym edýän weýalatlara bölünipdir. Şol welaýatlaryň biri hem Mosul, Mardin we Diýarbekir ýerlerini öz içine alan we merkezi Mosul bolan Diýarbekir welaýatdyr. Diýarbekir mongol türkmenleriniň (goşunynyň) aglaba köpçüligini Uýrat (oýrat) tiresi düzüpdir. Şol wagt Diýarbekir türkmeniň hökümdary Mulaý noýan bolupdyr.

Az wagtdan Mosul Baýram hojanyň eline gelýär we şäheri onuň adyndan dogany Berdi Hoja edara edip başlaýar.

1366-njy ýylda Baýram Hoja Mardini gabaýar we öz garşysyna çykan artyklaryň güýçlerini derbi dagyn edýär.Şu waka bilen baglanyşykly artykly hökümdary Mälik Mansuryň ilçisi Jelair soltanynyň huzuryna Bagdada baryp Baýram Hojanyň çarawulçylygy barada habar berýär we ony garagoýunlylara garşy ýörüş etmeklige

çagyrýar.Soňky ýyllaryň baharynda Jelair soltany Uweýis gragoýunlylar bilen ilkinji gezek çaknyşypdyr we olaryň arasynda gandöküşlikli söweş bolup geçipdir.Şol söweşde Baýram Hoja ýeňilip öz uluslary we agşamlary bilen söweş meýdanynda gaçyp gitrmäge mejbur bolupdyr.

Baýram Hoja 1380-nji ýylda ölüpdir.Şeýlelikde Baýram Hoja tükeniksiz dawalar zerarly öz içinden ýumrylyp mongol döwletleriniň gowşamagyndan peýdalanyp garagoýunly güýçlerini birleşdirilen we olary döwlet tertibi görnüşinde jebisleşdiren ilkinji türkmen begliklerininiň biridir.Emma onuň edara ediş tertibi entäk doly derejede döwlet gurlyşynyň şekiline geçip bilmändir we esasan tire taýpa saýuzynyň düzgünlerine daýanypdyr.

Baýram Hojanyň soň garagoýunly ulusynyň baştutanlygyna Nasyrad-Din Gara Muhammet (1380-1389ý)geçýär.Gara Muhammediň edara eden ýyllarynda garagoýunlylar öz ýagdaýlaryny ep-esli pugtalandyrypdyrlar we goňşy welaýatlara täsirlerini artdyrypdyrlar.Haçanda soltan Uweýsiň ogullarynyň arasynda tagt ugrunda dawa tutuşanda Gara Muhammet soltan Ahmediň tarapynda çykyş edýär we açyk meýdan

söweşinde onuň bäsdeşleriniň güýçlerini derbi-dagyn edýär.Özem garagoýunly hökümdary soltan Ahmediň öňünde şeýleň şert goýýar,ýagny garagoýunlylar soltan goşunlary goşulmazdan diňe öz güýçleri bilen söweşmeli we ýeňiş gazanan halatlarynda harby olja doly suratda olaryň eline geçmeli.Soltan Ahmet bu teklip bilen razylaşmaga we söweş gidip duran halaty bir gapdaldan syn edip durmaklyga mejbur bolupdyr. Bu söweşde garagoýunlylar ýokary harby ussatlyk görkezip ajaýyp ýeňiş gazanýarlar we olaryň eline baý olja düşýär.Bu ýeňiş garagoýunlylaryň harby kuwwatlylygyny we syýasy abraýyny ýokary göterýär we şondan soň olaryň goňşy ýurtlaryň üstüne çapawulçylygy güýçlenip ugraýar.

## II. Emir Teýmiriň basybalyjlykly ýörüşlerine garşy Garagoýunlylaryň baştutanlygyndaky watançylyk hereketi

1387-nji ýylda garagoýunly ýygynlary ilkinji gezek Teýmiriň goşunlary bilen çaknyşypdyr. Teýmir gyşy Garabagda geçirip Gündogar Anadola we Yraga garşy

ýörişe taýýarlandy. Ýörişe başlamazdan öňürti Teýmir dartgynly ýagdaý döretmek we garagoýunlylara ýigrenji güýçlendirmek makdsady bilen Gara Muhammedi Haja barýan teýrmirlileriň raýatlary, söwda kerwenlerini talamakda aýyplap, oňa agyr günäler ýöňkäpdi. Emma hakykatda gepiň gerdişi garagoýunly beginiň Teýmiriň öňünde dyza çökmänligindedir.

Muhammedi Haja barýan teýmirlileriň raýatlaryny, söwda kerwenlerini talamakda aýyplap, oňa agyr günäler ýöňkäpdi. Emma hakykatda gepiň gerdişi garagoýunly beginiň Teýmiriň öňünde dyza çökmändigindedir.

Teýmir goşun serdary bilen maslahatlaşyp saýlama esgerlerden üç sany tümen (her tümen on müň esger) düzüp olary Gara Muhammediň garşysyna iberýär. Şol tümenleriň birine Teýmiriň uly ogly Miran şah, ýene birine Muhammet Mir, üçinjisine bolsa Şeýh Ali Ikbalşah Ýarguçi serdarlyk edýärler. Jülgelerde we dag geçelgelerinde amatly ýerleşýän ýerleri eýeläp Gara Muhammet duşmanyň goşunyna gaýtawul bermäge taýarlanypdyr. Teýmiriň köşk taryhçylary

Hazifi Abru we Şaraf ad-Din Ali Yezdiniň ýazmaklaryna görä Miranşah bu ýörişden baý oljalar bilen dolanyp gelipdir. Beýleki iki tümen barada aýdylanda bolsa, olar garagoýunlylaryň zoruna çydaman yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar. Çaknyşyklaryň netijesinde teýmir goşun serkerdeleri Lada Hoja, Giýas ad-Din Parlasyň ogly Malik öldürilipdir.

Ägirt uly Teýmir güýçleriniň garagoýunlylara garşy ugrandygyny görüp Gara Muhammet çalasynlyk bilen Çanakçir dagyna yza çekilipdir we çülge ýollarynda gizlin gabawlar gurapdyr. Haçanda san taýdan köp esse agdyklyk edýän Teýmir goşunlary Garagoýunlylary yzarlap dag jülgelerine girenlerinde Gara Muhammediň bukuda ýatan güýçleri duýdansyz ýagdaýda olaryň üstüne hüjüme geçipdir. Garagoýunly güýçleriň aýgytly hereketleri netijesinde çagataý goşunlary öz söweş tertibini ýitirip tertipsiz ýagdaýda baş-başdaklyk bilen yza çekilip ugrapdyrlar. Teýmiriň özi hem söweş meýdanyndan gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr.

Ahyr soňunda garagoýunlylary doly suratda mynjyradyp, olaryň garşylygyny syndyryp bilmejegine gözi ýetenden soň, Teýmir Eýrana dolanypdyr hem-de öz ýolunda gabat gelen ähli şäherleri, obalary talapdyr we ýykypdyr ýumrupdyr. 1388 -nji ýylda garagoýunlylar, teýmiriň Altyn orda hany Togtamyş bilen söweşmek üçin Mawerennahra gidendiginden peýdalanyp Töwrizi eýeläpdir we ol ýerden Jelair emirlerini kowup çykarypdyr. Emma türkmenleriň Töwrizde hökümdarlygy uzaga çekmändir. Güýçli içeri agzalalyklar zerarly tiz wagtdan olar Töwrizi terk etmäge mejbur bolupdyr. Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä Gara Muhammet 1389-njy ýylda başga bir türkmen emiri Gara Hasan bilen bolan söweşde heläk bolupdyr.

1391-nji ýylda garagoýunlylaryň ilkinji gezek Töwrizi eýeläpdirler, emma Teýmir goşunlarynyň ýakynlaşyp gelýändigini eşidip soňky ýyl şäheri taşlap gitmäge mejbur bolupdyrlar. 1393-nji ýylda Teýmir özüniň 1-nji Yrak ýörişine ugrapdyr we tiz wagtdan

Bagdady Jelair soltany Ahmediň elinden basyp alypdyr.

Mosul we Maridin ýerlerini boýun egdirip Teýmir öz goşunynyň sag ganatyny bölüp garagoýunlylaryň garşysyna ugradypdyrlar. Şeýle hem Teýmiriň ýakyn goşun serkerdeleriniň bir Burhanoglanyň baştutanlygynda garagoýunlylara garşy iberilen goşun hem netijesiz dolanyp gelipdir. Teýmir biraz salym dynç alandan soň, Erzurumyň günorta gündogarynda ýerleşýän Awnik galasyny basyp almagy karar edipdir. Şol wagt galada Gara Ýusubyň agasy Mysyr Hoja edara edýärdi. 43-gün dowam eden dyngysyz hüjümden soň galany basyp almak Teýmir goşunlaryna başardypdyr. Teýmiriň Gruziýa ondanam Tohtamyşyň garşysyna uruşmak üçin Häzibeýjan, Yrak ýerlerinden gitmeginden peýdalayp Gara Yusup öz dogduk mekany Erjiş şäherini gaýtaryp alypdyr. 1396-nji ýylda Gara Yusup Mosuly basyp alypdyr we ony öz dogany Ýar Ala beripdir.

1400-nji ýylda Hindistan ýörüşinden gaýdyp gelen Teýmir ýene-de Häzirbegjanda peýda bolýar. Bu

habary eşidip Gara Ýusup Wan welaýatyndan Mosula çekilýär. Teýmir uly goşun döredýär we ony Bagdady basyp almak üçin ugradýar. Bu habary eşidip dowula düşen Jelair soltany Ahmet uly bolmadyk goşunyň baştutanlygynda gizlin Bagdatdan çykyp Mosulda ýerleşen Gara Ýusubyň ýanyna ugraýar. Gara Yusup soltan Ahmedi güler ýüz bilen garşylapdyr we oňa myhmansöýerlik bildiripdir.

Osman soltany tarapyndan Gara Ýusuba pena berilmegi Teýmiriň Ýyldyrym Baýezide garşy ýöriş etmegi we olaryň arasynda 1402-nji ýylda Ankaranyň eteginde bolup geçen gandöküşikli söweş üçin esasy bahana bolup hyzmat edipdir. Teýmir 1401-nji ýylyň gyşynda Garabagda osman ilçilerini kabul eden wagtynda Gara Ýusuby jezalandyrmagyny, ýa-da elini-aýagyny zynjyrlap (gandallap) öz ýanyna ibermegini, kowup çykarmagyny talap edipdir.

Gara Ýusup ýeňilipdir we Siriýa çekilmäge mejbur bolupdyr. Onuň dogany Ýar Ali söweşde ýesir düşip öldürlipdir.

Damask hökümdary Gara Yusuby dostlukly garşylapdyr we oňa öz köşgüniň ýanyndan jaý beripdir. Az wagtdan bu ýere soltan Ahmet hem gelipdir. Emma uzak wagt geçmänkä Siriýa namestnigi Kairden Gara Ýusuby we soltan Ahmedi tussag etmek hakynda görkezme alypdyr. Gara Ýusup Damask galasynyň Burç ul-Hammam, soltan Ahmet bolsa Burç ul-Silsile diýen ýerde tussagda saklanypdyrlar. 1405-nji ýylyň başynda Şeýh Mahmyt Teýmiriň öldi habaryny eşidip bendileriň ikisini hem tussaglykdan boşadypdyrlar we olara baý sowgatlar beripdirler. Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä Şasm Walisi olaryň her haýsysyny 100 müň dirhem pul we 300 at sowgat beripdir.

## III. Türkmen emiri Gara Ýusubyň we onuň ogly Iskenderifi teýmirler bilen uruşlary

Teýmir 1404-nji ýylyň ýazynda Günbatar Aziýadan öz paýtagtyna ugramakçy bolanda Nibetabad diýen ýerde uly dabaraly toý tutup öz agtygy Miranşahnyň ogly Omar mürzany ozalky Hulagu

döwletiniň ähli territoriýasynyň hökümdary diýip yglan edýär.

Teýmir ölenden soň onuň agtyklarynyň arasynda imperiýanyň tagty ugrunda güýçli agzalalyk başlanýar. Omar mürzä Sultaniýe şäherinde Abu Bekri tussag edipdir. Emma Abu Bekr türmeden gaçyp Horasana barýar we şol ýerde öz kakasy Mirenşaha birleşýär.

Horasanda goşun ýygnap olar Yraga ýörişe başlaýarlar we ilki Sultaniýe şäherine, soňra bolsa Töwrüzi eýeleýärler. Emma Teýmiriň agtyklarynyň hiç birine hem bütewi imperiýa baştutanlyk etmek miýesser bolmandyr. Teýmirler döwleti köp sanly özbaşdak we ýarym özbaşdak begliklere dargap ugrapdyr.

Şolaryň içinde Teýmirler üçin in howplusy hem özüniň harby-syýasy görümini gün geldigiçe artdyrýan we eýýäm bir wagtdan bäri Teýmirler bilen açyk bäsdeşlige başlan garagoýunly taýpa soýuzy (ulusy) bolupdyr.

Abu Bekr öz dogany Omar mürze bilen uruşlardan elini boşadyp haýal etmän garagoýunlylara garşy urşup başlapdyr. Abu Bekriň ýörişinde habarly Gara Ýusup goşunlaryny ýygnap söweşe taýýar bolup durupdyr.

Iki goşun 1406-njy ýylyň Garaşsyz aýynyň 14-ne Nahiçewanyň kyblasynda Arks derýasynyň boýunda Saad-Çukuri diýen ýerde duşuşypdyr. Iki gün dowam eden söweş netijesinde çagataý goşunlary söweş meýdanyndan başly barat yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar, olaryň bir bölegi bolsa garagoýunlylara ýesir düşipdir.

Abu Bekir ilki Merende gelýär we garagoýunlylaryň kowgusynda howatyr edip ol ýerden Töwrize çekilipdir we şäheri rehimsizlik bilen talapdyr, soňra Soltaniýa şäherine çekilip şol ýerde ornaşypdyr. Özüniň gazanan ajaýyp ýeňişinden soň garagoýunly Serdary Nahiçewana barýar.

Garagoýunlylaryň ýokarda agzalan ilkinji söweş üstünlikleri bilen baglanşykly Çohur-Saad, Meren,

Nahiçewan, Şarur we Makul Gara Ýusubyň ygtyýaryndan geçipdir. Gara Ýusubyň Soltaniýa şäherinden gidenligini eşdip Abu Bekir ýene-de şäheri eýeläpdir. Soňky ýyllaryň ýazynda Abu Bekire bäş müň esgerlerden ybarat goşun Samarkantdan kömege gelipdir. Şol goşunyň serdary bilen bolan bir maslahatda Abu Bekir garagoýunlylara garşy ýene bir ýörüş gurmagy karar edipdir. Abu Bekir bilen Gara Ýusubyň goşunlary ilkinji gezek 1408-nji ýylyň Gurbansoltan aýyň 24-nde Şenb-i Gazanyň golaýynda Serdrut derýasynyň boýunda duşuşypdyrlar. Geçen ýylky ajaýyp ýeňişleri bilen ruhlanan türkmenler bu gezek has aýgytly hereket edip birinji bolup hüjüme geçmek bilen yzly-yzyna çaltlyk bilen urulan zarplar netijesinde çagataý goşunlarynyň söweş tertibini bozupdyrlar. Söweş meýdanyndan gaçyp başyny gutarmakdan başga alaç galmandyr. Onuň kakasy Teýmiriň uly ogly Miran şah hem şol söweşde öldürlipdir.

1413-nji ýylda bu döwletiň düzümine Günorta Häzirbegjan, Ermenistan, Kürdistan, Arabystan Yragy

we Gündogar Anadolynyň bir topar ýerleri giripdir. Gara Yusup Günorta Häzirbegjany gös-göni özi edara etmek bilen döwletiň galan ýerlerini öz ogullaryna mülkler görnüşinde paýlap beripdir. Döwletiň paýtagty Töwriz şäheri bolupdyr. Gara Yusup 1411-nji ýylda Häzirbegjan atly adamlaryny we türkmen begliklerini Töwrize çagyryp we olaryň gatnaşmagynda öz ogly Pir Budagy soltan diýip yglan edipdir. Pir Budag Damask bendiliginde dogulmak bilen soltan Ahmet Jelairden ogullyk patasyny alypdyr. Şol wagt türkmenleriň arasynda ýöräp gelýän ynanja we yryma görä dine çingiziň nebereleri ýa-da şolar bilen garyndaşlyk gatnaşygy bolan kişiler han ýa-da soltan diýip yglan edilip bilinipdir. Pir Budak Jelair hökümdarynyň ogullygy diýip hasap edileni üçin Gara Ýusup aňyrdan gelýän däbe görä ony özüne garanda soltan tagtyna has mynasyp diýip hasap edilipdir. Resmi kabul edilişikde Gara Ýusup ogluny altyn tagta çykaryp, onuň başyna soltan täjini geýdiripdir, altyn kemer guşadypdyr, özi bolsa beýleki emirleriň hatarynda onuň gullugynda durupdyr. Täze soltanyň hatyrasyna birnäçe gün

dowam eden uly toý tutulypdyr. Gara Ýusup oglunyň adyndan we öz adyndan ähli soraýan welaýatlarynda mis we kümüş zikkeledipdir. Tagt dawalary 1412-nji ýylyň ýazynda Muş ýaýlagynda ýene-de dowam etdirilipdir. Şol ýylda Gara Ýusup bilen onuň iň ýakyn emirleriniň biri Yraki Ajemiň welisi Bistam begin arasynda agzalalyk ýüze çykypdyr. Şonuň bilen bir wagtyň özünde Şirwanşah Şeýh Ibrahim, Şeki welisi Arlat Saýyida Ahmet we gruzin patyşasy Konstantin gün-günden güýçlenip barýan Garagoýunly döwletine garşy ýörüş edýär.

1414-nji ýylyň başynda Şahruk uly goşunyň baştutanlygynda Yraga ugraýar. Şonuň bilen bir wagtda ol teýmirli mürze Ibrahime habar edip gyşy Mazendranda geçirmekçi bolýandygyny, soňra Gara Ýusubyň üstüne ýöriş etjekdigini we şol ýörüşe gatnaşmak üçin Ibrahimiň taýýar bolup durmagyny tabşyrypdyr. Emma bu gezek Şahruha teýmir şazadasy Isgenderiň pitnesini ýatyrmak iş bolupdyr. Isgender Şahruha tabyn bolmakdan boýun gaçyrypdyr hem-de oňa garşy bilelikde çykyş etmeklige çagyryp

Seýistanyň, Gandagaryň we Gerimsaryň hökümdarlaryna ýüzlenipdir. Şahruh Damganda ýerleşen Bistan begin kömegi bilen Yspyhany basyp alypdyr we ol ýeriň hökümdary Mürze Isgenderi tussag edipdir, onuň mülklerini bolsa beýleki şazadalara paýlanypdyr. Şonuň bilen hem Şahrugyň birinji Yrak ýörüşi tamamlanypdyr. Örän möhüm söwda we ykdysady ähmiýeti bolan Soltaniýe şäherini ellerinde saklamak üçin garagoýunlylar ähli güýç-gaýratlary bilen jan edipdirler.

Şondan soň üç-dört ýylyň arasynda Gara Ýusup teýmirliler bilen bilelikde hereket eden akgoýunly serdary Gara Ýülük Osman bilen birnäçe söweşler edip ony gysyp çykarypdyr. 1420-nji ýylyň başlaryna çenli Şahruga özüniň esasy bäsdeşleriniň garşylygyny basyp ýatyrmak we atasy Teýmiriň giň imperiýasynyň esasy böleklerini bir bütewi döwleti birleşdirmek başardypdyr. Indi onuň öňünde garagoýunlylar tarapyndan edara edilýän Günorta Häzirbegjan, Yrak we Eýranyň käbir welaýatlarynda öz agalygyny dikeltmek wezipesi durýardy. Şu maksat bilen Şahruh

Gara Ýusuba Sadyk atly bir wekili ýollapdyr we Gara Ýusubyň özüne tabyn bolmagyny talap edipdir. Emma Gara Ýusup bu teklibi kabul etmändir. Bu gepleşikleriň esasy mazmuny onuň öňüsyrasynda Gara Ýusup tarapyndan basylyp alynýan möhüm söwda we ykdysady merkezler bolan Soltaniýe we Kazwin şäherleriniň çagataýlara gaýtarylyp berilmeginden ybaratdyr.

Garagoýunlylary abaý-syýasat bilen dyza çökerip bilmejigine gözüni ýetirenden soň Şahruh uly goşunyň baştutanlygynda Gara Ýusuba garşy ýörüşe ugraýar. Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä Şahrugyň goşunlarynyň sany iki ýüz müňe ýetipdir. Şol söweşe taýýarlygyň gidişinde garagoýunly goşunlaryň taryhynda ilkinji gezek tabşyryklary ýerine ýetiriji pyýada goşun otrýadlary döredilipdir, çünki şol wagtlardan başlap galalary we ýörite goranyş berkitmelerini böwüsmek işlerinde pyýada goşunyň ähmiýeti artyp başlapdyr.

Gara Ýusup doly söweş taýýarlygynda Şahruh bilen duşuşmak üçin Töwrizden ugrapdyr, emma ýolda keselläp 1420-nji ýylyň noýabr aýynda 65 ýaşynyň içinde tarpa taýyn aradan çykypdyr. Gara Ýusubyň ölümi onuň goşunynda dowul we baş-başdaklyk döredipdir. Aýry-aýry emirleriň we Gara Ýusubyň aýallarynyň onuň ornuna ogullarynyň birini bellemek üçin eden synanşyklary netijesiz gutarypdyr. Gara Ýusup ölende onuň ýanynda biri hem ýokdy. Gara Ýusup ölenden son onuň emirleriniň köpüsi garagoýunly merkezini taşlap dürli taraplara dargap gidipdirler. Gara Ýusuby Wanküniň ýakasynda onuň dogduk mekany bolan Erjiş şäherinde öz ata-babalarynyň mazarynyň ýanynda jaýlapdyrlar. Gara Ýusup sowatsyz çarwa serdary bolmak bilen türkmen harby sungatynyň taryhynda özüni söweşjeň başarnygyny we özüniň guramaçylyk ukyby boýunça öňe saýlanan iň görnükli patyşalaryň biridir. Ol özüniň önüp-ösen şertleriniň talabyna laýyklykda çarwa adatlaryny we däplerini bäş barmagy ýaly gowy bilipdir we kowumdaşlaryny yzyna getirmegi

başarypdyr. Gara Ýusubyň esgerleri at üstünde söweş tälimlerini ýerine ýetirmekde we ýaý atmakda şöhrat gazanan urşujylar hasaplanypdyr.

Ol ýeke geplik we tutanýerliligi bilen tapawutlanan hem bolsa gaharyny we şahsy bähbitlerini töweregiň talabyna laýyk başaran adam bolupdyr. Şahruh Gara Ýusubyň ölenligi hakyndaky habary Reý şäheriniň eteginde eşidipdir. Emele gelen ýagdaýdan peýdalanyp ol mürze Baýsunkury Töwrizi eýelemek üçin ýola salypdyr. Soltan Şahrugyň özi bolsa Soltaniýe şäherine tarap herekete başlapdyr. Atasy Teýmirden tapawutlykda Şahruh basyp alan ýerlerinde gandöküşikli ýykyp-ýumruşlary çäklendirmäge çalşypdyr. 1420-nji ýylyň ahyrynda Şahruh Araks derýasyndan geçip Garabagda gyşy geçirmek üçin düşläpdir. Bu ýerde onuň ýanynda çar tarapdan Häzirbegjan emirleriniň resmi wekiller topary gelip özleriniň tabynlygyny aňladypdyrlar. Olaryň köpüsi Gara Ýusubyň elgaramalarydy. Özleriniň tabynlygyny bildiren ýerli mülkdarlara Şahruh şol emirleriň hökümdarlyk edýän ýerleriniň

olaryň eýeçiliginde galdyrylýandygyny tassyklaýan ýarlyklar gowşurypdyr. Emma Häzirbegjanda we Eýranda ýerleşen Şahrugyň goşunlarynyň ýagdaýy ýeterlik derejede berk däldi.

Soltan Şahruh ölenden soň, (1447) Jahanşah özüni garaşsyz döwletiň baştutany hökümünde alyp barypdyr.

Soltan Şahruhyň bäş ogly bolup Ulugbeg, Mürze, Ibrahim, Mürze Baýsunkar, Mürze Süýrgatmyş we Mürze Muhammet dagydyr. Olaryň Mürze Ulugbegden başgasy Şahruh dirikä ölüpdir. Şahruh ölenden soň, onuň imperiýasy hakykatdan-da üçe bölünýär: Merkezi Samarkant bolan Mawerennahrda we Türkmenistanda onuň ogly Ulugbeg tagta çykýar: Merkezi Great bolan Horasanda Ala uddaula ben Mürze Baýsunkar, Yrak we Fars ülkelerinde bolsa, onuň dogany Mürze Soltan Muhammet hökümdarlyk edýärler.

## Türkmenleriň Rusiýa birikdirilenden soňky jemgyýetçilik-syýasy gurluşy.

Türkmenleriý taryhynda Gökdepe söweşi iň pajygaly, gandöküşikli söweşleriň biri bolup taryha girdi. Şeýle basybalyjjylykly söweşi patyşa rusiýasynyň kolonial syýasaty esasynda bolup geçdi diýip düşündirmek bolar. Patyşa rusiýasynyň ykdysady syýasy we strategiki bähbitlerini amala aşyrmak üçin bolup geçen usuldyr.

1861-nji ýylda rusiýada krepisnoý düzgün ýatyrylandan soň rusiýanyň kapitalistik ýol bilen gitmekligiň çaltlaşdyrylan ösüş ýoluna düşmekligi diýmekdir. Rusiýa üçin täze ykdysady bazar gatnaşyklaryna geçmek üçin daşary syýasaty, basybaljylykly syýasaty alyp barmaly.

Kapitalistik gatnaşyklary giňden açmak üçin täze teritorýalar gerekdi. Basyp alnan teritorýalarda öz doly agalygy ýöretmelidi. Şonuň üçin hem şeüle agalygy diňe türkmenistanyň agalygynda däl, bçtin Orta Aziýa berkarar etdi.

Orta Aziýany basyp almak meselesine iňlis kollonizatorlary Russiýa bilen bäsdeşlik edýärdi. Şonuň üçin basyp alyş strategiýasy, rus tarapyndan çaltlandyryp, eýýäm 19-njy asyryň ahyryna çenli tamamlandy.russiýa kapitalistik gatnaşyklary çalt ösddürmek üçin giň ýol açyldy. Basylyp alnan teritorýalarda 1867-nji ýylda Türkistan, General Gubernatorlygy bellendi. 1868-nji ýylda buhara emirligi, 1873-nji ýylda bolsa Hywa hanlygy doly dargadyldy.

Häzire çenli edebiýatda, Türkmenistan Rusiýa meýleti girdi diýip düşündirilýär. Emma hazar deňziniň günbatar kenarynda ýaşaýan ýomut tireleri diýmeseň, tärkmenistanyň beüleki ýerlerinde uly gan döküşikler netijesinde birleşdirildi. Demirgazyk Gazawat urşy, lebapdaky garşylyklar, köp pidaly gandöküşikli gökdepe söweşi. Basyp alan rus kollonizatorlary kanunylaşdyrýardylar. Eýýäm 6-njy mart 1874-nji ýylda "Zakaspi harby dolandyryş düzgünnamany kabul etdiler. Şonuň esasynda maňňyşlak, Krasnawodsk pristawlaryna harby dolandyryş yglan edildi.

Pajygaly Gökdepe söweşi 1881-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Ruslaryň haýryna gutardy. 18-nji ýanwar1881-nji ýylda bolsa aşgabady doly eýelediler.

Tärkmenistany doly tabyn etmek, 1887-nji ýylda baglanyşylan şertnama esasynda doly amala aşyryldy. Kollonial basybalyjylykly syýasat türkmen halkyny agyr günlere getirdi. Türkmen milli demokratik medenýetiniň soňuna çykdy.

Şeýle kollonial basybalyjylyk, öňki dagynyk türkmen milletini, birleşmek syýasatyna getirmän, has dagynaklyk syýasatyny kanunylaşdyrdy.mysal üçin günorta türkmenler, Zakaspi welaýatyna goşulyp Rus imperiýasynyň düzümine girdi. Demirgazyk Amyderýa boýundaky türkmenler, ruslaryň kollonniýasy bolan Buhara we Hywa hanlygygna birleşdirildi. Beýleki dagynyk türkmenler Eýran, Owganystan teritoriýasynda galyberdiler. Şeýlelikde beýik Magtymgulynyň “bir döwlete gulluk etsek bäşimiz” diýen arzuwy amala aşyrylmady.

Türkmenistan Rusiýa birleşdirilenden soň türkmen halkynyň öňki ejirleriniň üstine, täze baknalyk, daşary yurt ejirleri hem goşuldy.

Patyşa hökümeti bütin türkmenistanda öer suw eýeçiligini Rus döwlet çeýeçiligi diýip kanunylaşdyryp döwlet ýer fondy diýip yglan etdi. Obalarda hasyl köp beriji suwarym ýerleri patyşa eýeçiligine geçdi. Zorlap alynan suwly ýerler halka kärendesine berilip başlandy. Gaçyp gelen Rus raýatlaryna zor bilen alnan ýerler mugt berilip başlandy.

Ýerli halka salynýan salgytlaryň sany köpeldi. Ol ýer, öý, mal, kärende, bilime, saglyk we beýleki salgytlar. Şeýle salgytlaryň köpüsi kanunda görkezilmedik.

Agrar salgyt syýasaty halkyň ýagdaýyny has hem kynlaşdyrýardy.

Türkmenistanyň Rusiýa birleşdirilmegi jemgyýetde bolup geçýän durmuş ykdysady gatnaşyklary düýbünden üýtgetdi. Bu bolsa jemgyýetde öňden gelýän potriarhal fiodal gatnaşyklaryň dargamagyna getirdi. Rusiýada bolup

geçýän kontualistik gatnaşyk;lar türkmen jemgyýetine hem belli bir derejede aralaşdy. Mejburu birleşme  türkmen halkyny belli bor derejede kynlaşdyran hem bolsa şeýle birleşmäniň progresiw ähmiýetini belläp geçmän bolmaz, jemgyýetçilik durmuşunda türkmene belli däl, progrresiw gatnaşyklar ýüze çykdy. Täze jemgyýetçilik  syýasy gatnaşyklar öňde baryjy demokratik medenýetler bilen gitmäge ýardam etdi.

Türkmenistan dünýä demokratik ulgamlar bilen gitmekligiň ilkinji ädimlerine aýak basdy.

Tçrkmenistanda döwlet gurluşy barada gürrrüň edenimizde Rus harby kollonial düzgüni girizildi. Dogry öňden galan türkmen adapt, şerigat düzgünleri hem belli derejede saklanyp galyndy. Birinji nama 1874-nji ýylda Kabul edilen zakaspi harby bölüminiň wagtlaýyn düzgünnamasy. Bu düzgünnama esasynda türkmen-taýpa – tireleriniň arsyndaky kanuny gatnaşyklary belli bir derejede düzgünleşdirildi. Wagtlaýyn düzgünnama esasynda rus patyşasynyň gol çekmegi bilen, 10-njy mart 1982-nji ýylda,

welaýaty döredildi. Welaýatyň merkezi diýlip Aşgabat bellendi.  Bütin türkmenleriň esasy ýaşaýan ýerleri Maňňyşlak, Krosnowodsk, Aşgabat, Tejen, Mary uýezdleri – harby Ministirligine tabyn diýlip yglan edildi.

1847-nji ýylda Türkistan general Gubernatorlugy dördilip gönümel harby ministirligew tabyn edildi.

Kabul edilen kanunlar esasynda, kollonial düzgün bütin Türkmenistanda kanunlaşdyryldy. Şeýle guramany dolandyrýanlar, diňe patyşa tarapyndan bellenen patyşa goşunlarynyň ofisserlerinden durýardy. Bütin dolandyyryş ulgamy reaksion halka garşy gönükdirilen syýasatdan durýardy. Şeýle bellenen adamalar diňe dolandyryş häkimligini alyp abarman, sud häkimligini hem amala aşyrýardylar.

Harby ýolbaşçy sud häkimýeti doly derejede alyp barýardy, sud jezazasyna çenli hukuklary bardy. Uýezd harby başlygy ähli oba arçynlaryny belläp we aýryp bilmňge doly derejede  hukugy bardy. Umumy döwlet dolandyryş ulgamy häsiýetlendirilendi. Şeýlelikde bütin

harby dolandyryş we sud häkimligi – patyşa generallarynyň. Harby ofisserleriniň elindedi.

Sud häkimligi esasan umumy imperiýa kanunlary bilen dolandyrylýardy, soň ikinji derejede adapt hukugy, şerigat hukuk kadalary ulanylýardy. Türkmenlerde “harby sud”, “ halk sudy” esasan durmuşa girizilipdi.

Harby sudalara imperiýa üçin has wajyp meseleler degişlidi. Olar diňe harby sudlara degişlidi. Olar dönüklik, häkimlige garşylyk görkezmek, poçtçözmek, söwda kerwenlerine çozuş etmek, rus raýatyna degişlileri öldürmek, garakçylyk, ýasama pullary ýasamak, döwlet emlägine kast etmek we başgalar.

19-njy asyryň ahyrynda, 1898-nji ýylyň 14-nji dekabyrynda Zakaspi welaýaty boýunça wagtytlaýyn düzgünnama Kabul edildi. Şol düzgünnama esasynda türkmenistanda umumy sudlar okurug sudy, mirowaý sud, harby sud jeza beriji sudlardan durýardy.

Belli bir derejede ýerli sud häkimlikleri hem hereket edýärdi. Olar aksakallar sudy, 1893-nji ýylda Aşgabat

Uýezd käriz sudy, 1897-nji ýylda Merw sudlaryň gurultaýy, 1894-nji ýylda.

Türkmenlerde esasy sud käkimligini bütin zakaspi welaýatynda, adatdan daşary halk kazyýetler gurultaýyna degişlidi. Kazylar düzgün boýunça saýlanýarlar diýilip bellenýär, emma merkezi administrasiýa tarapyndan bellenilýär.

Her hili kynçylyklar hem bolsa jemgyýet gatnaşyklar, hemme gatnaşyklar täze düzgüne girýärdi, mysal üçin adapt hukugynda jenaýat hukugynda, jenaýat näme diýilen düşünjä doly kesgitleme berilmeýärdi. Patyşa Rusýasynyň jenaýat kanunçylygynyň täsiri esasynda şeýle soraglara jogap aýdyňlaşdyryldy. Jemgyýetde bolup geçýün bikanun hereketleriň soňuna çykyldy. Mysal üçin "gan almak", eden – etdilik, günäkärden ýekelikde ar alamak, özüň sud etmek we başgalar. Şeýle bikanunçylyklary patyşa kanunlarynda gadagan etmeklik, belli bir derejede, progresiw öňe gidiş diýip belläp geçmek gerek. Adapt hukukgynda gadymadn gelýän adapt boýunça öldärmek üçin synanşyk, tenine şikes, zyýan ýetirmek,

ownuk ogurlamaklar, uruşmak ýaly hereketler jenaýat diýilip yglan edilip suda seredilip başaladylar.

Türkmenistan Rusiýa birleşdirilenden soň jenaýat jezasyny amala aşyrmakda belli bir üýtgetmeler girizildi. Jenaýat işlerindäki jeza bermeklik usullary diňe patyşa çinownikleriniň rugsady boýunça amala aşyrylýardy.

Umuman hukuk gatnaşyklardaky, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda Türkmenistanyň Rusiýa birleşdirilmegi, belli bir derejede ähmiýeti hem boldy. Daşary döwletler tarapyndan çozuşlar kesildi, tire-taýpa çaknaşyklaryň soňuna çykyldy. Çarwaçylyk edýän tire-taýpalar oturymly görnüşe geçip başladylar. Rus kapitalizimiň ösüş etaplaryna türkmen milletiniň hem ýuwaş-ýuwaşdan geçmegine ýol açyldy. Öz türkmen döwletiniň we öz hukugynyň doly derejed kämilläp ösmegine doly ýol açyldy. Bu bolsa türkmenleriň, ata-babalarynyň asyrlar boýy edip gelýän arzuwlarydyr. Oňa geçmek doly ýol açyldy.

## Ota aziýa respublikalarynyň milli döwlet bölünişigi we türkmenistan ssr-niň döremegi

Türkmenistan döwlet gurlyşynda, Russiýada bolup geçen özboluşly özgertmeler uly täsir etdi. Şol wagtlar orta Aziýada üç özbaşdak diýilip agzallandöwlet berdy. Olar Russiýanyň düzümine girýän Türkestan awtonom respublikasy, Hörezm we Buhara respublikalarydy. Türkmen milleti, agzalan üç respublikalaryň içinde ýaşaýardylar. Olar Daşoguz türkmenleri-Horezm respublikasynyň territoriýasynda, Lebap türkmenler, Türkestan awtonom respublikasyna girýän Zakaspiý welaýatynda ýaşaýardylar.

Göçüşimiz ýaly- türkmen milleti doly dagynokdy. 1923-nji ýylda agzalan döwletler halk respublikadan döwlet respublikalaryna wrildiler. Şeyle wakalar orta Aziýada, merkezi aziýaky halklara, özbaşdak döwletlerini döretmäge giň ýol açdylar. Orta Aziýa halklarynyň hemmesiniň-syýasydeňhukuklygy-respublikalarda bolup geçen bitin respublika partiýalarynyň gurultaýlarynda kanuny bellenip geçildi. Ol gurultaýlarda şeýle diýilýär. Ora Aziýa halkara

gatnaşyklarda şeýle diýilýär. Orta Aziýa halkara gatnaşyklarda bellenen düzgünnama esasynda, berkidildi :

1) Respublikalarda ýaşaýan hemme halklar-milletine garaman deň hukuklydyrlar. Haýsy hem bolsa bir milletiň beýleki millete tabynlygyny ykrar etmeýär, we deňhukukly diýip yglan edýär.

2) Respublikalaryň çäginde ýaşaýan hemme milletleriň agzalary deň hukukly bolupolaryň hukuklarynyň deňligini kanuny kepillendirýär.

Olar : hemme merkezi we ýerli häkimlik guramalaryna saýlap we saýlanyp bilýärler.

3) kanunlarda kepillendirişi ýaly öz emläklerini erkin eýeçilik gönüşinde amala aşyryp bilýär.

4) mydama hökümiýet kömegine, bilime hukuklydyr.

5) her millet öz ene diline, edebiýata we kaziýet gurlyşygyna hukulydyr webaşgalar.

Şeyle täsirli wakalar, belli bir derejede medenýetiň bilimiň, saglygy goraýyş işleriniň galkynmagyna getirdi.

Kabul edilen kararlaryň esasynda halkyň milletiň ýagdaýy belli bir derejede gowylandy.Şeýle yagdaýyň gowylanmagyna, has hem 1921-1922-nji ýyllarda bolup geçen ýer-suw reformalary has hem täsir etdi.

Milli döwlet gurlyşynyň täze ugurlarynyň kämilleşmegine, uly özgerişlere giň ýol açyldy. Ýeke-täk döwlet häkimliginiň "rewolýusion komitetden" – saýlan Sowet döwlet häkimligine geçmeklige doly ýol acýldy. Şeýle ýagdaýlar bolsa milli döwlet häkimliginiň ugurlaryny belledi :

Orta Aziýanyň beýleki milletleri ýaly türkmen milleti hem doly özbaşdaklyga ymtylýardy. Şonuň üçin hem eýýäm, 1921-nji ýylyň 7-nji awgustynda Türkestan respublikasynyň karary esasynda günorta türkmenleriň ýaşaýan ýerleri-Zakaspiý welaýaty-Türkmen welaýatyna öwrildi. Şeýle karar milli gatnaşyklarynyň has hem kämilleşmegine getirdi.

Şeýle türkmen welaýatlary beýleki ýerlerde hem döredildi. 1921-nji ýylyň dowamynda Buhara we horezm ýokary hökümetinde türkmen bölümçeleri açyldy. 1923-

1924-nji ýyllarda horezm we Buhara respublikalarynda türkmen milli administratiw welaýatlary açyldy.

Hemme bolup geçýän üýtgetmeler, çäreler-orta Aziýada-milli bölünişigiň geçirilmegine doly ýol açdy. Sebäbi orta Aziýanyň hemme milletleri özbaşdak döwletini döretmäge ymtylýardylar.Şeýle milli bölinişik-orta Aziýa halklarynyň sosial-ykdysady ösüşleriniň netijesidir.Özbaşdak döwlet gurmak her milletiň tebigy islegi, kanunylykdyr. Özbaşdaklyga ymtylýan halky hiç wagt saklap bolmaz.

Sosialistik döwlet gurlyş, özbaşdaklyga ymtylyş-her milletiň ystyşmagyna gönükdirilen ýoldyr.Orta Aziýada milli bölünişik, Russiýanyň kommunistik partiýasynyň merkezi komitetiniň 1924-nji ýylyň 12-nji iýunynda kabul edilen karary ýylyn 12-nji iýunynda kabul edilen karary esasynda başlanýar. Şeýle karary orta Aziýa halklary uly şowhun bilen garşy aldylar.Bütin orta Aziýanyň şertlerinde şeýle karar halkara maslahatlaşyldy we kararlar kabul edildi.

Özbaşdak Türkmen döwletini döretmek baradaky halk maslahatyna türkmen milletiniň larysy başdan aýan diýilen ýaly gatnaşdylar.Şeýle wakalar türkmen halkynyň asyrlar boýyarzuw edip gelen islegini makullaýardy.Şeýle özgerilişikler, hakykatdan doly “özbaşdaklyk” bolmagada, bütin türkmen milletini bir bitewi döwlete birikdirilmegiň alamaty hökminde düşündirilýär.

Halkara maslahatlaşyklardan soň, 1924-nji ýylyň 15-nji sentýabyrynda, Türkistan merkezi ýerine ýetiriji guramanyň, adatdan daşary III-gurultaýy bolup geçdi.Gurultaý-orta Aziýada milli bölünişigini geçirmeli diýipkarar kabul etdi. Şeýle kararlary 1924-nji sentýabr aýyndan bolup geçen V-bütin Horezm we V bütin Buhara guryltaýynda bolup geçen maslahatlarda hem kabul edildi.

27-nji oktýabyrda 1924-nji ýylda bolup geçen SSR ýary Sowetiň II-sessiýasynda bolup geçen çözgidi bilen, ýokarky agzalyp geçilen adatdan daşary geçirilen gurultaýlaryň kararlaryny tassykladylar.Tassyklanan mesele Türkmenistan we Özbekistan SSSR-ni döretmeklik barada gidýärdi.

1924-nji ýylyň 27-nji oktýabry “özbaşdak” yglan edilsede, ol döwlet başga bir döwletiň düzüminde galýardy, ýagny SSSR-iň düzüminde.Emma her hili hem bolsa täze döwlet, türkmen milletini-bir bitewi bolsa täze döwlet, türkmen milletini-bir bütewi döwlete birikdirdi.Şonuň üçin hem bu taryhy waka, türkmen taryhynda uly ähmiýetli birleşme bolup durýar.

Şeýlelikde täze döwletler döredilmegi esasynda-Türkestan ASSRI-niň, Buhara, Horezm halk respublikalary, olaryň guramalary ýatyryldy.Ýatyrylanrespublikalaryň ýerleri iki respublikanyň Eýeçiligi berildi. Türkmenistana öňki türkmen welaýaty, Taşoguz, we Lebap welaýatlary girizildi.Şeýlelikde iki bitewi,”özbaşdak” respublikalar döredildi.Ahyrsoňy türkmen tire-taýpalary bitewi döwlete birleşdirildi.

Türkmenistan özbaşdak milli-döwleti döredilende-milletiň 72 prosenti türkmenler bolup durýardylar. Milletiň galan bölegi, ýagny 28 % -

ruslar,özbekler,äzerbeýjanlar,ermenler,gazaklar ýaly milletlerden durýardylar.

Döwlet häkimligini alyp barmaklyk, wagtlaýyn ýokary häkimlik, rewolýsion komitet diýilip bellendi.Türkmenistan rewkomy özüniň ilkinji karary bilen Türkmenistanyň administratiw territorial bölünişigini wagtlaýyn diýip belläp geçdi.Şol wagtyň özündede administratiw territorial bölünişigini wagtlaýyn diýip 5 okrug döretdi.Olar-Poltaraskiý,Merw,Çardjuý,Kerki,Taşoguz diýip belledi.1924-1925-nji ýylarda Rewkomyň karary bilen ýerli we ýokary döwlet häkimliklerine saýlawlar geçirilende ýerli,milli,we beýleki aýratynlyklaryny göz öňine alynyp geçirildi.Geçilen saýlawlar döwlet gurlyşygynda uly ähmiýete eýe boldy.Sebäbi şeýle geçirilen çäreler-Türkmenistanyň birinji geçiriljek gurultaýyna uly taýyarlykdy. Geçirilen çäreler uly syýasy dorma garşylyklar netijesinde geçirildi.

Şeýle geçirilen çäreler, umumy Soýuz döwletiň guramagynda,gözegçilikde geçirilen hem bolsa, türkmen halkynyň özbaşdaklyk taryhy üçin uly ähmiýeti bardyr.

“Özbaşdak” döwlet,respublika diýilip yglan edilenden şoň döwleti, jemgyýeti dolandyryş işleri belli bir derejede kämilleşdi.Özbaşdaklyk yglan edilenden öň türkmen jemgyýetini dolandyrmakda 267 oba Sowetler bar bolan bolsa, özbaşdaklyk yglan edinenden soň türkmen territoriýalarynda,geçirilen saýlawlaryň netijesinde olaryň sany 619 etdi.Döwlet dolandyryş guramalaryň aktiw işlemekleri,netijesinde,türkmen milleti özüniň taryhda birinji umumhalk milli guryltaýyna bardy.Ol dawaraly ýagdaýda,1925-nji ýylyň 15-nji fewralynda Aşgabat şaherinde geçilildi.Şol birinji gurultaýa bütin Türkmenistandan 303 delegat gatnaşdy.

Türkmen umumyhalk 1-nji gurultaýy, Türkmenistan döwletiniň döremegi baradaky kanuny Deklarasiýasyny biragyzdan kabul etdiler.Bu türkmen taryhynda uly wakalaryň biri bolup durýar.

Gurultaý tarapyndan döredilen ilkinji döwlet, we dolandyryş Hökümetleriň başlyklary saýlandy. Olar belli adamlar, P.Aýtakow,K.Stabaýew ýalylar.

Ýarym özbaşdaklyk senagatda, we hojalykda türkmen halkyny galkyndyrdy.1925-nji ýylyň soňuna çenli senagatda halk hojalygynda,gurlyşykda,oba hojalyk edaralarynda Türkmenistanda işleýän işçileriň sany 15392 adam bolan bolsa ol dereje 20818 adama ýetdi.

Orta Aziýada milli bölünişik geçirilenden soň ýerli türkmen kadrlaryny senagata we beýleki iş ýerlerine çekmeklik has hem güýçli başlandy.Özbaşdaklyk alynandan soň, öňki geçirilen ýer-suw reformalarynda geçirilen kemçilikler hem ýüze çykaryldy.Şonuň üçin hem 1925-nji ýylyň 23-nji maýynda geçirilen ýer-suw reformasy şol kemçilikleri aradan aýryp taşladylar.Ýer-suw reforma merkezi ispolnitel komitetiniň, we Türkmenistanyň halk komissarlary söwetiniň kararlary esasynda geçirildi.Şeýle, başdan kemçilikleriň soňyna çykyldy.

1915-1927-nji ýyllar arasyndaky geçirilen ýer-suw reformalary türkmen-daýhan toparlaryny täze daýhan birleşmelerine uly täsir etdi.Agzalan ýyllaryň içinde-daýhanlaryň birleşmesi netijesinde,ilkinji 39- kolhoz we 9 maşin birleşigi döredildi.

Şeýlelikde bütin orta Aziýada şol sanda hem Türkmenistanda geçirilen ýer-suw reformalary,öňki feodal-patriarhal gatnaşyyklardan bolup geçmäge uly kömek etdi.

Umumy Türkmenistan gurultaýynda köp meseleler çözüldi.

Geçirilen sowetlere,saýlawlarda,häkimýet rew.komlardan Sowet häkimligine geçirildi.Emma tä1927-nji ýylyň aýagyna çenli, rewkomlar-ýerli häkimýet hökminde saklanyp geldi. Milli, ýerli ýagdaýlaryň netijesinde rewkomlar, has hem Taşoguz welaýatynyň çäklerinde saklanyp gelindi.

Hywa,Buhara we beýleki türkmenleriň ýaşan döwletlerinde ýaaşan türkmenleriň durmuşyny iň pajygaly döwür diýip hasap etmeli bolar.Dogry we adalatly häsiýetlendirmek üçin, şu aşakdaky esasy faktorlary belläp geçmelidiris :

1) Hywa,Buhara halklarynda ýaşaýan türkmenleriň esasy köpçiligi ors kalonizatorlaryň türkmen topragyna aralaşmagyna düýbinden garşy bolupdyrlar.

2) “ors raýatlygy” diýen ýörgnli sözler, ýaradly gyzgynçylyk syýasat arkaly amala aşyrylýardy.

3) Hywa, Buhara hanlyklary basylyp alynandan soň, bu ýerlerde harby-koloniýal dolandyryşyk formasy berkarar edilipdi.

4) Türkmenler ykdysady we syýasy özbaşdaklykdan mahrum bolup, patyşanyň we beýlekileriň bilelikdäki zulumuna sezewar edilipdi.

5) Kalonial döwirde türkmenleriň ýaşaýan territoriýasynda oba hojalyk, senagat,medeniýet babatda hiç-hili care geçirilmedi.Tersine, ol ýerdäni suwarymly ýerleri türkmenleriň garşylyk görkezmegine garamazdan, ors kolonizatorlary 99 ýyllyk möhlet bilen konsessiýa alyp başladylar. Ýöne, ol hem netijesiz gutardy.

## Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň jar edilmegi.

XX asyryň 80-90-njy ýyllarynyň sepgidi dünýäniň syýasy keşbini düýpli özgerden ägirt wakalaryň döwri hökmünde taryha girdi. Iki jemgyýetçilik-syýasy ulgamyň-kapitalizmiň we sosializmiň barlyşyksyz göreşi tamamlandy. Gündogar Ýewropanyň halklary sosializmden ýüz öwrüp, kapitalizm ya-da häzirki aýdylyşy ýaly, demokratiýa ýoluna düşdüler. Sowet Soýuzynyň öz içihde düýpli öwrülişikler bolup geçdi. 1990-njy ýylyň mart aýynda Litwa, maý aýynda Latwiýa bilen Estoniýa SSSR-iň düzüminden çykýandyklaryny yglan etdiler. Iýun aýynda Russiýa Federasiýasy, iýul aýynda Belorussiýa hem-de Ukraina döwlet özygtyýarlylygyny jar etdiler. Şonuň yzysüre beýleki respublikalar hem SSSR-iň düzüminden çykyp, özlerini özygtyýarly döwlet diýip yglan etdiler.

1990-njy ýylyň VIII aýynyň 22-sinde TSSR Ýokary Sowetinde Türkmenistanyň hem döwlet özygtyýarlylygy hakynda Jarnama Kabul edildi. Bu örän möhüm taryhy resminama şeýle sözler bilen başlanýar: "Türkmenistan SSR Ýokary Soweti Türkmenistanyň halkynyň erkini

bildirip, türkmen milletiniň ykbaly üçin jogapkarçilige akyl ýetirip, milletleriň öz ykballaryny özleriniň kesgitlemäge hukugyny durmuşa geçirmäge çalşyp, halkyň doly manyly syýasy, ykdysady, sosial, ruhy we medeni ösüşi, raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň hemme taraplaýyn üpjün edilmegi hakynda alada edip, respublikany dünýä bileleşiginiň doly hukukly we garaşsyz agzasy diyip hasap edip, respublikanyň bütin territoriýasynda hökmürowanlygy, özbaşdaklygy, onuň häkimiýetiniň dolulygy we bölünişiksizligi, daşary ýurtlar bilen gatnaşyklarda garaşsyzlygy we deňhukuklylygy hökmünde Turkmenistan SSR-niň özygtyýarlylygyny jar edýär.

Jarnamada "Turkmenistan SSR-i özygtyýarly döwlet bolup, öz çäklerinde häkimiýeti doly amala aşyrýar, ol türkmen halkynyň milli döwletiniň goralmagyny we aman saklanmagyny üpjün edýär" - diýilýär. Turkmenistan SSR-inde özygtyýarlylygyň esasy we döwlet häkimiýetiniň çeşmesi onuň halkydyr. Halk döwlet häkimiýetini TSSR-iň Konstitusiýasy esasynda gös-göni we wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar, bütin halkyň adyndan

dine respublikanyň ýokary häkimiýet edaralary çykyş edip biler - diýlip, nygtalýar.

Jarnamada Turkmenistan SSR-niň çäkleriniň we deňizdäki ykdysady zolagynyň çäklerindäki ýer we ýerasty baýlyklarynyň, howa giňişliginiň, suw we beýleki tebigy baýlyklaryň türkmen halkynyň eýeçiligindäki milli genji-hazynasydygy we olaryň respublikanyň özygtyýarlylygynyň maddy esasy bolup durýandygy aýdylyp, bu hazyna baýlyga, şonuň yaly-da respublikanyň çäklerinde döredilen bütin ykdysady, ylmy-tehniki serişdelere eýelik etmäge, olary peýdalanmaga we olara erk etmäge dine Türkmenistanyň halkynyň hukugynyň bardygy bellenip geçilýär. Şu hukuklylyk respublikanyň çäklerindäki milli, medeni we taryhy gymmatlyklara-da degişlidir diýilýär.

Jarnamada Turkmenistan SSR-nde onuň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň hökmürowanlygy, onuň ýeriniň dowam edýän serhetlerde eldegrilmesizdigi, halk tarapyndan erk bildirilmese üýtgedilip bilinmejekdigi nygtalýar. Ýöne heniz Türkmenistan SSR-niň özygtyýarlylygynyň, öz ýerinde hökmürowanlygynyň

ýagdaýlydygy, tebigy gorlaryna we beýleki milli baýlyklarynä doly eýelik etmeýändigi bellidi. Sebäbi ol entek SSSR-iň düzümindedi. Respublikanyň goranmak meselesi, raýatlar awiasiýasy, demir ýol ulagy we başga-da jemgyýetçilik durmuşynyň käbir möhüm ugurlary SSSR-iň ygtyýaryndady. Elbetde, şol ygtyýarlylyklar soýuz edaralarynda amala aşyrylanda Turkmenistan SSR-niň oňa gatnaşlmaga hukugy Jarnamada tassyklanýardy. Emma iş ýüzünde ol hukuk heniz beýan etmekden başga zat däldi.

Görnüşi ýaly, Jarnamada käbir meselelerde belli bir derejede merkeze eglişik edilendigi mälimdir. Şoňa garamazdan, Jarnama respublikanyň jemgyýetçiligi tarapyndan gyzgyn garşylandy. Sebäbi ol SSSR heniz doly dargamanka, onuň düzüminde duran Turkmenistan SSR-niň döwlet özygtyýarlylygyny isleýändigini açyk äşgär etdi. Jarnamanyň ähmiýeti-de şondan ybaratdyr. 1991-nji ýylyň güýzünde türkmen halkynyň ykbalynda düýpli öwrülişik bolup geçdi. Sekiz asyrdan soň ol öz milli döwletini döretdi we berkarar etmäge girişdi.

X aýynyň 26-synda Turkmenistan SSR-inde ählihalk sala salynyşygy geçirildi. Onda bir mesele: "SSSR-iň

düzüminde galmalymy? ýa-da özbaşdak döwlet bolmaly?" diýen mesele çözülýärdi. Elbetde, Sowet Soýuzynyň dargap barýan şertlerinde onuň netijesi öňünden bellidi. Oňa garamazdan, sala salynyşyk özüni ödedi, ol öz garaşsyz döwletini gurmak barada Turkmenistanyň bütin halkynyň erk-islegini aýdyň görkezdi. Ses bermäge gatnaşan raýatlaryň 94,1 %-i Türkmenistanyň özbaşdak döwlet bolmagyny goldady.

Sala salynyşygyň ertesi - X aýynyň 27-sinde Turkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň nobatdan daşary maslahaty çagyryldy. Maslahatda sala salynyşygyň jemlerine seredildi, "Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky" Konstitusion kanunyň taslamasy ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de kabul edildi. Konstitusion kanunda sala salynyşygyň barşynda halkyň isleg bildiren özygtyýarlylygy hakyndaky Jarnamany durmuşa geçirmäge gönükdirilen iňňän möhüm meseleler öz beýanyny tapdy. Bu kanunda jemi 20 madda bar. Olaryň hemmesi hem öran möhüm bolup, mukaddes Ruhnamada tutuşlygyna berlendir. Şol maddalardan ilkinji dördüsini resminama hökmünde getirýäris.

"1. Turkmenistan SSR-niň çägini öz içine alýan garaşsyz demokratik döwleti - Türkmenistany jar etmeli.

Türkmenistanyň garaşsyzlygy belent maksatlaryň hatyrasyna türkmen halkynyň öz hakyky milli döwletini edinmeginiň hatyrasyna, milletine, jynsyna, sosial gelip çykyşyna we uýyan dinine garamazdan, her bir adam üçin Türkmenistanyň Baş Kanunynda, Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasynda we halkara hukugynyň beýleki normalarynda göz öňünde tutulan hukuklary, azatlyklary üpjün etmegiň, kanun agalyk edýan ynsanperwer demokratik jemgyýet gurmagyň hatyrasyna jar edilýar.

2. Türkmenistanyň döwlet gurluşynyň formasy respublikadyr. Bu respublikada döwlet häkimiýetiniň eýesi halkdyr, ol öz häkimiýetini gös-göni halk geňeşiniň (Referendumyň), wekilçilikli edaralarynyň üsti bilen amala aşyrýar.

3. Türknlenistanyň bütin çäginde Türkmenistanyň Baş Kanuny we kanunlary agalyk edýär. ...

4. Türkmenistanyň çägi emele gelen serhetlerde eldegrilmesizdir we bölünmezdir".

Konstitusion kanunda Türkmenistanyň çäklerindäki ýer, ýerasty baýlyklar, howa giňişligi, suw we beýleki tebigy gorlar, deňiz ykdysady zolagy halkyň milli baýlygydyr, eýeçiligidir we respublikanyň garaşsyzlygynyň maddy esasydyr diýilýär. Türkmenistanyň içeri, daşary, harby, maliýe syýasatlaryny, pul ulgamyny özbaşdak kesgitleýändigi nygtalýar. Konstitusion kanun türkmen halkynyň milli-medeni taýdan täzeden rowaçlanmagy, onuň özüniň milletdigine düşünişiniň artmagy, milli däp-dessurlaryny ýaňadan dikeltmegi, öz dilini döwlet dili hökmünde giňden ulanmagy hakda Turkmen döwletiniň alada etjekdigini tekrarlap, şonuň bilen bir wagtda respublikanyň çäklerinde ýaşaýan ähli milletleriň, halkyýetleriň hem milli-medeni taýdan erkin ösmek hukugyny kepillendirdi.

Konstitusion kanun kabul edilen pursatyndan güýje girdi. Badabat ozalky hökmürowan ulgamyň buýruk beriji häkimiýet edaralaryny syndyryp, demokratik gymmatlyklary ileri tutýan; raýatlaryň azatlyklaryny we hukuklaryny üpjün edýän häkimiýet edaralaryny döretmek işleri başlandy. Türkmenistanyň hukuk goraýjy, milli

howpsuzlyk edaralary düýpli özgerdildi. Milli Ýaragly Güýçleri döredildi. Daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen, Daşary işler minisrtligi, Daşary ykdysady banky we beýleki ýöriteleşdirilen edaralar döredildi. Ýurtdaky syýasy durnuklylyga uly üns berildi, milletara oňşuklylygy, milletara sazlaşyk seresaplylyk bilen saklandy.

Halkymyzyň ykbalynda bu bimöçber ähmiýetli derwaýys işleriň gözbaşynda Beýik Nyýazow – Beýik Türkmenbaşy durdy. Türkmenistan döwletiniň döredilmeginiň ähmiýeti barada ol Mukaddes Ruhnamada belläp geçdi.

Şeýlelikde, oktýabr aýynyň 27-si Türkmenistan döwletiniň dörän güni hökmünde taryha girdi.

## TÜRKMENISTAN SSR-niň KONSTITUSIÝANYŇ ÖSÜŞ ÝALY

Bütin orta Aziýanyň çäklerinde özbaşdak respublikalaryň döremegi, milli özbaşdaklyk meselesini dogry, we netijeli çözilendiginiň subutnamasydyr. Respublikanyň özbaşdaklygynyň kanuny kepillendirilmegi, ony kanuny berkitmek üçin özbaşdak respublikada täze, taryhda birinji konstitutsiýasyny kabul etmek meselesi durýardy.Täze konstitutsiýada döwletiň birinji ýokary we ýerli dolandyryş häkimligiň hukuklaryny we borçlaryny kanuny berkitmekdi.Sebäbi konstitutsiýa özbaşdak döwletleriň, esasy alamatlaryň biri bolup durýar.

Şonuň üçin hem, başdan milli bölünişik meselesine taýýarlyk görilip ýörkä, şol wagtyň özünde-de geljekde kabul ediljek,Türkmenistana degişli kada kanunlar, konstitutsion häsiýetli bolmalydyr.

Her bir döwlet, hemme ýerlerde, bitewi hereket edýän bitewi kanunsyz ýaşap bilmeýär.Şonuň üçin hem

Türkmenistanyň hemme ýerlerinde, wagtlaýyn, türkmen rewkomunyň, karary boýunça,öňki ýatyrylan-Türkestan ASSR, Buhara we Hywa respublikalarynda kabul edilen konstitutsiýalar, we kada kanunlar wagtlaýynça saklandy.Dogry,şeýle ýagdaýlar-ýerli häkimlikleriň,dolandyryş işlerinde päsgelçilik döredýärdi.Emma şeýle ýagdaýlar wagtlaýynçady.

Wagtlaýyn Rewkom-häkimýeti-täze respublika kada kanunlary kabul etmeklige girişdi.Has hem belläp geçmelisi,Rewkomyň karary bilen, 1925-nji ýylyň 7-nji fewralynda kabul eden "Türkmenistan SSR-niň sud-kazyýet gurlyşygy".Şeýle birinji konstitutsion häsiýetli kanundyr.Kararda Türkmenistanda sud gurluşy, onuň isleýiş prinsipleri, kazylary saýlamak we yzyna çagyrmak, halk oturdaşlary, halk sülçileri, adwokatlar,prokurorlarýalylaryň hukuklary we borçlary anyk bellenýär.

Şonuň ýaly Bustitusion häsiýetli hamala ewkon tarapyndan 1924-nji ýylyň 4-nji dekabyrynda kabul edilen "Türkmenistanyň döwlet serhedi we wagtlaýyn

administratiw bölünişigi”, 1925-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda kabul edilen “Türkmenistanda Rus we türkmen dilini döwlet dili-diýip yglan etmek”, 1925-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda kabul eden “Türkmenistan reapublikasynyň administratiw bölünişigi”-ýaly namalary hem girizmek bolar.

Ýokary agzalyp geçilen kada-kanunlar öňünden doly seredilipdi we tassyklanypdy.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň birinji konstitutsiýasy kabul edilmezden öň şeýle kadalar tygşytlyga taýynlanypdy.

Şeýle namalar, birinji umumytürkmen guryltaýynda üsti ýetirilipdi.Konstitutsion häsiýetli aktlar esasynda özbaşdak Türkmenistan respublikasynyň döremegi kanunlaşdyrylypdy.

Şeýle aktlar, Türkmenistanyň 1-nji; 1927-nji ýylda kabul edilen konstitutsiýasynyň esasy bölegi, çeşmesi bolup hyzmat etmelidi.Kabul edilen kadalarda

Türkmenistanyň döwlet, we jemgyýetçilik gurluşy, syýasy we ykdysady esasy doly derejede kesgitlenipdi.

Şol wagtyň özündede, kabul edilen,Türkestan ASSR Bustitusidy 1924-nji ýylda kabul edilen SSSR-niň konstitutsiýasy TSSR-niň territoriýasynda hereket edýär diýilip bellenýärdi.

Türkmen konstitutsiýasynyň ilkinji taslamasy, Türkmen milli byrasy tarapyndan, taýýarlanyp 1925-nji ýylyň 6-njy fewralynda Türkmenistan kompartiýasynyň guramaçylyk býurosy tarapyndan tassyklanypdy.Emma şeýle howlukmaç düzilen taslama talaba laýyk däldi.Şonuň üçin hem,gelejekki konstitutsiýanyň taslamasyny doly taýyarlamak işini, Türkmenistan Halk komissarlar döwleti,ýokary kazyýet,aýratyn komissiýa tabşyrdy.Öz gezeginde,komissiýa,taslama doly seredip,Türkmenistan SSR-iň merkezi ýerine ýetiriş komitetine tabşyrdy.

Döredilen komissiýa, we komitet kodirlenen taslamanyumuman tassyklady.

Türkmenistan ýokary ýerli guramalary, jemgyýetçilik guramalar bütin respublika boýunça taslamasy ara alyp maslahatlaşdylar Konstitutsiýany doly taýýarlamak üçin redaksion komissiýa döredildi,komissiýanyň başlygy edilip K.S.Atabaýew saýlandy.

1926-njy ýylyň 6 oktýabyrynda,Türkmenistanyň merkezi ýerine ýetiriji komitet özüniň III-sessiýasynda tassyklady,we netijeler boýunça karar çykardy.Kararda bellenilýär;

1) Türkmenistanyň esasy kanuny konstitutsiýany tassyklamaly we güýje girizmeli.

2) Hödürlenen taslamany doly guýjine girizmek üçin-Türkmenistanyň bolup geçjek II-gurultaýyna hödirlemeli.

5-aýyň dowamynda konstitutsiýanyň taslamasy,işini halk tarapyndan ara alynyp maslahatlaşyldy.

1927-nji ýylyň 30 martynda,hödirlenen “özbaşdak” Türkmenistanyň birinji konstitutsiýasy kabul edildi we taryhda ilkinji gezek Türkmenistany özbaşdak döwlet diýip yglan etdi.

Türkmenistanyň birinji konstitutsiýanyň kabul edilmegi Türkmen syýasy durmuşynda esasy wakalaryň,birine öwrildi.Kabul edilen konstitutsiýa,belli bir derejede,Türkmeniň belli bir derejede ösmegine ýardam etdi.

Şeýle özgertmeler, kanuny tarapyndan “kepillendirilen” hem bolsa ol formal taýdandy.Sebäbi Türkmenistan döwletiniň özbaşdaklygy, bir,döwletiň SSSR-döwletiň düzimindedi.TSSR,”özbaşdak” döwlet, meýletin,SSSR-iň düzimine girýär diýilip aýdylsada, onuň özbaşdaklygy belli bir derejede çäklendirilýärdi.SSSR-iň düziminden island wagty-çykmaga haky bardyr diýilip bellenen hem bolsa, ol özbaşdaklyk hakyky däldi.Ony geçen 70 ýylyň töweregi tassyklady.Daşary we içeri syýasatyny özbaşdak alyp barmasa, belli bir derejede, çäklendirilse, ol döwlet hiç wagt özbaşdak bolup bilmez. Şeýle syýasat, geçen totalitar SSSR döwletiniň esasy syýasatynyň biridir. Emma şeýle wakalar, özgertmeler, öňden galan belli bir derejede, feodal-patriarhal türkmen döwleti üçin belli bir derejede ösüşdir diýip, hakykatyň adyna belläp geçmelidir.

Türkmenistanyň döredilmegi we ilkinji konstitusiýa kabul edilen döwürde, döwlet eýeçiliginden başga-da bir topar eýeçilikleriň görnüşleri bardy:

1. Döwlet eýeçiligi, döwlet senagaty hem kooperatiw söwdasy;
2. Patriarhal hojalyk gatlak, düzüminde esasan natural hojalyk, bazar gatnaşygyna gatnaşygyna degişli bolmadyk;
3. Ownuk daýhan hojalygy, esasy medeni suwaryş zolagyndan hem-de şäherdäki ownuk senetkärçilik;
4. Hususy kapitalistik gatlak, esasan obadaky kulak hojalyklary, şäherdäki ownuk kapitalistik elementler.

Agzalan döwürde konstitusiýada berkidilen maddalar esasynda Türkmenistanyň ykdysady esasy ýokardaky görkezilenlerden durýardy.

Türkmenistan, belli bir ösüşlere garaman, agrar oba hojalyk döwleti bolup galýar. Sebäbi şäheriň ilaty 13,6 % bolýan bolsa, oba ilaty esasan 84,4 % durýardy. Söwda

gatnaşyklarda hususy kärhanalar 54,5 %, döwlet eýeçiligindäki 27,5 %, kooperatiw eýeçiligindäki 18 %.

Şeýle döwürde döwlet gurluşynda hem üýtgetmeler bolup geçdi. Rewkomlar, oba aksakgallary guramalary doly ýatyryldy, we saýlanan – okrug, rayon we oba sowetleri bilen çalşyryldy. Şeýle özgertmeler bolsa, öz gezeginde demokratiýanyň, raýatlaryň, döwlet syýasy dolandyryş işlerine belli bir derejede gatnaşmagyna getirdi. Şeýle ýagdaýlara uly höwes beren 1927-1927-nji ýyllardaky bolup geçen saýlawlar boldy. Şeýlelikde Türkmenistanyň konstitusiýasynda bellenen jemgyýetçilik gurluşynyň esasy öz beýanyny durmuşda kanuny tapdy.

Türkmenistan beýleki Soýuza girýän respublikalar ýaly sosialistik gurluşa girip başlady. Jemgyýetde, diňe esasan – sosialistik jemgyýet – eýeçiligi we kolhoz – kooperatiw eýeçiligi galdyrylypdyr – eýeçiligiň beýleki görnüşleri ýatyrylypdy. Türkmenleriň adat, dini-däp hukuklarynyň şoňuna çykylyp barylýardy. Esasan sosialistik gatnaşyklary agalygyna geçildi.

Respublikada obalaryň kollektiwizasiýa geçirilmegi, senagatyň industrializasiýa döremegi, medeni rewolýusiýanyň amala aşyrylmagy netijesinde, hereket edýän kada-kanunlaryň täzelenmegine getirdi. Şol sanda hem hereket edýän konstitusiýasyny täzelemek mümkinçiligi çykdy. Sebäbi sosialistik özgerişlik düýpgöter synpy jemgyýeti täzeledi. Baý-kulak diýilýän synpy düşünjeler taryha girdi. Milli gapma-garşylykly dawalaryň şanyna çykyldy. Şu bolup geçen özgertmeleriň netijesinde, 1936-njy ýylyň 5-nji dekabrynda SSSR-iň täze konstitusiýasy kabul edildi. Şonuň bilen bilelikde, SSSR-e girýän respublikalaryň, şol sanda Türkmenistanyň konstitusiýasyny kabul etmek zerurlygy ýüze çykdy.

Üýtgedip gurlyş prosessi, industrializasiýa, rekonstruksiýa özgertmeler, oba hojalyga hem uly täsirini ýetirdi. 1937-nji ýylyň 1-nji iýulyna çenli, oba şertlerinde bir hojalyga birleşdirilen daýhan birleşikleri 93 % ýetdi. Birinji konstitusiýa kabul edilende olaryň sany 0,8 %-di. Oba hojalykda öndürilýän önümiň möçberi 98, 5 % ýetdi. Emma 1924-nji ýylda ol bary-ýogy 1,5 %-di.

Täze Türkmenistan SSR-niň konstitusiýasynyň tasalamasyny düzmek üçin 1936-njy ýylyň iýul aýynda respublika konstitusiýa komissiýasyny düzüp, onuň başlyklygyna Anna Muhammedowy belledi. Taýýarlanan konstitusiýanyň taslamasyny 1936-njy ýylyň noýabr aýynda bolup geçen adatdan daşary VI-njy bütin Türkmenistan gurultaýyna hödürledi. Ýarym ýyla golaý konstitusiýanyň taslamasyny türkmen halky ara alyp maslahatlaşdylar. Soňundan bolsa, bütin Türkmenistan gurultaýy 1937-nji ýylyň 2-nji martynda täze konstitusiýany biragyzdan tassyklady.

Täze konstitusiýa 1936-njy ýylda kabul edilen SSSR-iň 1936-njy ýyldaky konstitusiýasyna laýyk gelsede, Türkmenistan konstitusiýasyna öz milli, taryhy we beýleki aýratynlyklary öz beýanyny tapdy.

Täze konstitusiýada täze demokratik saýlawlaryň täze ugurlary, ýerli hem-de ýokary guramalaryň strukturasyna girizilen özgertmeler, döwlet kämilleşdirmeleriň täze ugurlary öz beýanyny doly tapdy. Konstitusiýanyň yz ýanynda geçirilen saýlawlaryň netijesi görkezýär.

Döwletiň ýokary kanun çykaryjy guramasy, halk gurultaýy hemişe hereket edýän ýokary soweti bilen çalşyryldy. Birinji ýokary sowete geçirilen saýlawlaryň netijesinde ýokary sowetiň birinji düzümine 226 halk deputatlary saýlandylar. Ýerli guramalara bolsa saýlawlaryň netijesinde 10.594 deputat saýlandylar. Şeýle wakalaryň netijesinde bolsa, respublikada döwlet gurluşynyň kämilleşmegine getirdi. Respublikada merkezleşdirilen demokratizm ýaly prinsipler täze konstitusiýada doly özbeýanyny tapdy.

Türkmenistan özbaşdak respublika diýlip, birinji konstitusiýasynda berkidilýän hem bolsa, ol kanun tarapyndan kepillendirilmeýärdi. Türkmenistan soýuz respublikasynyň aýratyn maddasy esasynda we SSSR-iň düzümine girmek baradaky deklarasiýada – türkmen döwletiniň daşary syýasy işine degişli ähli meseleler merkez öz garamagyna alýardy. Şeýlelikde türkmen döwletiniň özygtyýarlygyny kanuny çäklendirýärdi. Ol kanuny çäklendirmeler:

1. Halkara gatnaşyklarynda soýuza wekilçilik etmek , ähli diplomatic gatnaşyklary ýöretmek, beýleki döwletler bilen syýasy we beýleki gatnaşyklary baglaşmak;

2. Soýuzyň daşky serhedini üýtgetmek, şeýle hem soýuz respublikalarynyň arasyndaky serhetleri üýtgetmegiň meselelerini düzgünleşdirmek;

3. Täze respublikalary soýuzyň düzümine kabul etmek hakyndaky şertnamalary baglaşmak;

4. Uruş yglan etmek we ýaraşyk baglaşmak;

5. Soýuz respublikalarynyň daşary we içerki karz alma şertnamalaryny baglaşmak;

6. Halkara şertnamalaryny tassyklamak;

7. Daşary söwda ýolbaşçylyk etmek we şuňa meňzeşler.

Şeýle deňhukuksyzlyk, 1936-njy ýylda kabul edilen SSSR-iň konstitusiýasyna hem berkidilipdi.

## “Türkmenistanyň döwlet gurluşy”.

Jemgyýetiň, döwletiň gurluşy, her bir halkyň taryhy, milli, dini we başga aýratynlyklaryna bagly bolup durýar. Esasy häzirki döwrüň talaplaryna görä, kanuny döwletiň kanuny bellenen formasy, anyk mazmunyna laýyk gelmeli. Şeýle prinsipler esasynda hem, Türkmenistanyň döwlet gurluşy – konsitusiýada kanuny bellenendir. Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasyna “Türkmenistan- demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak Prezident respublikasy görnüşde amala aşyrylýar” diýilip ýazylandyr.

Häzirki döwürde döwletiň formasy diýlende, hokmany bitewi üç elementiň birligi esasynda düşündirilýär. Olara girýän elementler – döwlet dolandyryş formasy, döwlet gurluşy we syýasy – döwlet düzgüni (režimi). Bular biri-birinden aýrylmazdyr. Şeýle görnüşler bütin, bitewi ýaly görünsede, hersi özbaşyna hukuk institutlarydyr. Şeýle institutlar kämilleşmegi, üýtgemegi jemgyýetde bolyp geçýän wakalara hem baglydyr. Olar synpy gatnaşyklar, milletiň durmuşyň üýtgemegi, durmuş

ykdysady özgerişler syýasy, ideologiki we beýleki bolup geçýän hadysalar.

Mysal üçin, Angliýada, buržuaz rewolýusiýasy döwründe, kone gatlak feodallar bilen birlikde, buržuaz täze belli bir derejede ylalaşyga girdiler. Netijede, monarhiýa düzgüni belli bir derejede, çäklendirildi. Ýa-da Germaniýanyň taryhyndan. Esasan Germaniýada esasan bir millet nemesler. Şonuň üçin hem unitar döwlet bolmaly, emma, koneden gelýän territoriýa bölünişiginde, gadymdan gelýän zemli- ýerlere bölünýär. Şonuň üçin hem taryhy aýratynlygy öňe tutup, unitar däl-de, federatiw döwlet diýilip yglan edildi.

Döwleti dolandyrmakda, esasan dolandyryş formasyna üns berilýär. Dolandyryş formasy diýmek, ýokary häkimlik guramasy kime degişli, hem-de olaryň guramalarynyň halk bilen gatnaşygyna aýdylýar. Ýokary häkimlik, diýmek esasan üç soraga, kanuny jogap bermeli. Olaryň: 1. Nähili usullar bilen ýokary häkimlik amala aşyrylýar. 2. Kimler tarapyndan ýokary häkimlik amala aşyrylýar. Enelikdemi ýa-da kollektiw tarapyndan. 3.

Ýokary häkimligiň arasynda serhet durýarmy. 5. Ýokary häkimligi gurmakda, halkyň gatnaşygy nähili. 6. Ýokary häkimligiň aralarynyň jogapkärçiligi kanuny berkidilenmi.

Şeýle talaplar Türkmenistan konstitusiýasynda doly kanuny öz beýanyny tapdy.

Konstitusiýanyň 48-nji maddasynda kanuny berkidilýär. Onda gönümel aýdylýar: “Türkmenistanda ýokary döwlet häkimýetini we dolandyryşy Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň ýokary kazyýeti amala aşyrýar” – diýilip aýdylýar.

Konstitusiýada, Prezident dolandyrylyşykda, Prezidente uly orun berilýär. Konstitusiýanyň 50-nji maddasynda berkidilýär: “Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň we ýerine ýetiriji häkimýetiň baştutanydyr. Ol Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygynyň we bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň, ýurt bitewiçiliginiň, konstitusiýany berjaý etmegiň kepili höküminde çykyş edýär ” – diýip berkidilýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanda, kanuny berkidilen, Prezident dolandyryş respublikasy, halkara hukugynyň edýän talaplaryna doly laýyk gelýär.

Türkmenistanda, Prezidentiň hukugy, parlament respuplikanyň prezidenti ýoly hukuklary belli bir derejede çäklendirilen däldir. Sebäbi parlament respublikada prezidenti, parlamentiň deputatlary tarapyndan saýlanýan bolsa, prezident respublikada umumy halkyň gatnaşmagy esasynda saýlanýar.

Türkmenistanyň döwlet gurluşynyň esaslary, Türkmenistanda hereket edýän, Konstitusiýanyň 16-njy maddalarynda doly öz beýanyny tapdy. Şeýle kanuny berkitmeler häzirki döwürde, hereket halkara hukugynyň talaplaryna doly laýyk gelýär. Halkara düzgüniniň üç häkimlik diýilen talaba doly laýyk gelýär. Olar: häkimýet bölünşigi = kanun çykaryjy, ýokary dolandyryş, adyl sud-kazyýet häkimligi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda – döwlet gurluşy he doly öz beýanyny tapdy.

Döwlet gurluşygy diýmek – döwletiň içerki gurluşy diýmekdir, olaryň ýerli territorial bölünşigi, olaryň özara gatnaşyklary diýmekdir.

Döwlet gurluşygy, halkara hukugynda bellenilşi ýaly ikä bölünýär – Çylşyrymly we Ýönekeý. Çylşyrymly döwletiň esasan, kop milletli bolyp, awtonom bölünşige bölünmegidir. Ýönekeý döwletlere, - unitar döwlet diýilýär. Sebäbi şeýle döwlet, esasan bir milletden bolyp, başga milli bölünşikler bolmaýar.

Şeýle döwletleriň hataryna, Konstitusiýada bellenilişi ýaly Türkmenistan respublikasy hem girýär.

Türkmenistanda şeýle hem struktur bölünişik, agzalyp geçilen ýokary guramalardan durýarlar. Olar Konstitusiýanyň 49-njy madda esasynda: ýerli häkimýetli welaýatda, welaýat hukukly şäherlerde, etraplarda, etrap hukukly şäherlerde ýerli wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralar amala aşyrylýar.

Etrapdaky şäherlerde, şäherçelerde, geňeşliklerde bolsa ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary – Geňeşler amala aşyrýarlar.

Konstitusiýa esasynda Türkmenistanda, unitar döwlet bolany üçin – bütin döwlet üçin ýeke-täk ýokary wekilçilik, ýokary ýerine ýetiriji , kazyýet we barlag-gözegçilik guramasyndan durýandyr. Şonuň üçin hem Türkmenistanda bütewi bölünmez territoriýasy, ýeke-täk konstitusiýasy, hukuk sistemasy, raýatlygy, sud sistemasy, harby güýçleri bardyr.

Konstitusiýada hokmany haýsy syýasy režim bilen öz häkimligini amala aşyrýanlygyny tapmalydyr.

Syýasy – režim döwlet öz häkimligini nähili usullar, nähili derejede, haýsy metotlaryň üsti bilen amala aşyrmaga aýdylýär.

Taryhda gadymdan gelýän bir näçe, syýasy režimleriň görnüşleri bolup geçipdir. Olar: Despotiki, teokrat – monarhiýa, aristokratiçeskiý, demokratik, obsolýutnyý, klerikal, militaristik, poliseýiskiý, “Prosweşennyý –

obsolýutizm, Gonopartistikiý, harby-poliseýiskiý, faşistik, marionetik, awtoritar, totalitar, we başgalar”.

Şularyň içinde Türkmenistan öz döwlet häkimligini ýöretmek üçin demokratik režimi saýlap aldy. Ol hem Türkmenistanyň konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda bellenýär we kepillendirilýär. Döwlet režimi döwlet dolandyryş we gurluşy bilen baglydyr. Döwletiň režimi hem milletiň taryhynda bolyp geçýän bir topar faktorlara, hadysalara baglydyr. Režimlere täsir edip biljek wakalar – sosial ykdysady, jemgyýetçilik –syýasy, synpy, dini, ahlak we beýleki täsirler.

Türkmenistanyň demokratik režim bilen gitmekligi häzirki döwrüň talabyna doly laýyk galýar. Demokratik režim diýmek – halk häkimkliginiň esasy çeşmesi diýilip yglan edilmegidir, ýokary häkimlik guramalary saýlaw esasynda düzülip, ýatyrylyp düzülmegi, saýlawýylaryň öňünde hasabat berilip durulmagy, häkimýet bölünüşigi – kanunçykaryjy, ýerine ýetiriji, adyl kazyýet, raýatlaryň kepillendirilen görnüşde syýasy, ykdysady we beýleki hukulary we azatlyklary, döwlet raýatlaryň şahsy işleri

goşulmazlyk, döwlet edaralarynyň işlerinde aç-açanlyk we başgalar.

Konstitusiýada berkidilen döwlet dolandyryş, gurluşy we Döwlet režimi elmydama üýtgemän durup bilmez. Döwlet çäginde bolyp geçýän wakalar, ýa-da halkyň islegi boýunça çalşyrylyp biler. Mysal üçin, Ispaniýa döwleti, 1950-nji ýyllara çenli döwlet dolandyryşy respublika dolandyryş görnüşindedi. Emma umumy Ispan döwlet çäginde geçirilen, sala-salyşygyň netijesinde, monarhiýa dolandyryşa geçdi. Sebäbi halk gadymy mukaddesliginiň dikelmegini isledi. Beýle diýmek, dolandyryş gadymy, kone feodal ýörelgelere geçildigi däldir. Ispaniýa, ösen, häzirki döwrüň, XXI asyryň döwlet dolandyryş talaplaryna doly laýyk gelýän döwletdir.

Türkmenistan hem döwlet dolandyrylyşyklygynda häzirki döwrüň talaplaryna doly laýyk gelýär. Oňa kepillendirilen görnüşde hereket edýän Konstitusiýasy şaýatlyk edýär.

Türkmenistan döwlet gurluşy diýenimizde, respuplikany diňe kontitusiýada berkidilen döwlet

guramalary dolandyrýar diýip düşünmeli däl. Oňa döwletde hereket edýän hemme syýasy güýçler – jemgyýetçilik guramalary, syýasy partiýalar hem döwleti dolandyrmak işine gatnaşýarlar. Sebäbi hukuk kadalary, ahlaky kadalar bilen bilelikde ullanylşy ýaly, bütin jemgyýeti hem diňe döwlet guramalary bilen ullanyp bolmaýar. Döwlet dolandyryşyna ütin syýasy sistema girýän guramalaryň bilelikdäki gatnaşmagy hokmanydyr.

## “Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasy”

Türkmenistan XIX asyryň, XX asyryň 90-njy ýyllara çenli Russiýa döwletine bakna bolup ýaşady. Özbaşdak türkmen döwleti, öz azat döwlet gurluşyny, öz syýasy, ýuridiki kepillendirilen özbaşdaklygyny 18-maý 1992-nji ýylda kabul edilen konstitusiýasyndan alyp gaýydýar.

Türkmenistan döwlet ösüşi sosial-syýasy we ykdysady özgertmeler beýleki kabul edilen wajyp resminamalarda öz beýanyny tapdy. Ol resminamalar 22-nji awgustda 1990-njy ýylda kabul edilen döwlet özbaşdaklygy baradaky deklorasiýada, Prezident döwlet dolandyryşy syýasata geçmegi 11-nji oktýabr 1990-njy ýylda. Şonuň esasynda 27-nji oktýabrda 1990-njy ýylda döwletimiziň birinji prezidentini halk tarapyndan saýlanmagy, hem-de 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG tarapyndan Türkmenistany hemişelik Bitarap döwlet diýilip bir agyzdan yglan etmegi. Şonuň üçin hem şeýle düýpli özgertmeler Türkmenistanyň kanuny özbaşdaklygyň alynmagy bilen bagly bolup durýar. Şeýle özbaşdaklyk hakyky bolup başga bir häkimlik diýmek däldir şeýle-de

häkimlik bütin halka degişli bolup Konstitusiýa esasynda döredilen Mejlis, Prerzident, sud häkimligi özbaşdaklygyň bölegidir. Şonuň üçin hem resmi kabul edilen hukuknamalarynda özbaşdak döwletçe bolmaly ugurlar öz beýanyny tapdy. Olar: terriroriýa özbaşdaklygy, döwlet häkimliginiň dolulygy, daşary döwletler bilen daşary ykdysady we syýasy gatnaşyklary deňhukukly gatnaşyklar. Sebäbi Türkmenistan beýleki döwletler ýaly halkara hukugynyň deňhukukly subýekti bolup durýar.

Sebäbi özbaşdaklyk diýmek doly bitewi döwlet guramalryň häkimligi diýmekdir. Ony hiç bir nama bilen çäklendirip bolmaýar. Özbaşdaklyk ol bitewidir. Ony ulaldyp ýa-da çäklendirip bolmaýar. Hokmany bitewi bölünmez özbaşdaklyk ykrar edilmelidir. Türkmenistanyň özbaşdaklygynyň tebigaty örän syýasy ykdysady ösüşiniň kepilnamasydyr.

Türkmenistan SSR-iň düzüminde diýlip 1924-nji ýylda döredildi. Emma şeýle döwlet özbaşdak diýilip yglan edilmeýär. Ol SSR-iň düzüminde bolup öz daşary içeri syýasatyny özbaşdakmalyp barmaýar. Howwa, özbaşdak

döwlet diýilip 1927-nji, 1937-nji ýyllarda Konstitusiýany hem kabul etdiler. Konstitusiýa döwletiň hukuklary, döwlet guramalary diýilip bellenýärdi. Emma şeýle hukuklar kanun tarapyndan kepillenmeýärdi. Döwlet özbaşdaklygy kanun tarapyndan çäklendirilýärdi. Türkmenistanyň iň ýokary kanun çykaryjy guramasynuyň kabul eden 27-nji oktýabrynda 1991-nji ýylda " Türkmenistanyň özbaşdaklygy we döwlet gurluşynyň esaslary" diýilip kabul edilen kanunda soňuna çykyldy. Şeýle taryhy deklorasiýanyň kabul edilmegi türkmeniň taryhyna täze sahypa açyp onuň konstitusion ösmegine täze ýol açdy.

Türkmenistanda häzirki hereket edýän Konstitusiýa 1992-nji ýylyň 18-nji maýynda kabul edildi. Täze 1-nji Konstitusiýanyň kabul edilmegi bilen Türkmenistanda 1978-nji ýylda kabul edilen Konstitusiýa ýatyryldy.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda döwlet ýörelgeleri:

1. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň döwlet ýörelgesi '
2. Gaznaly türkmen döwleti;

3. Köneürgenç türkmenleriň döwleti;

4. Magtymguly eýýamynda türkemniň syýsy we jemgyýet gurluşy;

5. Orta Aziýa respublikalarynyň milli döwlet bölünşigi we TSSR-iň öremegi;

6. ürkmenistany SSR-niň Konstitusiýa ösüş ýoly;

7. Özbaşdak we Garaşsyz döwletiň döremegi;

8. Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasy;

9. Türkmenistanyň döwlet gurluşy;

10. Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi;

Türkmenistanyň Konstitusýasyna uly üýgtgeşmeler girizildi. Türkmenistanyň täze mazmundaky Konstitusiýasy Türkmenistanyň ähli halkynyň giňden gatnaşmagy bilen işlenilip taýýarlanyldy we hukuk, dünýewi döwletiň esaslaryny berkitmek, jemgyýeti mundan beýläkde demokratiýalaşdyrmak, ýurdymyzda amala aşyrylýan syýasy, durmuş, ykdysady, ylmy we medeni özgertmeleriň kanunçylyk taýdan düzgünleşdirmekligi üpjün etmek, milli hukuk ulgamyny hemmeler tarapyndan ykarar edilen halkara ölçeglerine laýyk getirmek maksady bilen kabul edildi.

Konstitusion özgertmäniň tebigy dowamy ýurdumyzyň milli kanunçylygynyň bütin toplumyny döwletiň esasy kanunynyň düzgünlerine we halkara hukugynyň kadalaryna laýyk kämilleşdirmegiň tapgyry bolar.

Konstitusiýanyň 2 bölümi adamyň we raýatyň Türkmenistanda kepillendirilýän hukuklary we azatlyklary hakyndaky düzgünleri öz içine alýar.

Halkara bileleşiginiň doly hukukly agzasy bolup, Türkmenistan özüniň garaşsyzlygynyň ürli ýyllarynda BMG-nyň adam hukulary babatynda esasyny duzýän Konwensiýalara goşuldy, olar gatnaşyjy – döwletleri bu möhüm ugurda milli standartlary halkara ülňiler bilen deňeşdirip ölçemäge borçlandyrýar.

Görkezilen bilim halkara – hukuk kadalarynyň implementasiýasy bilen baglanyşykly belli bir täzelikleri hem öz içine alýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda onuň hemişelik bitaraplyk halkara – hukuk derejesiniň kanunçylyk taýdan

berkidilmegi döwletimiziň daşary we içeri syýasatynyň türkmen jemgyýetinde amala aşyrylýan demokratik özgertmeleriň binýady bolup durýar.

Jemgyýetiň döwletiň ösegi, kämilleşmegi hokmay kanunylykdyr. Şonuň esasynda öňki jemgyýeti döwleti dolandyryşlar täze talaplara laýyk gelmeýär. Häzire çenli kostitusion dolandyryşda kanun çykaryjylyk iki deňhukukly döwlet ýokary guramasyndan durýardy. Halk maslahaty we mejlis. Halk maslahatyna has uly hukuk berilýärdi. Halk maslahaty hemme döwlet häkimligiň "koordinatory" – doladyryjysy guramasy diýilip bellenýärdi. Emma döwlet dolandyryşda şeýle mejlisiň hukugyny bellei bir derejede kemelýärdi. Dünýä tejribesine 3 kämillik döwlet dolandyryş, tejribesine laýyk gelýärdi. Şonuň üçin hem Mejlisiň, ýokary döwlet häkimlik derejesini belli bir derejede peseldýärdi. Şonuň üçin hem soňky geçirilen mejlisleriň netijesinde, halk maslahaty, döwletiň ýokary guramasy höküminde ýatyryldy. Şeýlelikde Türkmenistan döwletiniň bazar ykdysady gatnaşyklaryna geçmeklikde ýokary häkimlik guramasy mejlisiň ähmiýeti ulaldyldy. Bu bolsa ýokary kanun

çykaryjy häkimlik döwlet guramasynyň ähmiýeti hashem artdyryldy.

Soňky döwürde geçirilen Konstitusion reformalar esasynda mejlisiň amala aşyrýan wezipeleri has hem giňeldildi. Türkmenistan döwlet dolandyryşy Prezident dolandyryş respulikasy bolany sepäli Prezidentiň aýry-aýry meseleler boýunça kanun çykaryjylyk funkisiýalary ulaldyldy. Emma şeýle kabul edilýän hukuk kadalary, hokmany mejlisiň tassyklamagy şerti bilen. Emma esasy meseleler barada konstitusiýa kabul etmek, ňoa üýtgetmeler girizmezlik, jeneýat, administratiw, kazyýet önümçiligine degişli meseleler ýaly hukular diňe mejlisiň wezipeleri girýär diýilip goldanyldy. Sebäbi hazirki döwürde, ýokary kanun çykaryjy guramanyň ähmiýeti dünýä möçberinde ösmegi, kämilleşmegi talap edýär. Häkimlik diýilen mesele has çylşyrymly, uly ähmiýetli problema. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň häzirki hereket edýän Konstitusiýasynda özbaşyna aýratyn bolup bagyşlanan. Sebäbi döwlet häkimligi bitewi we bölünmezdir.

## Edebiýat


1. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Aşgabat, 2001.
2. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama (ikinji kitap). Aşgabat, 2004.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek – bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.
7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Umumymilli „Galkynyş“ Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007.

**11.** Gurbanguly Berdimuhamedow. „Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy – 2007 ýyl“. Aşgabat, 2007.
**12.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
**13.** Türkmenistanyň konstitusiýasy. Aşgabat, 2007.
**14.** Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyýarlylygy hakyndaky Jarnamasy. Sowet Türkmenistany, 23.08.21990.
**15.** Türkmenistan SSR-inde Prezident dolandyryş formasyna geçmek we Konstitusiýa goşmaçalar we üýtgetmeler girizmek hakyndaky kanun. 11.11.1990. kabul edilen Türkmenistan SSR-niň kanuny. Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň wedomostwalary, 1990.№ 19-20.
**16.** Türkmenistanyň özbaşdaklygy weç döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky Konstitusion kanun. Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň wedomostwalary. 1991.№ 1.
**17.** Türkmenistanyň Prezidenti hakyndaky kanuny. 4.07.2007.
**18.** Türkmenistanyň Prezidentiniň at-abraýyny we mertebesini goramak hkyndaky Türkmenistanyň kanuny. Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň maglmatlary. 1991.№ 16.
**19.** Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hakyndaky kanuny. 24.11.1995.
**20.** Türkmenistanyň daýhan birleşikleri hakyndaky kanuny. 30.03.2007.

**21.** Türkmenistanyň daýhan hojalyklary hakyndaky kanuny. 30.03.2007.
**22.** Türkmenistanyň döwlet serheti hakyndaky kanuny. 01.10.1993.
**23.** Türkmenistanyň döwlet sylaglary hakyndaky kanuny. 7.12. 2005.
**24.** Türkmenistanyň geňeşleri hakyndaky kanuny. 24.11.1995.
**25.** Türkmenistanyň halk wekilleriniň saýlawlary hakyndaky kanuny, 14.12.2002.
**26.** Türkmenistanyň häkimler hakyndaky kanuny. 24.11.1995.
**27.** Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary hakyndaky kanuny. 7.12.2005.
**28.** Türkmenistanyň kärhanalary hakyndaky kanuny. 15.11.2000.
**29.** Türkmenistanyň Raýat kodeksi. Aşgabat 1997.
**30.** Türkmenistanyň suw kodeksi. 25.10.2004.
**31.** Türkmenistanyň tokaý kodeksi. Aşgabat.12.04.1993.
**32.** Türkmenistanyň ýer kodeksi. Aşgabat. 25.10.2004.
**33.** Ýegen Atagarryýew, M.Annanepesow Türkmenistanyň taryhyndan materiallar (X-XVII asyrlar), (XVIII-XX a. başlary). Aşgabat-1995.
**34.** O.Berdiýew „Dokuz aýlap Owganystanda“. Ylym neşirýaty, Aşgabat-1997.
**35.** Edmond Donowan, Merw. Ruh neşirýat. Aşgabat-1998.
**36.** W.A.Tugan-Mürze-Branowskiý, Ruslar ahaltekede (1879), Ýurt neşirýaty. Aşgabat-1993.
**37.** Türkmenistan SSR-niň taryhy. Jilt 1. kitap 2. Aşgabat-1960.

**38.** Türkmenistan XIX- XX ýüzýyllyklaryň sepgidinde. Okuw gollanmasy. Aşgabat-1998.
**39.** Türkmenistanyň taryhy. Okuw gollanmasy. 1 bölüm. Aşgabat-1992.
**40.** Türkmenistanyň taryhy boýunça Hrestomatiýa. Aşgabat-1992.
**41.** Агаджанов С.Г. Ногайцы и туркмены: исторические и этнокультурные связи. Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň (YA) habarlary. 1992. № 3.
**42.** Брегель Ю.Э. Хорезмские туркмены в XIX в. М. 19961
**43.** Ломакин. Обычное право туркмен. Ашхабат. 1993.
**44.** Марков Г.Е. Очерки истории формирования северных туркмен. М. 1961.
**45.** Хрестоматия по истории политики и права. М. 2000.
**46.** З.М. Черниловский. Всеобщая история государство и права. М. 1999.
**47.** З.М. Черниловский. История государство и права. М. 1973.
**48.** З.М. Черниловский. Хрестоматия по всеобщей истории государство и права. М. 1973.
**49.** Язлыев Ч. Туркменская сельская община. Ашхабат. 1992.
**50.** А.Хайтлиев. Уголовного обычное право туркмен. Ашхабат. 1986.

# MAZMUNY

Giriş...........................................................................7

Döwletiň we hukugyň döreýşi barada nazarýetler.......12

Gökdepe söweşi dowürlerde türkmenleriň döwlet syýasayty..........................................................................17

Türkmenleriň adat hukugy.........................................24

Beýik Saparmyrat Türkmnenbaşynyň döwlet öwlet ýörelgesi.........................................................................40

Beýik Parfiýa döwleti................................................42

Türkmenistanyň Bitraplyk derejesi...........................53

Türkmenistanyň daşary bitarap syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň kesgitlenilmegi..................................64

Bitarap Türkmenistan sebitde ylalaşdyryjy merkez hökmünde.....................................................................68
Seljuk türkmen döwleti..............................................76

Osmanly türkmen döwleti........................................98

Osman hukugynyň adatdaky häsiýeti......................104

Adat hukugy we kanun...........................................105

Beýik Hun döwleti................................................108

Uildiziň Rima garşy syýasaty..................................112

Garagoýunly we akgoýunly türkmen  döwleti..........116

Garagoýunly ulusynyň Günbatar Aziýa ýurtlarynda ornaşyşy we syýasy taýdan ýokary göterlişi.............118

Emir Teýmiriň basybalyjlykly ýörüşlerine garşy Garagoýunlylaryň baştutanlygyndaky watançylyk hereketi. .......................................................................122

Türkmen emiri Gara Ýusubyň we onuň ogly Iskenderifi teýmirler bilen uruşlary .........................128

Türkmenleriň Rusiýa birikdirilenden soňky jemgyýetçilik-syýasy gurluşy...................................139

Ota aziýa respublikalarynyň milli döwlet bölünişigi we türkmenistan ssr-niň döremegi...........................148

Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň jar edilmegi.........159

Türkmenistan SSR-niň Konstitusiýanyň ösüş ýaly...167

Türkmenistanyň döwlet gurluşy.. ...........................179

Garaşsyz Türkmenistanyň Konstitusiýasy...............188

Edebiýat .........................................................................195